REWO

# SENIŇ MALIÝE REWOLÝUSIÝAŇ

## Strategiýanyň güýji

LÝU

GERI KISI

SIÝAŇ

Isa Mesihdäki mähriban dostumlarymyz we joralarymyz!

Biz şu okuw toplumynyň sizi ýalkamagy we kuwwatlamagy üçin dileg edýäris. Şu toplumy dost-ýarlaryňyz, maşgala agzalaryňyz we ýygnagyňyz bilen arkaýyn paýlaşyp bilersiňiz. Şeýle-de siz ene diliňizde elýeter bolan goşmaça elektron materiallary we has köp okuw toplumlaryny mugt indirmek üçin **FLNFree.com** saýtyna girip bilersiňiz. Hudaý sizi söýýär. Onuň durmuşyňyz üçin ajaýyp meýilnamasy bar! Biz Hudaýyň Şalygynyň nähili hereket edýändigini öwrendik we bu biziň durmuşymyzy diýseň özgertdi. Biz siz babatda hem şeýle boljakdygyna ynanýarys!

Isa Mesihiň söýgüsi bilen

Gari we Drenda Kisi



P.S. Ene diliňizdäki goşmaça elektron materiallary we has köp okuw toplumlaryny mugt indirmek üçin **FLNFree.com** saýtyna hökman girip görüň.

# SENIŇ MALIÝE REWOLÝUSIÝAŇ

Strategiýanyň güýji

## GERI KISI

***Your Financial Revolution, The Power of Strategy,*** **Turkmen**

Copyright © 2022 by Gary Keesee
Originally published in English
Copyright © 2019 by Gary Keesee
ISBN: 978-1-945930-14-0

Gary Keesee Ministries,
P.O. Box 779, New Albany,
OH 43054, USA

GaryKeesee.com

This book is a FREE GIFT from Gary Keesee Ministries and is
NOT FOR SALE

***Seniň maliýe rewolyusiýaň. Strategiýanyň güýji,*** **türkmen dilinde**
© 2022, Geri Kisi

Ilkibaşda iňlis dilinde çap edilen
© 2019, Geri Kisi
ISBN: 978-1-945930-14-0

Geri Kisiniň hyzmaty,
P/G 779, Nýu Albany,
Ogaýo 43054, ABŞ

GaryKeesee.com

Bu kitap Geri Kisiniň hyzmatyndan sowgat we **SATUWA DEGIŞLI DÄL**

“Seniň maliýe rewolýusiýaň” atly toplumynyň üçünji kitabynda Geri Kisi öz üstünliginiň iň wajyp bölegininiň birini we Hudaýyň Şalygynyň IŇ WAJYP syryny – strategiýanyň güýjini açýar! Tory haýsy ýere oklamalydygyny bilýän islendik adam balygy tutup bilýär. Size gerek jogaplar Hudaýda bar, ýöne siz bu jogaplary nädip eşitmelidigine we olary öz durmuşyňyzda nädip ulanmalydygyna düşünmelisiňiz. Şu kitap hut şol barada.

# BAGYŞ ETME

*Men bu kitaby aýalym Drenda bagyş edesim gelýär, çünki onuň goldawy, Hudaýyň işlerine bolan yhlasy, maşgalymyza we maňa bolan söýgüsi meni ähli ýyllaryň dowamynda ruhlandyryp gelýär. Biz arzuwlaryň hökman hasyl bolýandygyny bilelikde subut etdik!*

– Geri Kisi

# MAZMUNY

Giriş . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 7

**1-nji bap.** Sen bizden näme isleýärsiň? . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 19

**2-nji bap.** Şalyk . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 33

**3-nji bap.** Haýran galanlar . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 41

**4-nji bap.** Esasy zat: şonsuz öýden çykmaň . . . . . . . . . . . . . . . . . . 57

**5-nji bap.** Mukaddes Kitapdaky şaýatlyklar . . . . . . . . . . . . . . . . . . 75

**6-njy bap.** Nämälim dillerde hemmeler dileg edýärmi? . . . . . . . . 85

**7-nji bap.** Hazynaly sandyk . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 97

**8-nji bap.** Öňegidişlige sebäp bolýan kynçylyklar . . . . . . . . . . . . 115

**9-njy bap.** Mylaýym, pessaý ses . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 125

**10-njy bap.** Görnüşler we düýşler . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 139

**11-nji bap.** Mukaddes Ruh meniň başlygym kimin gürleýär . . . . 151

**12-nji bap.** Dilegi nädip etmeli we Mukaddes
Ruha nädip çümdürilmeli . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 165

Bellikler . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 167

# GIRIŞ

“Seniň maliýe rewolýusiýaň. Strategiýanyň güýji” – bu “Maliýe rewolýusiýasy” atly kitaplar toplumyndaky kitaplaryň üçünjisidir. Bu toplum jemi bäş kitapdan ybarat bolup, ol 2005-nji ýylda Albaniýada geçiren konferensiýamyň giňişleýin görnüşidir. Meniň durmuş ýörelgäm hut şol konferensiýada düýpgöter özgerdi. Eger siz bu wakany ozal eşiden bolsaňyz, onda girişi okaman, gönüden-göni birinji baba geçip bilersiňiz. Ýöne eger eşitmedik bolsaňyz, onda size mawy öwüşgin barada gürrüň bereýin. Siziň: “Mawy öwüşgin? Ol näme zat?” diýip soramagyňyz ahmal. Siziň soragyňyz düşnükli zat. Men hem ony ilkinji gezek görenimde, onuň nämedigini bilmeýärdim. Ýöne Hudaýyň güýji şeýle güýçli bolany üçin, men onuň Hudaýdan bolýan zatdygyna düşünýärdim. Size şol wakany gürrüň bereýin.

Aýalym ikimiz öz durmuşymyzy bergiden başlap, uzak dokuz ýylymyzy bergi içinde ýaşadyk. Bu ýöne bir bergili durmuş bolman, eýsem, pul we onuň bilen bagly bolan gorkulardan we sarsgynlyklardan doly jebir-jepaly durmuşdy. Biz öz durmuşymyzy maliýe taýdan weýran etmegi niýetlemesek-de, hut şeýle edýärdik. Biz adaty ýangyç guýulýan stansiýadaky ýönekeýje kredit kartasyndan başlapdyk, soňra bir Visa kartyny, soňra Visa kartynyň onlarçasyny edindik. Biz Visa karty boýunça tölegi amal edip bilmedik ýagdaýymyzda, öz töleglerimizi birleşdirmek üçin, maliýe kompaniýalaryndan uly göterimli – 28%-33%-e çenli göterimine puly karz alýardyk. Ýöne soňra ýene-de gidip, kartlarymyzy ulanýardyk, bergimiz bolsa köpelýärdi! Netijede, biziň çäklendirmesi doly saýlanylan kredit kartlarymyzyň onusy, maliýe guramalaryndan alnan üç karzymyz, salgyt gullugynyň haýryna girewe goýlan onlarça müň dollarlyk bergimiz, şeýle-de köp sanly ownuk bergilerimiz bardy. Biz öz diş lukmanymyza,

eşik tämizleýjä, ene-atalarymyza bergilerimiz bardy, biz iki maşynymyzyň bergisini üzmelidik we jaýymyzyň kireý puluny tölemelidik.... Sanaw munuň bilen tamamlanmaýar. Biz şol wagt komission töleglerine ýaşaýardyk we sarsgynlyklar meni halys edipdi. Men dowla düşýärdim, şonuň üçin-de maňa antidepressantlar bellenilýärdi, olaryň bolsa haýry degmeýärdi.

Biziň ähli zatlarymyz döwük-ýenjikdi. Biziň maşynlarymyzyň geçen menzil aralygy 200 000 milden geçýärdi. 300 dollara kireýine ýaşaýan jaýymyz 1856-njy ýylda gurlan ferma jaýydy, ol könedi, köp kynçylyklary bardy. Köne penjireleriniň köpüsi döwükdi; olary bejermäge pulumyz bolmansoň, biz jaýryklary skoç bilen ýelmeýärdik. Ýöne bu hem ýeterlik däldi. Penjiräniň çarçuwalaryndaky jaýrykdan üzüm agajynyň şahasy jaýyň içine ösýärdi. Meniň aýalym Drenda üzüm şahalaryny timarlap, olary hamala jaýyň bezegi ýaly edip goýýardy. Ogullarymyzyň ýatak jaýyndaky halyçany ýol ugrundaky zibilhana üýşmeginden tapyp alypdyk. Olaryň ýatýan düşekleri gartaşan adamlaryň öýünde zyňylmaga goýlan üýşmekden alnypdy. Mebeliň her biri haýsydyr bir garaž satuwyndan ýa-da kimdir biriniň zibilhana üýşmeginden alnandy.

Her gün irden maşgalany eklemek baradaky pikirler bilen oýananyňda, durmuşa şatlanmak örän kyn boýar. Gorky meni öz penjesinden sypdyranokdy, şatlyk bilen umyt bolsa güzerany zordan aýlamagyň içinde ýitip gidýärdiler. Drenda ikimiz şeýle ýagdaýda uzak dokuz ýyl ýaşadyk! Uzak dokuz ýyl! Bir aýlap ýa-da hiç bolmanda bir ýyllap şeýle ýaşamagy göz öňüne getirip bolýar, ýöne dokuz ýyly däl gerek? Dokuz ýyllap dowam edýän şeýle dartgynlykdan soň sen emosional taýdan halys ýadaýarsyň we sabyr-takaty ýitirýärsiň.

Biz şol dokuz ýylyň bütin dowamynda mesihidik we uly ýygnaga gatnaýardyk; bu ýygnakda Hudaýyň Öz halky üçin garyplygy niýetlemändigi baradaky taglymy öwredýärdiler. Biz 1/10 bölegi we sadakalary ýygy-ýygydan berýärdik, ýöne biziň maliýe ýagdaýymyza garanyňda, şeýle taglymyň we Hudaýyň Sözündäki wadalaryň hakykatdygyna o diýen bir meňzemeýärdi. Meniň Köne Äht boýunça ylym derejäm bardy, Mukaddes Kitaby öwrenmek mekdebinde bir ýyldan gowurak wagt bilim alypdym.

Men haýsydyr bir zadyň bolmalysy ýaly däldigine düşünýärdim, ýöne hemme zat wagtyň geçmegi bilen düzeler diýip pikir edýärdim. Ýöne bu uzak dokuz ýylyň dowamynda hiç düzelmeýärdi. Algydarlarymyz her gün diýen ýaly jaň edýärdiler we Drenda ikimiz ähli umydymyzy ýitirdik diýse-de bolýardy.

Bulardan başga-da, saglyk ýagdaýym meni horlaýardy; lukmanlar mende diabetiň başlangyç alamatlarynyň ählisiniň bardygyny aýdýardy. Pul ýokdy, kredit kartlarymyň bary ýatyrylypdy, öýde iýmäge-de zat ýokdy. Gorky meni şeýle bir gysýardy welin, men hatda öýden-de çykmaga gorkýardym. Meniň aýalym eýýäm aňynda çagalar bilen atasy öýüne göçmegi meýilleşdirýärdi, sebäbi ol adamsyny ýitirýär diýip oýlaýardy. Emma hut şu ýerde, iň çökgün ýerinde, meniň durmuşym düýpgöter özgerdi. Maňa aklawçy dyngysyz jaň edýärdi we men oňa tölegimi etjekdigimi hemişe söz berýärdim, özüm-de muňa çyn ýürekden ynanýardym, ýöne tölemäge hiç pulum ýokdy. Ine, günleriň birinde onuň sabyr käsesi doldy-da: "Siz ýa üç günüň dowamynda töleýärsiňiz ýa-da men öz müşderimiň hakyny almak üçin işiňizi kazyýete berýärin" diýdi. Şol pursat men sypjyklygymyň tamamlanandygyna aň ýetirdim. Meniň pulum ýokdy we hatda maşgalam-da bize indi bize pul bermez. Men lapykeç halda basgançakdan galyp, kiçijek ýatak otagymyza girdim-de, krowadymyz ýüzin düşüp, Hudaýy çagyryp başladym. Geň zat, ýöne Ol şobada jogap berip, meniň ruhuma sözledi. Birinjiden, Ol maňa Filipililere hatyndan ozal ençeme gezek eşiden we okan aýadymy (4:19) ýatladyp goýberdi.

*"Şöhratly Hudaýym Öz baýlygy bilen siziň, ýagny Isa Mesihe degişli bolanlaryň ähli mätäçlikleriniň öwezini dolar".*

"Men Mukaddes Ýazgynyň bu ýerini, elbetde, bilýärin, - diýip Rebbe jogap berip, sözümi dowam etdim: - Ýöne bu meniň durmuşymda amal bolanog-a. Meniň mätäçliklerimiň biriniň-de öwezi dolunmaýar". Reb maňa jogap berip, şeýle diýdi: "Seniň kynçylyklaryňa dahylly ýerim ýok. Sen Meniň Şalygymyň nähili hereket edýändigini bilmeýänligiň zerarly

şeýle ýagdaýa düşüp ýörsüň" diýdi. Ol maňa ýene-de birnäçe zatlary diýdi we men Onuň aýdýanlarynyň asyl manysyna düşünip galdym: bergiler Onuň maňa niýetlän durmuşy däldi. Hudaýdan eşidenlerim kalbymy sarsdyrsa-da, Onuň Şalyk babatdaky aýdýanlaryna doly düşünmändigimi boýun alaýyn. Meniň ylahyýet bilimim bardy we Mukaddes Kitaby ýeterlik derejede oňat bilýärin diýip hasaplaýardym, ýöne ýalňyşýandygym mesemälimdi. Bu sözleri eşidenimden soň ilki bilen eden zadym – Drendany tapyp, toba edip, şeýle durmuşy döredenligim üçin ondan ötünç soradym. Soňra ikimiz dileg edip, Hudaýdan Onuň Şalygynyň nähili hereket edýändigini bize öwretmegini haýyş etdik. Biz karzlara bil baglanymyz üçin toba etdik we mundan beýläk karzlary durmuş ýörelgämiz hökmünde kabul etmejekdigimizi karar etdik. Ýöne ylahyýet bilimimiň bardygyna garamazdan, şol döwürde Hudaýyň Şalygy meniň üçin tapmaça ýaly bir zatdy. Täze Ähtde "Şalyk" sözüniň ýeke-täk agzalýan ýeri hökmünde aňyma "Eý, Gökdäki Atam" diýen dilegdäki ýeri aňyma geldi.

> *"Patyşalygyň gelsin! Gökde bolşy ýaly, ýerde-de Seniň islegiň amala aşsyn!" (Mat. 6:10).*

Biz dogrudan-da Hudaýyň bize aýtjak bolýan zalaryna düşünmändiris, ýöne biz Ony agtaryp başlanymyzda, Ol bize öwredip başlady. Ilki bilen Şalygyň nämedigine we Hudaýyň näme üçin bu adalgany ulanýandygyna düşünmelidik. Ol bize näme diýmekçi bolýar? Käbir seljermeleri geçirenimden soň, men Şalygyň ýöne bir adamlar toplumy däldigini ýüze çykardym. Bu hökümetiň we patyşanyň ygtyýarynda ýaşaýan adamlar topary. Aslynda, "şalyk" sözi patyşanyň ygtyýaryny aňladýar. Patyşanyň hökümdarlygy ýa-da onuň ygtyýary we kanunlary onuň hökümeti arkaly ýurdunda ýaşaýan raýatlarynyň her birine degişli bolup durýar. Şunlukda, şu ýerde maňa esasy pikir mälim boldy: Hudaýyň Şalygy – bu hökümet.

Hökümetleriň bolsa kanunlary bar!

Görşüňiz ýaly, men hem mesihileriň köpüsiniň edişi ýaly, Hudaýyň aýdýanlaryna doly düşünmän, Onuň mümkinçilikleri babatda ýalňyş pikir edýän ekenim. Ol Hudaý bolany üçin islän zadyny islän wagtynda edip

bilýär diýip oýlaýardym. Siz kitabyň şu ýerine ýeteniňizde, bulary okap, meniň mamla däldigimi aýtjakdygyňyzy bilýärin, ýöne sözümi dowam etmäge ygtyýar ediň. Hudaý islän zadyny islän wagtynda edip bilýändigine ynananlygym üçin, men jogapsyz galdyrylan dileglerimi Hudaý tarapyndan ret edilen dilegler hökmünde kabul edýärdim. Dilegler babatdaky bu aýdyňsyzlyk meni Ol haçan hem bolsa bir wagt jogap berer diýip umyt etmäge mejbur edýärdi. Şunlukda, meniň dileg durmuşymyň aglaba bölegi dileg edip ýalbarmakdan we ýagdaýym Hudaýyň ünsüni çeker ýaly derejede çynlakaý ýaňlanýandyr diýen umydy bilen Onuň rehim-şepagatyna bil baglamakdan ybaratdy. Ýöne Hudaý Onuň Şalygynyň kanunly hökümetdigini, bu kanunlary öwrenip, olary ulanyp bilýändigimizi maňa öwredip başlanda, muňa begendim. Men Isa Mesihe gelmek bilen, Onuň beýik Şalygynyň mirasdaşy we raýaty bolandygyma aň ýetirdim.

> *“Şeýlelikde, eý, ýahudy däller, siz mundan beýläk keseki-de, gelmişek-de dälsiňiz. Siz indi Hudaýyň mukaddes halkynyň raýatysyňyz we Hudaýyň maşgalasynyň agzasysyňyz” (Efes. 2:19).*

Men Mukaddes Ýazgynyň şu aýadyny okap, pikire batyşym ýadyma düşýär: “Onuň Şalygynda meniň kanuny hak-hukuklarym bar! Beý-bä, bularyň bary şeýle ap-aňsat bolup bilýärmi näme? Birleşen Ştatlaryň raýaty bolmak bilen, men raýat hökmünde özüme eýýäm degişli bolan zatlary almak üçin ýalbarmaly däl. Men özümiň raýatdygymy subut etmek üçin galpyldamaly däl. Men şu ýerde doguldym. Men Hudaýyň Şalygynda gaýtadan doglanymda, Onuň Şalygynyň raýatlygyny kabul etdim. Bu bolsa Onuň Şalygynyň kanunlarynda ýazylan kanunlarynyň we artykmaç hak-hukuklaryň ählisine haklydygymy aňladýar”. Hudaý bularyň baryny maňa görkezip başlanda, dünýäm düýpgöter özgerdi. Mesihileriň köpüsi ýaly, Drenda ikimiz Şalyga we onuň kanunlaryna düşünmändiris.

Mesihileriň aglaba bölegi kyn döwürleri başdan geçirenlerinde köplenç: “Hudaý muňa ýol berýär, Hudaý gowusyny Özi bilýär, Hudaý ähli zady gözegçilikde saklaýar ýa-da Hudaý islänini edýär” diýýärler. Şeýle jümleler Hudaýyň jogap bermäge güýjüniň bardygyna, ýöne muny islemeýändigine

ýa-da muňa gatnaşmak islemeýändigine ynanýandyklaryndan habar berýär. Hudaý babatdaky bu ýalan pikirler Onuň tebigatyny bilmezligiň we Onuň Şalygynyň işleýşine düşünmezligiň netijesinde döreýär.

Aýdýan zatlarymy mysallar arkaly düşündirmäge ygtyýar ediň. Eger bankda milliard dollaryňyz bolsa, siz: “Meniň milliard dollarym bar” diýerdiňiz. Aslynda welin, gürläp duran wagtyňyzda şol milliard dollar siziň jübiňizde ýok. Muňa derek, siziň milliard dollaryňyz haýsydyr bir edarada ýerleşýär, siz şol edaradan puly eliňize almak üçin, belli bir ýuridiki amallara eýermeli bolarsyňyz. Hudaýyň Şalygy hem edil şeýle zat. Hudaýyň öýüniň raýatlary we agzalary bolmak bilen, biz Hudaýyň ähli zatlarynyň mirasdarlary bolýarys. Ýöne kanun boýunça özümize degişli zatlary almak üçin, eýerilmeli belli bir kanunlar we amallar bar.

Adamlaryň aglaba bölegініň Hudaýyň Şalygyna we onuň hereket edýän kanunlaryna, amallaryna düşünmeýändikleri zerarly haýsydyr bir zadyň Hudaýyň Sözüne gabat gelmeýän ýagdaýlarynda bu babatda özlerini däl-de, Hudaýy günäkärleýärler.

Men, ine, şuny ýüze çykardym. Siz Impaýer State binasyndan bökmekçi bolýarmyşyňyz diýeliň. Siziň ne paraşýutyňyz, ne-de başga bir enjamyňyz bar, ýöne siz elleriňizi güýçli galgatsaňyz, aşaga howpsuz düşüp bolar diýen ynamyňyz bar. Şeýle akmak hereketiň nähili tamamlanjakdygyny bilýänsiňiz diýip pikir edýärin. Sebäbi siz ýeriň dartyş güýji baradaky bütindünýä kanunyny bilýäňiz· Bu kanunyň obýektiwdigini, ileritutumlarynyň ýokdugyny we her gezek hemişekisi ýaly hereket edýändigini bilmek bilen, siz şeýle akmak hereketiň netijesine gözüňiz ýetip durandyr· Edil şeýle tärde, siz toguň düwmesine basanyňyzda, çyranyň ýanmagyna garaşýarsyňyz, sebäbi elektrik togunyň kanunlaryna düşünýärsiňiz· Men uçarda uçanymda, onuň uçmagyna garaşýaryn, sebäbi ýokary göteriji güýjüň kanunlaryna düşünýärin. Uçar we çyra babatda garaşýanlarymyz her gezek ýerine düşýär, sebäbi olaryň hereketi kanunlara esaslanýar; bu kanunlary öwrenip, soňra öňküsi ýaly netijeleri yzygiderli ýagdaýda almak we şol bir funksiýalary ýerine ýetirmek üçin ulanyp bolýar. Hudaýyň Şalygy babatda hem ynamlylygyň şeýle derejesini ulanyp bolýar.

*Biz Hudaýa bil baglaýarys, sebäbi Onuň yradasyna görä näme dilesek, dilegimizi eşidýändigini bilýäris. Onuň ähli dileglerimizi eşidýändigini bilýän bolsak, Ondan dilän zadymyzy aljakdygymyzy-da bilýändiris.*

– 1 Ýohanna 5:14, 15

Biziň ynamlylygymyz, ine, şundadyr. Eger biz haýsydyr bir zady Hudaýyň yradasyna görä dileýän bolsak, Onuň bizi eşidýändigini bilýäris; eger Onuň bizi eşidýändigini bilýän bolsak, onda Ondan dileýän zadymyzy alýandygymyzy bilýäris. Düşünýäňizmi, men netijäniň nähili boljakdygyny anyk bilýärin, sebäbi bu kanuny Patyşanyň hut Özi kesgitledi. Şeýle-de Ol Öz kanunyny goldamagy meýilleşdirýär. Mukaddes Ýazgyda Onuň bizi eşidýändigi barada aýdylanda, bu Onuň sözlerimizi akustiki taýdan kabul edýänligini aňlatman, gaýtam karary çykarmak üçin, kazynyň meseläniň diňleýşini ýada salýar. Kazy meseläni seljerende öz şahsy duýgularyna däl-de, şalygyň raýatlarynyň bähbidiniň hatyrasyna kanunyň berjaý edilmegine esaslanýar. Men kazylyk seljermesi heniz başlamanka, onuň nähili tamamlanjakdygyny bilýärin.

Drenda ikimiz Hudaýyň Şalygynyň kanunlaryny öz durmuşymyzda ulanyp başlanymyzda, onda täsin zatlaryň amal bolşunyň şaýady bolduk. Biz takmynan iki ýarym ýylyň dowamynda bergilerimizi doly üzdük. Biz “Happy Meal” naharyny üç çagamyza bölüp bermek ýagdaýyndan täze ulaglary nagt pula satyn almak we tölegi doly geçirilen 55 akr (22 gektar) ýerde arzuwlaýan jaýymyzy bina etmek derejesine ýetdik. Biz kompaniýalaryň düýbüni tutduk, olar köp ýylyň geçendigine garamazdan, heniz-de her ýyl ýüzlerçe müň dollar sap girdejini getirýärler. Soňra biz Hudaýyň Şalygy barada bilenlerimizi beýleki adamlar bilen paýlaşmak üçin, dogduk şäherimizde ýygnagyň düýbüni tutduk. Şonda biz köp adamlaryň biziň bilen zatlarymyzy bilmek isleýändigini we Hudaýyň Şalygynyň teklip edýän bolelin durmuşynda ýaşamak isleýändigini ýüze çykardyk. Hudaýyň Şalygy baradaky Hoş habar arkaly ýygnaga gatnaşýan adamlaryň sany birnäçe müňe ýetdi.

Hudaýyň Şalygy barada diňlemek isleýänlere günde gürrüň

berýändigimize garamazdan, men täze tejribe edinmek üçin, ozal bu barada asla eşidip görmedik adamlaryň toparyna ýüzlenesim geldi. Men adamyň Hudaýyň Şalygyna düşünişine görä onuň durmuşynda boljak özgermeleri görmek we Şalyk baradaky bilimiň esaslaryny oňa ýetirmek üçin bir çykyşyň ýeterlik bolmajakdygyny bilýärdim. Meniň pikirimçe amal bolup biläýjek konsepsiýa metodist ýygnakdaky terbiýeçilik işindäki tejribämden döräpdi. Men ýaşkam, ýygnagymyzda öýlänlerine galkynyş hepdelikleri geçirilýärdi. Şonuň üçin-de, men maliýe galkynyş hepdeligini geçirmegi arzuwlaýardym. Men şeýle duşuşyklaryň bäş gün dowam ederini göz öňüne getirýärdim. Men Hudaýyň Şalygy baradaky taglymy ozal şeýle formatda öwretmändim we şeýle çäräni gurap biljegim-bilmejegim barada oýlanýardym. Şol bir wagtyň özünde-de bu bäş sapagyň diňleýjilere nähili täsir etjekdigi meniň üçin gyzyklydy· Men şeýle okuw toplumyny geçirmek üçin dileg edip başladym we Hudaýdan şeýle mümkinçiligi döretmegini diledim· Meniň niýetim bu habary Şalyk barada ilkinji gezek eşidýän adamlara ýetirmekdi.

Günleriň birinde men Albaniýada missionerlik işi bilen giden dostuma duşdum. Biz ýygnagyň we hyzmatyň köp taraplary barada gürrüň etdik; gürrüňiň ahyrynda men Hudaýyň maňa görkezýän zatlaryny aýdyp berdim· Larri her ýyl Albaniýada umumymilli missionerlik konferensiýasyny geçirýärdi; şol ýylyň güýzünde geçirjek konferensiýasyna ol meni hem çykyş etmäge çagyrdy· Men oňa bäş sapak geçirmek baradaky arzuwymy aýtmandym, ýöne ol maňa üç sapagy geçirip bilýändigini aýdanda, muňa diýseň begenipdim. Ol diňe özümiň däl, eýsem beýleki çopanlaryň hem ýol çykdajylaryny özümiziň tölemelidigini mälim etdi, sebäbi şol döwürde Albaniýa örän garyp ýurtdy· Men razylaşyp, Albaniýa 2005-nji ýylyň güýzünde gitmegi meýilleşdirdim·

Sapara gitmeli wagtymyz ýetip geldi; men mesihi bolmaklygyň nämedigini ýaňy-ýaňy öwrenip başlan adamlara Hudaýyň Şalygy barada öwredip biljekdigime tolgunýardym. Men Albaniýa baryp ýetenimde, Larri howa menzilinde öňümden çykyp, bir spikeriniň öz çykyşyny goýbolsun edendigini, meniň bolsa indi bäş sapagy geçirmelidigimi aýtdy. Men munuň Mukaddes Ruhuň gurnandygyny bilýärdim! Mende üç sapagyň

bellikleri bardy, ýöne men dileg edip, tizara ýene-de ikisini ýazdym. Men adamlaryň muňa nähili seslenjekdigi babatda biraz howatyrlanýardym. Olar gedaý ýaşaýardylar, ýurt bolsa parahorluga batypdy.

Men birinji sapagyň dowamynda olaryň biraz ýaýdanýandygyny gördüm, ýöne Hudaýyň maňa öwredenlerini olara öwredip başlanymda, öwredýänlerimi tassyklaýan wakalary gürrüň berenimde, olaryň şatlanyp we ruhlanyp başlaýandygyny gördüm. Dördünji sapagyň dowamynda bolsa olar eýýäm gülýärdiler we eşidýän zatlaryna şatlanyp gygyryşýardylar. Geň zat, ýöne Reb maňa bäşinji sapakda sadaka ýygnamaly diýip aýdýandygyny duýdum. "Geň zat" diýmegimiň sebäbi men bu adamlaryň köpüsiniň şu ýere gelip bilmegi üçin olaryň ýol çykdajylaryny özüm töläpdim we olaryň pul ýagdaýlarynyň juda pesdigini ýa-da pullarynyň bütinleý ýokdugyny bilýärdim. Ýöne biraz oýlananymdan soň, men adamlaryň özleriniň eşidýänlerine görä hereket etmelidigine düşündim. Men bu barada Larrä aýtmaga çekindim, ýöne ol sadaka ýygnamaklyk barada bilen badyna, muny oňlady. Men bu sadakany, elbetde, özüm üçin ýygnamaýardym; ol alban ýygnaklary üçin Albaniýada galmalydy.

Iň soňky sapak gelip ýetdi; men onuň dowamynda imany nädip boşatmalydygyny öwredýärdim, öwreden kanunlarymyň käbirlerini aýdyňlaşdyrýardym. Hyzmatyň ahyrynda sadaka ýygnap başlanymda, ýagdaý meniň gözegçiligimden çykdy. Hudaýyň huzury zaly dolduranda, adamlar gygyryşyp, tans oýnamaga başladylar. Dört adam ýygnagyň öňünde ellerinde sebetleri saklap, aýaklarynyň üstünde zordan saklanýardylar. Adamlar öz sadakalaryny getirenlerinde, olar Hudaýyň huzuryndan ýaňa aglap titreýärdiler. Men şeýle duşuşygy, aýratyn-da sadakalar berilýän tapgyrynda öňde-soňda görmändim!

Biz Larri bilen ýygnakdan çykyp gaýdanymyzda, güýçli meshiň aýan bolşuna we adamlaryň seslenişine haýran galyp gürrüň etdik. Larri bilen öýe dolanyp gelenimizden soň, ol puly gaýtadan sanamak isledi, sebäbi sadaka berlen pul ozal hiç haçan iki haltany doldurmaýan eken. Onuň aýtmagyna görä, ol sadaka bermekligi yglan eden ýagdaýlarynda adatça haltanyň diňe dörtden bir bölegi dolýar eken. Larri haltanyň içindäki sadaka puly myhmanhana jaýyndaky stoluň üstüne dökende, otagyň içi birdenkä

mawy öwüşginden doldy we üstümize mesh indi; men şeýle meshi ozal hiç haçan duýup görmändim. Biz hiç zat edip bilmän, ýöne oturgyja çöküp oturyberdik. Men stoluň üstündäki üýşmege seredenimde, onuň ortasynda bir erkek nika ýüzügini gördüm. Men bu ýüzügiň kimdir biriniň beren sadakasydygyny bilýärdim, onuň puly ýokdy, ýöne ol özündäki bar zadyň baryny beripdi. Men ýüzügi görenimde, Reb maňa gürläp, şeýle diýdi:

“Men seni dünýäniň halklaryna Meniň maliýe ýalkanyşlary baradaky ähtimi öwretmäge iberýärin. Men seni her nirä ibersem-de, çykdajylaryny Özüm tölärin”.

Men bölek-bölek bolýan ýalydym. Men üç günläp hiç uklap bilmedim. Bu mesh edilme ýene birnäçe hepdeläp üstümde galdy. Men başga ýurtdan kimdir birine duşanymda, ýene-de şol mesh edilmäni duýýardym. Sadakalaryň bary alban ýygnaklary üçin galdyrylandygyna garamazdan, men öýe dolanyp gelenimden soň Larri maňa jaň edip, Rebbiň oňa şol ýüzügi maňa bermeli diýip aýdandygyny gürrüň berdi. Meniň inim jümşüldäp gitdi. Men Larrä şol ýüzügi almak islegimi aýtmasam-da, ol bu barada Hudaýdan eşidip, ony maňa iberdi. Men bu ýüzügi Rebbiň maňa aýdanlary baradaky ýatlatma hökmünde saklasym gelýärdi; häzir ol meniň diwarymdan asylgy.

Men öýüme – Ogaýo ştatyna dolanyp gelenimden soň, Ýuta ştatyndaky uly bolmadyk bir ýygnagyň çopany Albaniýada bolan zatlary eşidip, olara sapar bilen barmagymy haýyş etdi. Ol indeý rezerwasiýasynda çopançylyk edýärdi we şol ýerdäki adamlaryň örän garypdygyny gürrüň berdi. Ol öz ýygnagynda bary-ýogy 60 adamyň bardygyny aýtdy, ýöne men muňa garamazdan, olara barjakdygymy habar etdim. Men ol ýerde hem Albaniýada geçiren bäş sapagymy berdim. Men şol gezek mawy öwüşgini görmedim, ýöne güýçli mesh edilmäni ýene-de duýdum.

Şol gezekde men sadakany öz hyzmatym üçin ýygnapdym, şonuň üçin-de men pully sumkanyň syrmasyny syrdym-da, ony ýanym bilen Ogaýo ştatyna getirdim. Iş ýerime baranymdan soň, puly sanap, ony meniň hasabama goýmagy üçin bu sumkany kätip gyza berdim-de,

naharlanmaga gitdim. Nahar wagty meniň telefonym jyňňyrdady, men onuň ýüzünde kätip gyzyň jaň edýändigini gördüm. Men jaňa jogap berenimde, aňry başynda hiç kim gürlemeýärdi. Men telefony goýmakçy bolanymda, göwnüme bolmasa, aňry başynda kimdir biriniň aglaýan ýaly bolup göründi.

— Treýsi? — diýip soradym.

Treýsi duýgularyna erk etjek bolup:

— Çopan, bu pullara Ýutada nämeler boldy? — diýip sorady.

— ‘Pullara näme boldy?’ diýip näme diýmekçi bolýaň?

— Düşünýäňizmi, — diýip, ol söze başlady, — men sumkany açyp, sanamak üçin puly stoluň üstüne dökenimde, birdenkä Hudaýyň huzury üstüme güýçli inip, ýere ýykyldym. Beýleki kätip gyz takyrdyny eşidensoň, nämeleriň bolýandygyny bilmek üçin, öz iş otagyndan çykdy; ony hem Hudaýyň huzury gaplap aldy! Bu pullara näme boldy, çopan?

Men oňa Ýutada bolan zatlary, sadakalary ýygnan pursadymda güýçli huzury duýşumy aýdyp berdim, ýöne şolardan başga zat bolmandy. Dogrymy aýtsam, bolýan zatlar meni gyzykdyrýardy, sebäbi men ozal beýle zatlary görüp-eşitmändim. Men muňa doly düşünmesem-de, ýygnakda aýan bolan huzuryň şu pullara siňendigi mese-mälimdi! Dogrudan-da!

Biz “Maliýe özgerişligiň konferensiýalaryny” bütin ýurtda – uly we kiçi ýygnaklarda, garaz, bizi diňlemek islän ýerleriň barynda geçirip başladyk. Mawy öwüşginiň diňe käbir ýagdaýlarda peýda bolandygyna garamazdan, mesh edilme hemişe güýçli duýulýardy. Albaniýada we Ýuta ştatyndaky indeý ýygnagynda ýygnalan sadakada bolşy ýaly, mesh edilmäniň galyndysy sadakanyň hut özünde galýardy. Men sadaka ýygnalyp, onuň mukdary sanalyp bolnandan soň, adam bu sadakadan haýsydyr bir şaýy eline alanda Mukaddes Ruhuň täsirinden ýaňa titräp başlaýandygyna üns berdim. Biz ýene bir gyzykly ýagdaýy ýüze çykardyk: pul kagyzlary we çekler dürli-dürlüdi. Olaryň üstündäki meshiň derejesi deň däldi. Biraz soňra men şeýle ýagdaýyň adamyň sadaka beren pursadynda boşadýan imanynyň güýjüne bagly bolýandygyny bilip galdym. Akyla sygjak zat däl!

“Seniň maliýe rewolýusiýaň” atly toplum bäş kitapdan ybarat bolup, ol

Albaniýada geçiren şol birinji ýygnagymdaky bäş sapagy öz içine alýar. Şol birinji konferensiýa bilen deňeşdirilende, bu kitaplaryň mazmuny, elbetde, biraz giňeldildi. Siz hem Drenda ikimiz ýaly Şalygy öwrenip başlanyňyzda, biziň ýagdaýymyzda bolşy ýaly, ol siziň-de ähli zada bolan garaýşyňyzy üýtgeder. Toplumdaky şu kitap – kitaplaryň üçünjisi, men Albaniýada sapak berenimde, ol “Mukaddes Ruhuň baýlygy” diýip atlandyrylýardy. Şeýle ykrar häzirki wagtda hem dogry diýip hasaplaýaryn. Sizi pajarlap güllemeklige hut Mukaddes Ruhuň ylhamlandyran strategiýalary ýetirer. Bu strategiýany durmuşa ornaşdyrmak üçin, Mukaddes Ruhuň ýer ýüzüniň çäklerinde nähili işleýändigini şu kitap arkaly bilersiňiz diýip umyt edýärin.

1-nji bap

# SEN BIZDEN NÄME ISLEÝÄRSIŇ?

Men Albaniýdan ilkinji gezek dolanyp gelenimde, aljyraňňy ýagdaýdadym. Rebbiň biziň durmuşymyzda edenlerine akyl ýetirmek kyndy, soňra bolsa Ol maňa bu habary halklara ýetirmelidigimi aýtdy. Halklara? Drendä öýlenen günüm asla syýahat etmejekdigimi aýdan men muny etmelimi? Men başga ýurtlara missiýa bilen gitmekligi hiç haçan arzuw-da etmeýärdim. Ýöne, elbetde, Hudaýyň meýli başgady. Men halklara ýüz tutmalydym, ýöne nädip? Meniň Birleşen Ştatlaryň köp böleginde alyp barýan telekeçilik işim, dolandyrmaly ýygnagym, aladasyny etmeli maşgalam we başga-da ençeme borçlarym bardy. Ähli zady başga halklara nädip gürrüň bermelidigim akylyma asla syganokdy. Ýöne Hudaýyň başga meýilnamasy bardy: teleýaýlym – ol syýahat etmekligi talap etmeýärdi, men ozal teleýaýlym barada asla pikir edip-de görmändim, onuň pikirini etmek-de islemändim.

Drenda ikimiziň teleýaýlymdan başymyz çykanokdy. Biz şol döwürde hatda hyzmatymyzyň wideoýazgylaryny-da etmeýärdik. Ýöne Hudaý nämeleriň boljakdygyny we muny nädip amal boljakdygyny görkezip başlady we telegepleşiklere imrigip başladyk. Meniň birinji bilen zadym – teleýaýlym üçin pul, köp pul gerek. Biz ähli zady hasaplap görenimizde, teleýaýlymy ýöretmek üçin birinji ýylyň özünde 300 000 müň dollaryň gerek boljakdygyny ýüze çykardym. Dogrymy aýtsam, men munuň şeýle gymmatlygyny bilenimden soň, depämden suw guýlan ýaly boldum. Esasy mesele – biz missionerlik şäherçämizi – “Şindi” atly merkezimizi guryanlygymyz sebäpli artykmaç pulumyz bolmansoň, teleýaýlym üçin

töläp biljek däldik. Şonuň üçin-de men Rebbe häzirki wagtda teleýaýlym taslamasyna pulumyzyň ýokdugyny aýtdym. Onuň ylalaşyp: “Dogry aýdýaň, şonuň üçin-de ony Drenda ikiňiz tölärsiňiz!” diýip aýdandygy ýadyma düşýär.

Muňa birhili bolandygymyzy aýtsak, bäri ýanyndan gaýtdygymyz bolar, sebäbi biz şol döwürde çykdajysy alty-ýedi milliona barabar bolan ýygnak gurluşygynyň taslamasynyň gyzgalaňly tapgyryndadyk. Ynanaýyň, “Şindi” atly merkeziň taslamasynyň özi iman esasyndaky ägirt başlangyç bolup, gelýän girdejileriň baryny harçlaýardy. Mundan başga-da, Drenda ikimiz bu taslama 250 000 dollary bagyş etmegi borç edinipdik we şol pursatda bu pullar heniz gelmändi. Bularyň üstüne şol ýylyň özünde tölenilmeli 300 000 dollary hem goşsak, bu mümkin bolmajak zat bolup görünýärdi.

Men özümiň ugran syýahatymyň Rebdendigini bilýärdim we Onuň meni her nirä iberende-de gerek puluň baryny berjekdigi baradaky wadasy kalbymda ýaňlanyp durdy. Ýöne meseläniň her bir tarapyna garap çykanymdan soň hem Drenda ikimiziň ozal edýän zatlarymyzyň üstesine ýene-de 300 000 dollary nädip töläp biljekdigimize akylym çatanokdy. Men Hudaýyň Öz sözünde tapylýandygyny we näme etmelidigimi görkezjekdigine bil baglap, iman ädimini etmelidigimi bilýärdim. Men bu çözgüt babatda ynamly bolup, ony gaýgy etmeýändigimi aýdasym gelerdi, ýöne aslynda bu beýle däldi. Ýygnak binanyň gurluşygyna gelýän her bir köpügi harçlaýardy. Meniň şahsy pulumyň bary şol borçlanan 250 000 dollary tölemäge sarp edilýärdi; telekeçilik işimiň beýleki çäkleriniň köpüsi-de şol ýyl maliýelişdirilmäge mätäçdi. Biziň teleýýylym taslamasyny ýola goýmak üçin 300 000 dollarymyz bütinleý ýokdy!

**MEN HUDAÝYŇ ÖZ SÖZÜNDE TAPYLÝANDYGYNY WE NÄME ETMELIDIGIMI GÖRKEZJEKDIGINE BIL BAGLAP, IMAN ÄDIMINI ETMELIDIGIMI BILÝÄRDIM.**

Biz Drenda bilen Gawaýada iki hepdelik dynç alşy meýilleşdiripdik we öýe gaýdyp gelenimizden soň men teleýaýlymdaky işi başlamak üçin şertnama gol çekmelidim. Men Gawaýadaky dynç alşy, elbetde, haladym, ýöne dogrusyny aýtsam,

doly rahatlanyp bilmedim, sebäbi öýe dolanyp baranymdam soň kabul etmeli çözgüdim baradaky pikirler kellämden hiç çykmaýardy. Teleýaýlym taslamasynyň pul meselesinden başga-da, men teleýaýlymda işlemäge bütinleý taýyn däldim, sebäbi kameranyň öňünde özümi ynamsyz duýýardym. Men ýygnakda müňlerçe adamyň öňünde çykyş edip bilýärdim, ýöne telekameranyň öňünde çykyş etmeklik meniň üçin hopukdyryjy bir zatdy.

Men Rebden eşidendigimi anyk bilýändigime garamazdan, heniz hem puluň ýoklugy bilen ýüzbe-ýüz bolmaly bolýardym. Men onsuzam telekeçilik işimde bütin ýylyň maliýe meselesinde bilimi berk guşapdym we muny nädip amal edip boljagy akylyma sygmaýardy. Hawa, bu gorkudy, hawa, bu iman etmezlikdi. Men muny bilýärin. Men ýöne hemme zady bolşy ýaly aýdýaryn. Men Sözden mäkäm ýapyşmalydygymy, gündelik işlerinden ünsümi sowup, bu ýüzüge seretmegi dowam etmelidigimi bilýärdim. Ol hemme çykdajylaryň aladasyny etjekdigini söz beripdi! Şol döwürde sadaka ýygnan gezeklerimiziň birinde altyn teňňe beripdirler. Dogrymy aýtsam, şol teňňäni elime almazymdan ozal men altyn teňňäni hiç görmändim. Men ony elimde saklap durkam, Reb maňa gürläp, şeýle diýdi: “Salgydy tölemek üçin Petrusa teňňäniň nirede ýatandygyny görkezişim ýaly, Men saňa hem teleýaýlym üçin tölemäge gerek puly nireden tapyp bolýandygyny saňa görkezerin”.  Men Gawaýa dynç almaga gidenimde, Hudaýyň teleýaýlymyň aladasyny edýändigini ýatladyp durar ýaly, bu altyn teňňäni ýanym bilen alyp gitdim;  ony aýamda gysyp, kenarýakada gezmeleýärdim we dileg edýärdim. Kenarýakada dileg edip edýän gezelençlerim adatça şeýleräk geçýärdi. Birnäçe wagtyň dowamynda Ruhda dileg edenimden soň men şertnama gol çekmek babatdaky gaýgylarym ýitirim bolýardy we men öýe tarap ýöräp gaýdýardym. Ýöne baýryň ýokarlygyna 10-15 metr geçenimden soň, puly tapmagyň hiç bir ýolunyň ýokdugy baradaky pikirler aňymda ýene-de ikiýana çapyp başlaýardylar. Biziň aslynda pulumyz ýokdy, biz teleýaýlym taslamasyny nädip etmelidigini bilmeýärdik, biziň enjamlarymyz-da ýokdy, garaz, bu sanawy dowam edibermelidi. Ýöne Rebbiň maňa Albaniýada aýdan sözleri kalbymda öňküsi ýaly ýaňlanýardy: Ol meni her nirä iberse-de, ähli

çykdajylaryny Öz üstüne alar. Bu wakalaryň bary maý aýynyň ahyrynda bolup geçýärdi we men ähli zady amal etmek üçin 300 000 dollary ýylyň ahyryna çenli tapmalydym, bu bolsa meseläni kynlaşdyrýardy.

Hudaýyň maňa aýdanlaryna bil baglap-baglamaýandygymy barlamak üçin, gorky ruhy maňa gürleýärdi. “Sen maliýe kämilligini öwredýärsiň. Ýöne hut özüň öz tölegleriňi töläp bilmeseň, bu keseden nähili görner?” Şonda men yzyma dolanyp, ýene-de deňziň kenarýakasyna gidýärdim we tä kalbym rahatlanýança, şol ýerde gezmeläp dileg edýärdim, aňymy Hudaýyň Sözi bilen täzeleýärdim. Men bir hepde ýaly wagtyň dowamynda eýläk-beýläk gezmeläp, bu şertnamanyň “oňat” we “ýaramaz” taraplaryny aňymda derňeýärdim; bu men tä hemme zadyň oňat boljakdygyny we gorkynyň ýaramaz pikirleriniň meni horlamajakdygyna düşünýänçäm dowam etdi. Drenda ikimiz puluň nireden geljekdigine akylymyz çatmaýardy, ýöne biz Hudaýdan eşidendigimizi bilýärdik. Şonuň üçin-de, öýe gaýdyp gelenimizden soň, men şertnama gol çekdim-de, teleýaýlymyň nähili işleýändigini öwrenmäge ugradyk.

Deňlemäniň pul tarapy babatda, täsin zat, ýöne Gawaýa meýilleşdirilen dynç alyşdan birnäçe aý ozal maňa Atlantadan bir nätanyş adam jaň edipdi. Ol meniň maliýe baradaky kitabymy okap görendigini we ony halandygyny maňa gürrüň berdi. Şol döwürde men bu kitaby öz hasabyma çap edýärdim we ol ýaşaýan şäherimden başga ýerlerde satylmaýardy. Ýöne işgärlerimiň biri Atlanta dynç almaga gidende, şol ýerde howa menzilinde tötänlikde duşan bir adama ýaşamaga puly nähili gazanýandygyny gürrüň beren bolmaly. Işdeşimiň ýanynda şol kitabym bar eken, ol hem ony şol adama beripdir.

Netijede, şol adam kitaby okandygyny we ol ony şeýle gyzykdyransoň, meniň bilen gürleşmegi ýüregine düwendigini aýtdy. Biz uzak wagtlap gürleşdik we ol özüniň syýahat edip, Hoş habary wagyz edýändigini, esasan-da daşary ýurtlarda işleýändigini gürrüň berdi. Ol ikimiziň haçan hem bolsa bir wagt duşuşyp bilýänligimizi sorady we men dynç rugsadymdan soň geçiriljek ýygnaga barýarkam, Atlantanyň howa menzilinde takmynan bir aýdan boljakdygymy habar berdim. Biz duşuşmagy dilleşdik. Ahyrda duşanymyzda, söhbetdeşligimiz diýseň ajaýyp boldy. Onuň syýahatynyň

dowamynda ýygy-ýygydan duş bolýan gudratlary we howplary baradaky wakalary meniň göwnüme örän ýarady. Ýöne biz maliýe meselesinde has-da ysnaşdyk. Ol kitabymy we bergilerden çykyşym baradaky wakamy halan eken.

Söhbetdeşligimiziň dowamynda şol erkek ýaňy Şarlottadan gelendigini, şol ýerde telegepleşigiň myhmany bolandygyny we meniň maliýe baradaky wakamyň şol gepleşik üçin oňat mowzuk boljakdygyny aýtdy. Ol meniň kitabymy olara berjekdigini we men barada gürrüň berjekdigini aýtdy. Men muňa biraz haýran galdym.

Men onuň agzan telegepleşigi barada ozal hiç eşitmändim, ýöne, dogrudan-da, birnäçe hepdeden şol gepleşegiň müdiri maňa jaň edip, gepleşige gatnaşmagy teklip etdi. Telegepleşige gatnaşmak üçin bildirilýän talaplaryň biri – gepleşigiň dowamynda hödür edilip bilnäýjek önüm bolmalydy. Şonuň üçin-de men olara bäş kompakt-diskde ýazgy edilen “Maliýe rewolýusiýasy” atly okuw toplumymyň bardygyny mälim etdim. Olar munuň örän oňatdygyny aýtdylar we biz kompakt-diskleriň bahasy babatda ylalaşyga geldik. Men kompakt-diskleri olara, elbetde, lomaý söwda bahasyndan beripdim, ýöne şeýle bahadan hem girdejiniň bir bölegini öz hyzmatymyz üçin galdyryp bilýärdik. Geň göräýmeli, telegepleşik uly üstünlige eýe boldy we şeýle kompakt-diskleriň müňlerçesini, müňlerçesini satdyk. Diňe şunuň özi şertnama gol çeken pursadymda bütinleý bilmeýän gözbaşdan teleýaýlym taslamamyzyň býujetine müňlerçe dollary getirdi.

Soňra bolsa ýene bir üýtgeşik ýagdaý boldy: ýygnagymdaky adamlaryň biri – agyr maliýe ýagdaýyna batyp, birnäçe ýyl mundan ozal jaýyny elden gidermegiň bäri ýanyndan gaýdan adam ýanyma gelip, telegepleşik taslamamyza maliýe kömegini bermek isleýändigini mälim etdi. Ol Hudaýyň Şalygy baradaky wagyzlardan öwrenenlerini amal edip, garyplykdan çykypdyr. Ol biziň teleýaýlym taslamamyza 120 000 dollary bagyş etdi!

Kompakt-diskleriň satuwyndan gelen puly, ýygnakdaky dostumyň beren we beýleki ýerlerden gelen sadaka pullary hasaba almak bilen,

teleýaýlymyň işlän ilkinji ýylynyň dowamynda Drenda ikimiz ýeke köpük-de goşmaly bolmadyk! Hudaý Öz beren wadasynda tapylýardy. Ol tölejekdigini aýdypdy we töledi hem. Bolýar, meseläniň ýarysy çözüldi, ýöne meniň çözülmeli ýene bir meseläm bardy, ol hem ýüzleý mesele däldi. Ozal belläp geçişim ýaly, men teleýaýlymyň işi barada hiç zat bilemokdym!

Şol ýylyň güýzünde Drenda uly mesihi konferensiýasyna gatnaşypdy we ony dynç alyş otagyna çagyrypdylar; myhmanlar ýygnaklaryň arasyndaky arakesme wagty şol otaga ýygnanýan eken. Drenda üçin şol ýere çagyrylmak uly mertebedi we ol şol ýere uly höwes bilen gidipdi. Ýygnaklaryň birinden soň naharlanmaga oturanda, ozal hiç görmedik bir aýaly gelip, onuň ýanyna oturypdyr. Olar saglyk-amanlyk soraşanlaryndan soň şol aýal birdenkä şeýle sorapdyr:

— Onsoň nähili, siz eýýäm teleýaýlymlyk işiňize megulmysyňyz?

Drenda oslagsyz soraga aljyrap:

— Ýok, entäk ýok, ýöne şonuň pikirini-hä edýäris, — diýip jogap beripdir.

Şonda ol aýal:

Eger etmekçi bolsaňyz, onda şu ýigide jaň edäýiň, ol size kömek eder, — diýipdir.

Drenda şol aýalyň beren telefon belgisini we elektron salgysyny ýazyp alypdyr-da, ony ýantorbasyna salypdyr.

Ol birki hepde bäri öýde bolsa-da, ýantorbasyna salan kagyzjygy ýadyndan çykypdyr. Ýöne günleriň birinde ony tapyp, şol ýigidiň jogap berjegini-bermejegini görmek üçin, oňa hat ýazypdyr. Ýigit onuň hatyna gyzyklanma bildirip, “Maliýe rewolýusiýasy” atly kompakt-disklerimiň toplumyny ibermegi haýyş etdi; biz onuň aýdyşy ýaly hem etdik. Takmynan bir hepdeden onuň kömekçisi jaň edip, şol adamyň kesgitli gyzyklanma bildirýändigini we her ýylda teleýaýlymda geçirilýän milli ylahyýet koferensiýasynda duşuşmak isleýändigini mälim etdi; bu konferensiýa birki hepdeden bolmalydy. Biz oňa barjakdygymyzy söz berdik.

Drenda ikimiz konferensiýa gidenimizde, duşuşygyň öňüsyrasynda biraz tolgunýardyk. Men munuň üçin täze gara kostýum satyn alypdym we hakykatdan-da nämä garaşmalydygyny bilmeýärdim. Ol teleýaýlym taslamasy boýunça maslahatlaşmak üçin, onuň myhmanhana otagynda duşuşmagymyzy teklip etdi. Biz onuň otagynyň gapysyny kakmazdan ozal biraz köşeşmek üçin koridorda eýläk-beýläk gezmeländigimiz ýadyma düşýär. Biz otaga baryp girenimizden soň ol ýerde biziň bilen gürleşmek üçin birtopar adamyň ýygnanandygyny görüp, geň galdyk. Oturgyçlar ýarymaý şekilinde goýlup, Drenda ikimizi olaryň edil garşysynda oturtdylar. Biz bu adamlary ozal hiç görmändik, olaryň ählisi örän resmi geýnendiler.

Biz mesaýy gürrüňden başladyk, soňra bolsa olar biziň näme üçin teleýaýlymda çykyş etmek isleýändigimizi soradylar. Olaryň beren birinji soraglary heniz-de ýadymda:

— Şunlukda, siz näme üçin teleýaýlym bilen meşgullanasyňyz gelýär?

Şol pursatda men otagda ýygnanan adamlaryň teleýaýlym önümçiliginiň dürli çäkleriniň wekili bolan ýokary derejedäki ýolbaşçylardygyny bilmeýärdim. Şol ýerde biziň gürleşen adamymyz, önümçilik we marketing bilen megullanýan adamlar, şeýle-de başga çäklerde işleýän hünärmenler bardy, olar kyn soraglary berýärdiler. Umuman, duşuşyk örän oňat geçdi diýip hasaplaýaryn. Biz kimdir birini haýrana galdyrmak üçin däl-de, adatdakymyz ýaly hereket edýärdik, Hudaýyň bize edenlerini olara gürrüň berýärdik. Biziň görnüşimiz we yhlasymyz olaryň göwnüne ýarady diýse-de boljakdy; olar taslamanyň jikme-jiklerini maslahatlaşmak üçin birnäçe hepdeden jaň etjekdiklerini aýtdylar.

Birki hepdeden biz ýene-de gürleşdik, ýöne bu gezek welin teleýaýlym üçin gepleşigi taýýarlamagyň hakyky meýilnamasyny düzmegi karar etdik. Biz şol pursatda gepleşigi öz öýümizde ýazgy etmegi meýilleşdiripdik, şonuň üçin-de Drendanyň habarlaşan şol adamy indiki duşuşygy biziň öýümizde guramagy haýyş etdi. Ol ýazgyny öýümizde edip boljagyny-bolmajagyny anyk çözmek üçin, biziň öýümizi görmek isleýärdi.

Ine, onuň biziň öýümize gelen güni hem ýetip geldi, biziň

barymyz gürleşmäge oturdyk. Men şol duşuşyga çenli şol adamyň teleweideniýadaky işleri barada hiç zat bilmeýärdim, men ýöne Drendanyň gatnaşan ýygnagynda bir aýalyň şol adamyň telefon belgisini berendigini bilýärdim. Biz ýerimize geçip oturanymyzdan soň, ol maliýeleşdiren we şindi meşgullanýan telegepleşikleriniň atlaryny agzamaga oturdy. Bu gepleşikleriň hemmesi ady belli gepleşiklerdi! Men haýrana galyp oturşyma: “Ýa Hudaý, Sen bu adamy Los-Anjelesden ýol-ýodasyz çola ýerde ýerleşýän öýüme nädip getirip bildiň?” diýýärdim. Bu adam biziň gepleşigimizi amatly bahadan ýazmaga, montaž etmäge, maliýeleşdirmäge razylaşdy. Şeýle-de biz ilkinji gepleşiklerimizi öz öýümizde – myhman otagymyzda ýazgy etjekdigimiz babatda ylalaşdyk.

Gepleşigiň ýazgy ediljek ilkinji güni ýetip geldi; men biraz aljyrandygymy boýun alaýyn. Ozal belläp geçişim ýaly, meniň telewideniýe boýunça hiç tejribäm ýokdy. Men telegepleşigiň nähili gurnalmalydygyny bilmeýärdim, ozal hiç haçan kamera gürläp görmändim; hemme zat ilkinji gezek bolup geçýärdi. Men Hudaýyň Şalygy baradaky wakamy gürrüň berip biljekdigime begenýärdim, ýöne telewideniýe durmuşymda ýeňip geçilmeli gorkunç böwetleriň ýene biri bolup durýardy.

Munuň üstesine-de, gepleşigiň ýazgy ediljek güni aýylganç bir waka bolup, şol güni has-da agyr etdi. Tutuş hepdäniň dowamynda ýazgy etmeli prodýuser gijäniň içinde birdenkä gaýtmaly boldy. Onuň kiçi ogly goňşusynyň yza süren ulagynyň aşagyna düşüp, pajygaly ýagdaýda aradan çykypdyr. Ýazgy edilmeli ýerdäki kömekçi bolan wakany gürrüň berenden soň, biz bu wakany hiç kime aýtmazlygy karar etdik. Şol gün biz üç sany gepleşgi ýazga düşürip, resmi taýdan telewizora düşdük. Beý-bä!

Biz telegepleşikleri ýazyp başlanymyzda, gelejekde efir wagtyny neneň tölejekdigimizi göz öňüne getirip-de bilmeýärdik. Ýöne Hudaý ilkibaşda gerek bolan 300 000 dollary bermek bilen çäklenmän, eýsem efir wagtynyň tölegini üpjün etjekdigini bize öwredip başlady. Biz şeýle köp zatlary öwrenmelidik. Biz şeýle bir sadadyk welin, hatda adamlar biziň teleýaýlymdaky hyzmatymyza pul sadakalaryny berer-de öýtmändiris.

Biziň gepleşigimiz ýaýlyma çykyp başlanyndan soň köp wagt geçmänkä,

**“ARAŇYZDA BIRI EJIR ÇEKÝÄRMI? GOÝ, OL HUDAÝA DOGA ETSIN”**

**– ÝAKUP 5:13**

kätibim Treýsiniň iş otagyndan jaň edişi ýadyma düşýär. Men telefony alanymda, onuň örän tolgunýandygyny duýdum. Onuň sesi sandyraýardy.

Ol:

— Çopan, — gepleşigi görenleriň biri 500 dollar iberipdir. Çopan, men çeki alanymda, siziň indeýleriň rezerwasiýasyndan getiren şol pullaryňyzdaky mesh bu çekde hem bardy.

— Sen muny çynyň bilen aýdýarmyň? — diýip mydyrdadym. — Kimdir biri bize dogrudan-da pul iberipmi?

Şu çek peýda bolýança, men adamlaryň gepleşiklerimizi goldamak üçin pul kömegini iberip biljekleri barada pikir-de etmändim. Ýöne, Hudaýa şükür, adamlar şondan bäri pul ibermegi dowam edýärler we indi bu gepleşik bütin dünýä boýunça dürli sagat guşaklarynda günde ýaýlyma çykýar! Her ýyldaky çykdajylarymyz million dollara ýetdi, ýöne Hudaý maňa beren wadasyny hemişe berjaý edýär. Ol tölegleri hemişe töleýär.

Bu kitap Hudaýyň Ruhuny eşidip, öz durmuşyňyzy Onuň ugrukdyrmasyna tabşyrmaklyk barada. Biziň telegepleşikler baradaky wakamyz Mukaddes Ruhuň adamlary olaryň öňde-soňda göz öňüne getirip biläýjek belent sepgitlerine ýetirişiniň oňat mysalydyr. Biziň durmuşymyzda Hudaýyň amal eden ähli zatlary diňe bir Onuň Şalygynyň nähili hereket edişini bilmeklik arkaly bolman, eýsem Hudaýyň berýän ugruny, dana maslahatlaryny we jogaplaryny eşidip bilmek başarnyklarymyz arkaly amal boldy. Eger men Mukaddes Ruha gulak asmagy başarmadyk bolsam, size şu pursat gürrüň beren wakam asla amal bolmazdy. Biziň ählimiz käwagt umytsyz bolup görünýän kyn ýagdaýlara düşüp bilýäris. Ýöne Hudaýda munuň jogaby bar.

> *“Araňyzda biri ejir çekýärmi? Goý, ol Hudaýa doga etsin” (Ýak. 5:13).*

Näme üçin dileg etmeli? Sebäbi siz meseläniň jogabyny, ugruny we çözgüdini eşitmeli. Biz kynçylyga uçranymyzda, Hudaý göz öňüne getirip

bilşimizden-de artyk zatlary amal etmegi başarýandygyny Drenda ikimiz köp gezek gördük. Ýeňmesi mümkin däl bolup görünýän zatlary ýeňip geçeriňiz ýaly, Ol size käwagt geň-taň çözgütler we strategiýalar arkaly kömek eder. Ýagdaýlaryň köpüsinde siziň jogaby eşitmek ukybyňyz üstünlik bilen şowsuzlygyň, ýaşaýyş bilen ölümiň arasyndaky tapawut bolup biler. Men şu kitapda Mukaddes Ruhuň sesini eşitmek barada köp gürrüň ederin, ýöne ilki bilen kyn ýagdaýlarda Mukaddes Ruhuň nädip kömek berip bilýändigini ýene bir mysalyny gürrüň bereýin.

Biz bahasy 6,5 million dollar bolan “Şindi” atly merkeziň gurluşygyna başlanymyzda, ilkibaşda ýygnalan 2,5 million nagt puly, şeýle-de bank hasaplaryndaky serişdeleri bölekleýin ulandyk. Mundan başga-da biz gurluşygyň dowam eden 18 aýyň dowamynda hasabymyza gelýän pul serişdelerini ulanýardyk. 550 adamdan ybarat ýygnak üçin bu diýseň ägirt taslamady. Biz 2007-nji ýylda binanyň düýbüni tutduk we 2008-nji ýylyň bahar paslyna çenli hemme zat oňat dowam etdi. 2008-nji ýylyň krizisi, belki, ýadyňyza düşýändir. Şonda biz öz gurluşyk taslamamyz bilen şol ýagdaýyň edil jümmüşine düşüpdik. Zatlaryň bahasy asmana çykdy! Poladyň bahasy göz öňüne tutulan bahasyndan 300 000 dollar artyk çykdy. Bu mysallaryň diňe biri. Şol ýyl gurluşyk materiallarynyň duýdansyz gymmatlamasy sebäpli tutuş taslamanyň bahasy býujetiň çäklerinden daşa çykdy.

2008-nji ýylyň ahyryna biziň çäklerimizdäki, şeýle-de tutuş ýurtdaky banklar karz beriş hyzmatyny ýatyryp, krizisiň artýanlygy zerarly beren karzlaryny yzyna talap etdiler. Şol döwürde günleriň birinde potratçymyz bankymyz taýdan eýýäm makullanan iş hakyny almak üçin geldi. Ol beýleki potratçylar bilen hasaplaşmalydy we tölenilmedik tölegleri amal etmelidi, eýýäm sarp edilen puluň öwezini dolmalydy. Million dollarlyk çek bank tarapyndan ozal ylalaşylan maliýeleşdirmesi esasynda ýapylmalydy, sebäbi şol wagta çenli biz nagt pul serişdelerimiziň baryny eýýäm harçlapdyk. Ýöne million dollarlyk çek ýokdy. Biz bankyň öz teklibini yzyna gaýdyp alandygyny we karz beriş hyzmatyny kemeldendigini bilenimizde, üstümizden gaýnag suw guýlan ýaly bolduk. Onsoňam, bu diňe bankymyz däl, eýsem şäherdäki hemme banklar babatda hem şeýle boldy. Şol hepde

biziň bankymyz ýerli gazetiň birinji sahypasyny eýeleýärdi. Ol şonda 550 işgärini işden çykaryp, maliýe heläkçiligi şertlerinde iş ýüzünde galmak ugrunda elinden gelenini edýärdi.

Ýöne biziň potratçymyz işgärleriniň iş haklaryny, eýýäm sarp eden materiallarynyň bahasyny tölemelidi. Bu million dollarlyk çek gelejekdäki hajatlar üçin däldi. Ol bu million dollary eýýäm sowupdy! Indi biziň potratçymyz beýleki kompaniýalara we maşgalalara töläp bileri ýaly, olar oňa tölejek pulumyza garaşlydy. Potratçymyz hem edil biz ýaly bank islendik ýagdaýda öz borçnamasyny ýerine ýetirer diýip pikir edýärdi. Indi näme? Şeýle ýagdaýda näme etmeli? Meniň elimde million dollarym ýokdy, men ony ýygnagymyzyň agzalaryndan hem dilemekçi däldim. Mundan başgada, başga torlara hem ýaýbaňlanansok, teleýaýlymdaky gepleşiklerimiziň çykdajylary artýardy: biziň efirdäki wagtymyzyň çykdajylary her aýda 50 000 dollara ýetipdi. Biziň Ýakubyň hatynda (5:13) aýdylyşy ýaly dileg etmekden başga çykalgamyz barmydy näme? Dileg etmeli!

Şol döwürde biz telekeçilik işimden Gawaýa ýene bir syýahaty utupdyk. Men bankymyzyň öz teklibini ýatyrandygyny syýahata gitmezimden birnäçe gün öň bilipdim. Dogrymy aýtsam, Maui uçýan reýsimizi gijä galmajak bolup howa menziline howlugyp barýarkam-da şol sarsgynlyk ýagdaýyndan saplanmandym. Meniň pikirlerim sagatda million mil tizligi bilen ikiýana çapýardy. Ýöne welin özüme ýüregim awamak duýgusyna gaplanmakçy bolup howa menzilinden ýöräp barýarkam, Rebbiň sesini eşitdim. Ol: “Hasaňy ýokary galdyr!” diýdi. Men Rebbiň maňa aýtmakçy bolýan zatlaryna düşünmek üçin aýak çekip, oýlananymda, birdenkä düşünip galdym.

Faraonyň goşuny Ysraýylyň yzyndan kowup, ony Gyzyl deňze gysanda we onuň gaçara ýeri galmadyk pursadynda Reb Musa hut şeýle diýipdi ahyryn. Hudaý Musa hasasyny deňziň üstünden galdyrmagy buýrupdy; ol şeýle edenden soň deňiz ikä bölünip, Ysraýyly halas etjek ýoly açypdy. Musanyň hasasy Hudaýyň oňa beren wadasynyň, şeýle-de ol öz wezipesini berjaý etmek özüne berlen ygtyýarlygyň nyşanydy.

Men Hudaýyň şol pursatda maňa näme aýdýandygyny bilýärdim. Men

öňbaşçydym, şol ýygnagyň çopanydym; şol ýagdaýdan baş alyp çykarym ýaly, maňa ygtyýarlyk berlipdi. Men öz ygtyýarymy ulanmalydym, aýgytly hereket etmelidim we çözgüdi tapmalydym. Biz Gawaýa baryp ýetenimizden soň men dilegden başga zady edip bilemokdym. Men ukusyzlykdan ejir çekýärdim. Meniň ruhum howsala düşýärdi we men arzuwlaýan jogabym üçin Ruhda göreşýändigimi bilýärdim. Ahyrda Drendanyň kellesine bir pikir geldi, ol bu pikir Rebden gelen diýip hasaplaýardy. Aýalym üçin Hudaýa müň-de bir şükür! Ol maňa gerekli meýilnamalary düzmekde we her dürli ýagdaýlarda ugry tapmakda şeýle köp gezek kömek edipdi. Onuň maňa näderejede ezizdigini we ony neneň söýýändigimi söz bilen beýan eder ýaly däl. Ol hiç haçan ýeň berenok!

Onuň meýilnamasy sada we şol bir wagtyň özünde-de tutanýerlidi. Bu meýilnamaň işlejekdigininiň hiç bir alamaty ýokdy, ýöne biz şonda-da bada-bat işe girişdik. Meýilnama pul karz bermek barada prezentasiýany taýýnlap, ony öz bankymyza däl-de, potratçynyň bankyna bermekden ybaratdy. Prezentasiýamyz banka biziň kimdigimizi we karz bermekligiň iki tarap üçin-de bähbitli bolup bilýändigini görkezmelidi. Umyt azdy, sebäbi ozal belläp geçişim ýaly, şäherdäki banklaryň hemmesi karz bermek hyzmatlaryny bütinleý ýatyrypdylar. Eger biziň potratçymyza tölemeseler, onda bu onuň özüni bankrot diýip yglan etmegine we netijede şol banka bolan bergisini töläp bilmezlik howpunyň döremeginiň ahmaldygyny pikir edipdik· Biz bu ýagdaýyň banka gymmada düşjekdigini we olaryň şeýle ýagdaýy islemejekdigini bilýärdik. Ýatladaýyn, bu biziň bankymyz däldi, onuň bize ýa-da ýagdaýymyza dahylly ýeri ýokdy.

Şonuň üçin-de biz etrabymyzyň demografik häsiýetnamasyny we onuň ösüş depginlerini jikme-jik beýan edýän shemalary düzdük. Biz banka öz ýagdaýymyzy gürrüň berdik we garaşylýan ösüşi görkezdik. Şeýle-de biz şol binamyzdan ýygnak hyzmatlaryndan daşary girdeji almagyň köp sanly usullaryny, mysal üçin, telewideniýeden gelýän girdejileriň artyşyny we biziň pikirimizçe olary gyzykdyryp biläýjek başga-da köp zatlary görkezdik. Biz hatda şeýle kyn döwürde hem bank üçin girdeji berjek adamlardygymyz babatda olary ynandyrasymyz geldi. Şeýle-de biz eger potratça tölenilmese, bankyň pul ýitgilerine uçrap biljekdigini, biziň bolsa

“olara şondan gaça durmaga kömek etmäge” isleýändigimiz baradaky pikiri olara ýetiresimiz geldi. Biz bankyň wise-premýeri bilen duşuşyk soradyk, ol kommersiýa karz bermek bölümine jogap berýärdi. Biz dileg etdik-de, bu meýilnamanyň Mukaddes Ruh tarapyndan berlendigini anyk bilip, onuň iş otagyna girdik we arza ýazdyk.

Haýran galmaly zat – biziň prezentasiýamyzdan soň wise-premýer edil şol ýeriň özünde öz kätibine ýanymyz bilen äkider ýaly 500 000 dollarlyk çeki ýazyp bermegi tabşyrdy. Ol bu ýagdaýyň adaty iş dolanyşygyň çäginden çykýandygyny we adatça beýle edilmeýändigini aýtdy. Karz bermek töwekgelçiligini derňemek, haýsydyr bir resmi kagyzy doldurmak - hiç zat edilmedi, ýöne 500 000 dollarlyk çek ýazylyp berildi. Ol galan 500 000 dollary bermek üçin karz töwekgelçiliginiň derňelmelidigini, ýöne hemme zadyň gülala-güllük boljakdygy babatda bizi ynandyrdy, sebäbi şeýle meseläni onuň özi çözýärdi; bu hut şeýle hem boldy. Biz öz potratçymyza million dollary töledik we gurluşygy tamamladyk.

**EGER SIZ HAÇAN HEM BOLSA HUDAÝYŇ ŞALYGYNYŇ AJAÝYP POTENSIALYNY ULANMAGY NIÝET EDINÝÄN BOLSAŇYZ, MUKADDES RUHUŇ SESINI EŞITMÄNI ÖWRENMELISIŇIZ.**

Drenda bilen elimizde 500 000 dollarlyk çeki saklap, öýümize dolanmak üçin ýolda geçiren bir sagadymyzyň dowamyzda nähili duýgulary başdan geçirendigimizi beýan etmek kyn. Biz begençden ýaňa guş bolup uçaýjak bolýardyk we özümizi ajaýyp duýýardyk! Şol pursatdaky duýgularymyzy doly beýan edere söz ýok, biz Mukaddes Ruhuň şol pursat edenlerinden galpyldaýardyk. Biz ilki bilen potratçymyza jaň etdik. Biz oňa oňat habarlary aýdanymyzdan soň onuň şatlykdan doly sesi heniz-de gulagymda ýaňlanyp dur.

— Näme? Siz näme etdiňiz? — diýip sorady. — Olar size çeki edil şol ýerde ýazyp berdilermi?

Biziň hemmämiz muny Hudaýyň edendigini bilýärdik.

Bu nädip boldy? Mukaddes Ruh! Eý, dostum, size gerek jogaplar Hudaýda bar. Eger siz Hudaýyň Şalygynyň ajaýyp potensialyny ulanmagy niýet edinýän bolsaňyz, siz Mukaddes Ruhy eşitmäni öwrenmelisiňiz. Bu kitap hut şu baradadyr.

Dürli ýagdaýlardan Mukaddes Ruh bilen geçmeklik siziň Jeýms Bond barada öňde-soňda gören filmleriňizden has gyzyklydyr! Filmde bolşy ýaly, siz her nähili dartgynly pursatlaryň bolýandygyna garamazdan, ahyrda kimiň ýeňýändigini bilýänsiňiz.

2-nji bap

# ŞALYK

Siz çynlakaý tutarygy bolmadyk arz-şikaýatlaryň kazyýet seljermesinden mahrum edilen ýagdaýlaryň köpüsi barada eşidensiňiz diýip pikir edýärin. Şeýle mysallaryň biri, ine, şeýle.

Kolorado ştatyndaky türmäniň bir tussagy 88 milliard (hawa*, milliard*) dollary öz haýryna almak üçin Milli futbol ligasyna garşy kazyýete şikaýat arzasy bilen ýüz tutýar. Bu şikaýat “Dallas Kowboýz” bilen “Grin Beý Pekers” toparlarynyň arasyndaky pleý-off oýnunyň dowamynda oýnuň emininiň çykaran karary bilen baglydy. Funksionerler Dez Braýantyň (“Kowboýz” toparyndan) tutan topuny hasap etmezligi kakar edipdiler. Tussag muňa garşy çykypdyr. Onuň arz-şikaýatynda MFL-iň resmi wekilleriniň geleňsizlik edip, öz resmi borçlaryny berjaý etmändikleri barada aýdylýardy. Tussag näme üçin 88 milliardy almak üçin arz-şikaýat etdikä? 88 – bu Braýantyň maýkasyndaky belgi.[1]

Akyla sygjak zat däl, şeýle dämi? Şeýle arz-şikaýata garalmajakdygy hemmelere mese-mälim zat diýip pikir edýärin. Ýöne arz-şikaýatyň berilmegi üçin esasyň bolup-bolmazlygyny nädip kesgitläp bolýar? Eger kanun barada aýtsak, onda law.com saýtyna laýyklykda, kazyýet diňe iki sebäbe görä: ýurisdiksiýa meselesiniň we kanuny esasyň bolmadyk ýagdaýlarynda işe garamakdan ýüz dönderip bilýär. Men Mukaddes Ruh baradaky kitapda näme üçin ýuridiki meseleler barada gürrüň edýärin? Sebäbi eger siz öz ýagdaýyňyzda Mukaddes Ruhuň hereket edişini görmek isleýän bolsaňyz, kanunyň näme diýýändigini anyk bilmelisiňiz. Hudaýyň Şalygy – bu Şalygyň kanunçylyk çäklerinde hereket edýän şalyk. Şu toplumdaky “Seniň maliýe rewolýusiýaň. Ylalaşygyň güýji” we “Seniň

maliýe rewolýusiýaň. Rahatlygyň güýji” atly iki kitabymda men Hudaýyň Şalygynyň ýurisdiksiýa we kanun babatda işleýşiniň esasy prinsiplerini beýan edipdim. Ýöne Mukaddes Ruh babatda göz öňüme tutýanlaryma düşünmek üçin, bu prinsipleri ýada salmak üçin yzymyza dolanmak peýdaly bolardy. Geliň, sorag-jogaplardan başlalyň.

> *Onsoň Isa olara: “Pygamberiň diňe öz dogduk ýurdunda, garyndaşlarynyň arasynda we öýünde gadyry ýokdur” diýdi. Ol birnäçe hassanyň başyna elini goýup sagaltmakdan başga ol ýerde hiç bir mugjyza* ***görkezip bilmedi****. Isa olaryň imansyzdygyna geň galdy.*
>
> – Mark 6:4–6

Şu parçada beýan edilýän wakada Isa Mesihiň adamlara näme üçin şypa berip bilmändigini aýdyp bilersiňizmi? Dini taglym muňa jogap berende, olara şypa bermekde Hudaýyň isleginiň bolmandygy bilen düşündirýär. Hudaý ähli zady görýär ahyryn, eger Ol şypa beresi gelen bolsa, muny ederdi, şeýle dämli? Ol Hudaý ahyryn. Şeýle-de siz şol ýerde şypa mätäç bolan adamlaryň bolandygy, ýöne şypa almandygy bilen ylalaşýaňyz gerek? Men ýokardaky parçada bu hem aýdyň zat diýip pikir edýärin. Isa Mesihiň adamlara näme üçin şypa berip bilmändigine jogap almak örän wajyp zat. Bu hökman jogap berilmeli sorag bolup durýar. Eger bu wakanyň netijesini okasak, onda Isa Mesihiň adamlar doly iman etmändikleri zerarly şypa alyp bilmändigi barada aýdýandygyny göreris. Isa Mesihiň aýdýanlaryna we adamlaryň näme üçin şypa almandygy baradaky synlamasyna düşünmek üçin, biz imanyň nämedigine we gökleriň şu ýerde, ýagny ýer ýüzündäki şalykda kanuny ýurisdiksiýany edinmegi üçin imanyň nähili orny eýeleýändigine oňat düşünmeli.

Şu meseläni umymylaşdyrmaga rugsat ediň· Mesele Isa Mesihiň güýjüniň ýa-da isleginiň bolmazlygynda däldi· Mesele ýurisdiksiýadady· Aslynda, şol ýagdaýda adamlaryň aglabasy babatda gökleriň hereket etmäge kanuny tutarygy ýokdy· Meniň aýdýan zatlarymy biderek zat hasaplap, şu kitaby diwara tarap aýlap zyňmazyňyzdan ozal, hemme zady

düşündirmäge bir salym puryja beriň.

Adam ata bilen How ene ýaradylanda, olaryň ýer ýüzüne doly we bütinleý ygtyýary bardy. Meniň bu aýdýanlarymy aşakdaky şu parça doly tassyklaýar diýip hasaplaýaryn.

> *“Ony perişdelerden biraz wagtlyk pes tutduň. Oňa şöhrat bilen hormat jygasyny geýdirdiň, ähli zady aýagynyň astynda goýduň. Hudaý ähli zady onuň aýagynyň astynda goýdy,* **oňa abyn däl zat goýmady”.**
>
> – Ýewreýler 2:7-8

Mukaddes Kitabyň Adam ata şöhrat bilen hormat jygasynyň geýdirilendigi barada aýdýandygyna üns beriň. “Geýdirildi” sözi bärde onuň bu jygany Erem bagynda dakynyp gezendigini aňlatman, eýsem ygtyýarlygyň amal bolýan, ýagny Adam atanyň dolandyran ýerine degişlidigini aňladýar. Ýöne biz onuň nur saçandygyny çaklap bilýäris. Adam atada Hudaýyň Şalygynyň şöhraty (Şalygyň ak patalary we belentligi) we hormaty (ygtyýarlyga beslenmeklik) bardy. Şu iki tarapy hasaba almak bilen, ol Hudaýyň Şalygynyň beren ygtyýarlygy arkaly ýer ýüzüniň üstünden höküm sürýärdi. Ynsanyň döredilen döwründe ýer ýüzünde eýýäm bar bolan iblis ony ýigrenýärdi we onuň elindäki ygtyýary öz eline alasy gelýärdi. Adam atanyň ygtyýarlygynyň astynda bolany üçin, onuň elindäki ygtyýarlyk jygasyny ýöne alyp bilmeýändigini bilýän iblis Adam atany aldawa salyp, bu jygany (ygtyýarlyk wekilçiligini) özüne meýletin berdirýär.

Şeýlelikde iblis How enäni aldawa salýar, Adam ata bolsa oňa eýerip, Rebbe garşy pitne turuzýar we Hudaýyň Şalygyndaky ornuny ýitirýär. Olar iblisiň aýdanlaryna eýerip, onuň şalygynyň ýurisdiksiýasyna geçýär. Siziň: “Hudaý iblisi Erem bagyna neneň edip salyp bildikä?” diýip soramagyňyz ahmal. Aý, salmaly bolandyr-da. Şeýle jogabyň sizi biraz sardyrjakdygyny bilýärin, ýöne siz munuň hakykatdygyny özüňiz görersiňiz. Geliň, Gelip çykyş kitabynyň (2: 8,9) şu parçasyna gysgaça garap geçeliň.

> *Hudaýymyz Reb gündogarda ýerleşen Eremde bag oturdyp, adamy şol ýerde ýerleşdirdi. Hudaýymyz Reb ol ýerde süýji, dürli-dürli owadan miweli agaçlary gögertdi. Bagyň ortarasynda iki sany daragt: ýaşaýyş daragty hem-de ýagşyny-ýamany saýgaryş daragty bardy.*

Şu parçany okanymyzda: “Hudaý näme üçin Erem bagyň edil ortarasyndaky ýaşaýyş daragtynyň ýanynda ýagşyny-ýamany saýgaryş daragtyny oturtdyka?” diýen soragyň ýüze çykmagy ahmal. Aslynda Hudaý iblisiň bu çäge kanuny esasda aralaşyp bilmegi üçin, ynsana erkin saýlawy – Hudaýa ýa-da iblise hyzmat etmek saýlawyny bermelidi. Reb iblisiň çägine kanuny esasda baryp, ol ýere ynsany ýerleşdirip bilmeýärdi. Hemme zadyň kanuna görä bolmagy üçin, ynsan özüniň kime tabyn boljakdygyny özi saýlamaly. Ynsan Hudaýy, ýaşaýyş daragtyny saýlan döwründe iblisiň üstünden höküm sürýärdi. Hut şu sebäpdenem ýagşyny-ýamany saýgaryş daragtyny ýaşaýyş daragtynyň ýanynda ýerleşdirmelidi.

Şu ýerde wajyp bir zady belläp geçmeli. Ynsan ýer ýüzüne erksiz halda ýerleşdirilip bilmeýärdi. Men köp mesihileriň: “Hudaý Özüni kimiň söýýandigini bilmek üçin bizi erkin erk-ygtyýarly ýaratdy” diýip aýdýandygyny bilýärin. Bu pikiriň belli bir derejede hakykat bolmagy ahmal. Eger erkin saýlaw bolmasa, bu bikanuny bolardy. Eger ynsana erkin erk-ygtyýar berilmedik bolsa, ony bu ýere ýerleşdirip bolmazdy. Men çekeleşigiň çäklerinde ýene köp zady maslahat edip bilerdim, ýöne bu barada ozalky iki kitabymda eýýäm gürrüň edipdim.

Şunlukda, Adam ata iblisiň aldawyny saýlaýar, Hudaýyň Şalygyny ýitirýär we Gelip çykyş 3:17–19-da Hudaý ynsana garşy çykýar:

> *... Adama bolsa Beýik Hudaý şeýle diýdi:*
>
> *“Sen aýalyňyň gepine gitdiň, ‘iýme’ diýip, gadagan eden agajymyň miwesinden iýdiň. Seniň eden işiň sebäpli, Men topragy näletländirin. Sen toprakdan ömürboýy* ***muşakgatlyk bilen*** *iýmitlenersiň. Toprak saňa akbaş-ýandak öndürip berer. Sen meýdan otlaryny iýersiň. Sen ýerden alnansyň we ýere dolanýançaň, nany* ***maňlaý deriňi döküp iýersiň****”.*

Aslynda Hudaý Adam ata ýer ýüzüni Adam atanyň hut özüniň näletländigini aýdýar. Adam atanyň ýer ýüzüne bütinleý ygtyýary bolansoň, iblisiň ygtyýary üçin gapyny hut özi açyp, Hudaýy kowup çykardy. Indi Hudaýyň eli daňylgy we Adam ata iýjek çöregini maňlaý derini döküp, agyr zähmet içinde gazanmaly bolar. How enäni aldawa salan pursadynda iblis kiçijek bir zady ondan gizläp aýtmandy: Hudaý iblisi eýýäm höküm edip, ony eýýäm jennetden kowup, bakylygy "dowzah" atly ýerde geçirjekdigini yglan edipdi. Siziň muňa düşünmegiňiz örän wajyp zat. Köp adamlaryň: "Söýgüden doly neneň edip adamlary 'dowzah' diýen ýere kowup bildikä?" diýmegi ahmal. Muny Hudaý etmändi, muny Adam ata etdi. Indiki parçadan görşümiz ýaly, dowzah hiç haçan ynsan üçin niýetlenilmändi.

> *"Onsoň solundakylara şeýle diýer: 'Eý, lagnatlylar, Meniň ýanymdan aýrylyň,* ***iblis bilen onuň perişdelerine taýýarlanan*** *ebedi oda ýanyň!'" (Mat. 25:41).*

Adam ata bilen How ene iblisiň ýurisdiksiýasyna düşenlerinden soň, onuň hökümininiň astyna hem düşdüler. Ynsan jynsynyň bary Adam ata arkaly iblisiň ygtyýarynyň astyna düşdi. Iri şahly malyň köpelişini mysal alalyň. Eger sygyrlaryňyzyň biri guzlasa, onuň gölesine siziň tagmaňyzy basarlar, sebäbi bütin süri size degişli. Şunlukda, Adam atanyň tutuş nesli iblisiň ýurisdiksiýasyna düşdi-de duruberdi. Standart dini düşünje ýa-da, meniň pikirimçe, bu düşünjäniň bolmazlygy şundan ybarat: ynsanyň kysmaty – onuň näderejede oňat ýa erbet bolýanlygyna baglylykda onuň jennete ýa-da dowzaha düşýänligi baradaky düşünje düýbünden nädogry. Mesele – bu kysmatyň eýýäm çözülenliginde. Ynsanlaryň hemmesi dowzaha düşer. Bu olaryň haýsydyr bir erbetligi edenligi zerarly däl-de, Adam atanyň edenleri sebäpli şeýledir. Indi Hudaý Özüniň ýaradan ynsanlaryna bolan söýgüsi sebäpli Isa Mesih arkaly halas ediş meýilnamasyny amal edýär; ol adamlara şeýle kysmatdan sypyp, Hudaýyň Şalygynyň ýurisdiksiýasyna dolanmaga mümkinçilik berýär.

*“Ol bizi garaňkylygyň ygtyýaryndan boşadyp, Öz söýgüli Oglunyň Şalygyna getirdi” (Kol. 1:13).*

Belläp geçilmeli zat: Hudaý iblisiň ýurisdiksiýasyndan we höküminden kanuny taýdan çykmagyň çäresini öňden taýýnlap goýdy. Ýöne ondan peýdalanmak üçin, her bir erkek, aýal we çaga Isa Mesihiň adyny çagyryp, bu çözgüt babatda öz şahsy saýlawyny etmelidir. Eý, mesihiler, maňa bir salym gulak goýuň. Goňşy köçedäki şol mylaýym aýala ol ölmezinden öň kimdir biri Isa Mesihiň adyny çagyrmalydygyny aýtmasa, bu aýal dowzaha düşer· Dowzahda oňat adamlar köp bolar· Ýagşy işleri etmek arkaly dowzahdan gutulyp bolýandygyna ynanmaga mejbur edýän iblis ýalan aldaýar· Isa Mesihiň ady – erkekleri, aýallary halas etmek we iblisiň höküminden gutulmak üçin berlen ýeke-täk atdyr. Şeýle-de men şuny nygtasym gelýär: Adam ata günä edende, ruhy taýdan ölüp, Hudaýdan arasyny açdy, ýöne ol heniz-de ýer ýüzüne kanuny esasda eýeçilik edýändir. Bu şeýle bolany üçin, iblis jynlardan ruhlanýan adamlary ulanmaly bolýar, Hudaý bolsa ynsanlaryň şalygynda işleri amal etmek üçin Ruhdan dolan adamlary ulanmaly bolýar. Şunlukda, eger gysgaça aýtsak, biz göklere ýa-da dowzaha düşmekligiň ýuridiki sorag bolup durýandygyna düşünýäris, ol biziň näderejede oňatdygymyza bagly däl, ol Isa Mesihiň haçda iblisden üstün gelip gazanan kanuny ýeňşine esaslanýar. Isa Mesih ynsany iblisiň ýurisdiksiýasyndan kanuny esasda çykmagyny mümkin eden hem bolsa, bu mümkinçilikden peýdalanmak üçin adamlaryň her biri Isa Mesihiň adyny iman bilen çagyrmalydyr.

Indi bolsa ýokarda gürrüňini edip, ozal beren soragymyza dolanalyň: “Isa Mesih Markyň hoş habarynyň 6-njy babynda beýan edilýän wakadaky adamlara näme üçin şypa berip bilmedikä?” Men bu soragyň ýurisdiksiýa degişlidigini aýdaýyn, bu hakykatdan-da şeýle. Adam ata ynsan şalygynyň üstündäki ygtyýarlygyň ruhy ýurisdiksiýasyny iblise berensoň, Hudaý bu ýere islän wagty kürsäp girip bilmeýär, sebäbi bu bikanuny bolardy. Meniň şindi aýdanlarymy ýeriň aslynda kime degişlidigi bilen bulaşdyrmaň. Mukaddes Kitapda ýer ýüzüniň tutuşlygyna Rebbe degişlidigi aýdyň aýdylýar. Emma ynsanlar şalygy babatda welin Hudaýyň ýer ýüzünde

kanuny ýurisdiksiýasy ýok. Biz munuň tassyklamasyny Lukanyň hoş habarynda (4:5–7) tapyp bilýäris:

> *Soňra iblis Isany bir belent ýere çykaryp, Oňa dünýäniň ähli şalyklaryny görkezdi. Iblis Isa: “Men bularyň ählisiniň hökümdarlygyny we şan-şöhratyny Saňa bereýin. Bular maňa berildi, men hem ony islänime berip bilýärin. Şonuň üçin Sen maňa sežde etseň, bularyň bary Seniňki bolar” diýdi.*

Biz şu parçada Adam atanyň dünýä şalyklarynyň üstündäki ygtyýarlygy iblise berendigini görýäris. Hut şu sebäpdenem Hudaý ýer ýüzündäki şalykda adamlar babatda islänini edip bilmeýär. Ýöne eger Ol Oňa ynanýan we gökleriň ygtyýarlygyna asla şübhelenmeýän erkegi ýa aýaly tapsa, onda Hudaý bu adam arkaly Öz ygtyýarlygyny amal edip bilýär. Ilkibaşda iblis hem bu şalygy oňa kanuna esasda hökmürowanlyk edýän Adam atanyň elinden şeýdip alypdy. Hudaý Öz ynsany bolan Adam atany ýitirende, Ol Öz gutulyş meýilnamasyny amal etmek üçin, ýer ýüzüne başga bir girelge tapmaly boldy: bu adamyň ady Ybramdy.

> *Reb Ybrama şeýle diýdi: “Öz ýurduňy, kowumdaşlaryňy we ataňyň hojalygyny taşla-da, Meniň saňa görkezjek ülkäme git. Senden beýik millet ýaradyp, Men seni ýalkaryn, adyňy arşa götererin, başgalar sen arkaly ýalkanarlar biri-birlerine pata bererler. Seni ýalkany ýalkaryn, seni näletläni-de näletlärin; Ýer ýüzündäki ähli milletler sen arkaly pata alarlar”.*
>
> – Gelip çykyş 12:1–3

Ýer ýüzündäki ygtyýary gaýtaryp almak we ynsanlary halas etmek babatdaky meýilnamasyny amala aşyrmak üçin, Hudaý Ybramy, ýa-da Ybraýymy, gapy hökmünde ulanýar. Hudaý Ybraýym we onuň nesli bilen äht baglaşýar hem-de bu ýuridiki ylalaşyk arkaly Hudaý Ybraýymyň neslinden Isa Mesihi dünýä getirmäge mümkinçilik alýar. Hut şu sebäpdenem Isa Mesih Ybraýymyň neslinden bolmalydy; hut şu sebäpdenem Ysraýyl

halkyna goňşy halklardan bolanlara öýlenmeli ýa durmuşa çykmaly däldi. Hut şu sebäpdenem Täze Ähtiň birinji kitaby nesil şejeresinden başlanýar. Ol Isa Mesihiň hakykatdan-da Ybraýymyň neslinden bolandygyny tassyklap, Isa Mesihiň gelmeginiň we günäleriň muzdunyň tölenilmeginiň kanuny bolandygyny iblise subut edýär.

Erkek bilen aýal heniz-de ýer ýüzüni ýuridiki taýdan gözegçilikde saklaýandygy üçin (muny ruhy gözegçilik bilen bulaşdyrmaly däl), Hudaý we iblis maksatlaryna ýetmek üçin adamlary ulanmaly bolýalar. Sada sözler bilen aýdylanda, erkekler we aýallar ýer ýüzünde ýeke-täk kanuny subýektlerdir. Adam ata bilen How ene iblisiň aýdanlaryna ynanyp, oňa ýer ýüzüne girmäge mümkinçilik berişleri ýaly, Hudaý hem Özüni ýer ýüzünde aýan etmek üçin Onuň aýdýanlaryna ynanjak adamlary tapmaly bolýar. Erkek ýa-da aýal iblisiň aýdýanlaryna däl-de, gökleriň aýdýanlaryna tüýs ýürekden ynanlarynda, muňa iman diýilýär; şeýle iman göklere bu adam arkaly ýer ýüzünde aýan bolmaga kanuny tutaryk berýär we iblisiň şalygyna garşy Hudaýyň ygtyýarlygynyň amala aşmagyny mümkin edýär. Ýene köp zatlary aýtsa bolar, ýöne men bularyň baryny ilkinji iki kitabymda jikme-jik beýan etdim.

Esasy pursat şundan ybarat: iblis şu taýda – ýer ýüzünde bolany üçin, öz şalygyny hemişe goraýar we Hudaýyň meýlini elmydama bozasy gelýär. Şonuň üçin-de Hudaý Öz meýilnamalaryny we strategiýalaryny ýer ýüzündäki şalyga ornaşdyrmak üçin adamlar arkaly hereket edýär.

Hudaýyň adamlar arkaly nädip hereket edýändigini bileniňizde, öz durmuşyňyzda üstünligiňiziň we ýeňşiňiziň açaryny taparsyňyz. Men muny strategiýanyň güýji diýip atlandyrýaryn!

3-nji bap

# HAÝRAN GALANLAR

Maňa bütinleý nätanyş bir adam jaň etdi. Ol özi bilen tanyşdyrandan soň, oňa we ýene-de birnäçe ýaş ýigitlere meniň “Imana görä aw awlamak” atly kitabymy we Hudaýyň Şalygy baradaky taglymymy halaýandyklaryny aýtdy. Mundan başga-da ol anna güni agşam we şenbe güni irden 70 erkekden ybarat topara bu taglymymy öwretmek üçin Montana baryp bilýänimi sorady. Men oňa jogap berip ýetişmänkäm, ol maňa: “Şenbe güni irden sizi antilopa awlamaga ýanymyz bilen äkidesimiz gelýär. Şonda antilopa awlamagyň möwsümi bolar” diýdi. Men köp oýlanyp durmadym. Ol adam eger ogullarym islese, bu çakylygyň olara-da degişldigini aýtdy. Tomus paslynyň indiki aýlarynda olar maňa güýzde boljak aw awlamaklyga gerek ygtyýarnamany dogry rejelemäge kömek etdiler. Oglum Tim hem meniň bilen gitmek isläp, şeýle ygtyýarnamany edindi.

Meniň bilşime görä, bu “Wadalary saklaýanlar” toparydy we olar öz taglymymda imana görä sugunlary awlaýşym baradaky wakalaryma haýran galypdyrlar. Olar 30 ýa 40 minudyň dowamynda suguny imana görä alşymy we Hudaýyň hatda awlajak haýwanymy anyk kesgitlemäge, ýagny onuň jynsyny we şahlarynyň ululygyny bilmegi öwredişini öz gulaklary bilen eşidesleri gelýärdi. Dogrymy aýtsam, şaýat bolan wakalarym akyla sygjak zat däldi; men olary öz gözüm bilen görmedik bolsam, onda, belki, olar ýaly gyzyklanma bildirerdim.

Ahyrda Montana gidilmeli wagt ýetip geldi. Tim ikimiz ol ýere baranymyzda, erkekler toparynyň birnäçe lideri, diýseň oňat, dogrudan-da Rebbi söýýän oglanlar eken. Olar bizi forel balygyny tutmaga, biziň üçin taýýarlan tälimhanalaryna tüpeňden atmaga äkitdiler. Men Ogaýo

ştatynda önüp-ösemsoň, tüpeňden uzak aralyga atmaga endik etmändim. Biziň kanunlarymyz sugunlary seçme tüpeňden awlamaga rugsat berýärdi, bu hem hemişe diýen ýaly 100 metr, käwagt bolsa 50 metrden hem golaý aralykda bolup geçýärdi. Şonuň üçin-de, olar nyşany 180 metr uzaklykda goýanlarynda, bu meniň üçin adaty däldi, ýöne biraz türgenleşenimizden soň men polat plastinaly nyşana degdim we awa taýyndygymy mälim etdim.

Men şol gün agşam we ertesi gün irden ýerli mekdebiň zalynda erkeklere taglym berdim. Oglanlaryň hememsi Hudaýyň Şalygy, aýratynda Hudaýyň aw awlamak arkaly maňa Şalygyň kanunlaryny öwredişi baradaky gürrüňlerime sabyrsyzlyk bilen garaşýardylar. Günortanlyk naharynda soň olar: “Bolýar, ýör indi antilopa awlamaga gideliň” diýdiler. Men ozal antilopalary awlap görmändim we munuň nähili boljagyna doly düşünmeýärdim. Meniň awçylyk tejribämä görä, aw awlamaga iň köp bolanda, iküç adam gidýär. Ýöne bu oglanlar welin üç-dört maşyn bolup awa ugradylar. Şol wakanyň öňküsi güni Timiň soranlary ýadyma düşýär: “Kaka, sen antilopany awlajagyňa aljyraňokmy? Sen olara Hudaýyň Şalygy barada öwredip, Şalygyň her gezek işleýändigini ynam bilen aýdarsyň, ýöne  antilopany awlap bilmeseň, olar-da muny görseler näme edersiň?” Men oňa antilopany gaýgy etmeýändigimi aýtdym. Drenda ikimiz eýýäm tohum ekip, antilopa babatda ylalaşypdyk; ol hökman şol ýerde bolar.

Biz awçylyk ygtyýarnamasynyň hereket edýän meýdanyna gidip barýarkak, oglanlar antilopanyň Demirgazyk Amerikada iň ýyndam haýwandygyny we ýyndamlyk boýunça planetada ondan diňe geçigaplaňyň öňe geçýändigini düşündirdiler. Olar antilopanyň görejiniň ýitidigini, olaryň esasy goragynyň bolsa ylgawdygyny, adamy gören badyna zym-zyýat bolýandygyny aýdyp berdiler. Awçylyk ygtyýarnama görä men erkek antilopany, Tim bolsa urkaçysyny awlap bilýärdi.

Biz aw awlajak ýerimize baryp ýetenimizden soň beýigräk ýere çenli maşynda gidip, depäniň çür başyna pyýada galyp, haýwanlary tapmak üçin şol ýeri gözden geçirmekçidik. Biz ýokary galyp barýarkak, uzakda antilopalaryň sürüsini gördük. Ýeriň relýefiniň aýratynlyklary sebäpli biz deräniň çykgytlaryna duwlanyp, ok ýetim ýere çenli ýetip bileris diýen

karara geldik. Biz soňky baýra örän seresaply golaýlap, soňra bolsa şol ýere golaýlanymyzda antilopalar heniz-de şol ýerde galsalar, olary atmak üçin baýryň depesine usullyk bilen galmalydyk. Şeýle ýagdaýda haýwanlara çenli aralyk 200 metre golaý bolardy.

Baýryň depesine ýetmek üçin, Tim ikimiz usullyk bilen bagrymyz bilen süýşüp gitdik; şol ýerden antilopalary gören oýlugymyz eliň aýasynda ýaly görünýärdi. Maksat şeýledi: men erkek antilopany atanymdan soň, Tim urkaçysyny atmalydy. Men baýryň gerşine ýuwaşjadan süýşüp bardymda, öňe seretdim. Biziň maksatnamamyz, elbet-de, amal boldy: kiçiräk süri bizi görmändi. Men tüpeňi galdyrdym, ýöne bagrymyzda süýşüp geçen uzak aralygymyz sebäpli demim demime ýetmänsoň, ony elde mäkäm saklamak kyn düşdi. Ahyrda erkek antilopany nyşana alandyryn öýdüp, tüpeňiň gulagyna basdym. Sowa geçdim. Ikinji gezek atanymda, süri aljyrana meňzeýärdi. Men üçünji, dördünji gezek atdym – hemme okum sowa geçdi. Men bäşinji gezek atmakçy bolanymda, diňe şaňkyldynyň sesini eşitdim. Meniň okum gutaran eken.

Başagaýlygyň içinde men bütin sürüniň ürküp, ok ýetim aralykdan uzaklaşandygyny gördüm. Hemmesi, diňe şol nyşana alan erkek antilopam durdy. Ol birinji gezek ok atan ýerimiň bary-ýogy birnäçe metr aralykda gymyldaman durdy. Men gyssanmaçlyk bilen Timiň tüpeňini aldym. Bu gezek men ýerimden towsup, bada-bat atdym. Erkek antilopa ýere ýykyldy. Men şol bir wagtyň özünde hem şatlandym, hem-de ýeňillik duýdum. Men antilopany awladym. Yzyma öwrülenimde, oglanlaryň toparyny görüp, haýran galdym: olaryň hemmesi heşelle kakyp, gygyryşýardylar. Olaryň käbiri el telefonlarynda gürleşýärdiler; men bir oglanyň şeýle diýenini eşitdim: “Hawa, hemme zat edil “Imana görä aw awlamak” diýen kitabyndaky ýaly boldy, bary-ýogy 40 minut geçdi we erkek antilopa edil kitapda aýdyşy ýaly, gymyldaman durdy”. Olaryň hemmesi Hudaýyň Şalygynyň nähili hereket edýändigini görmäge gelipdiler. Men olara bu zatlary köp sagadyň dowamynda öwredipdim we olar munuň nähili amala aşýandygyny göresleri gelipdi. Meniň sowa geçen oklaryma garamazdan, bularyň bary amal boldy we meniň taglymymyň hakykydygyny görkezdi. Tim ylgap barýan antilopanyň aýagyndan atyp, öz

urkaçy awyny awlady. Biziň ikimiz-de şeýle tolgunýardyk! Montana oňat ýerdi we Tim ikimiz Şalygyň ajaýyp tejribesini edindik. Hudaýyň Şalygyny we Hudaýyň wepalylygyny ýatladyp durary ýaly, men antilopanyň kellesini iş otagymdaky stolumyň ýokarsyndan asyp goýdum.

Men bu kitapda awçynyň gürrüňini näme üçin aýdyp berýärin? Sebäbi Hudaý Öz Şalygyny dost-ýarlaryňyza, goşularyňyza we dogan-garyndaşlaryňyza görkezmekde sizi ulanmak isleýär. Olaryň hemmesi munuň nähili işleýändigini göresi gelýär. Dünýä haýsydyr bir ymykly zady göresi gelýär, Hudaý hem haýran galdyrmagy halaýar. Muny amal etmek üçin, siz Hudaýyň Şalygynyň nädip hereket edişini, hemmeleri, hatda sizi-de haýrana galdyrmak üçin gerek bolan mümkinçilikleri we jogaplary Mukaddes Ruhuň berşini bilmeli bolarsyňyz. Men erkek topara ýolbaşçylyk edýän şol birnäçe ýigidiň meni anyk bir maksat bilen çagyrandygyny bilip galdym: olar dine batyp galan ýigitlere Şalygy görkezmek islän eken. Şol gün beren taglymym sebäpli olaryň köpüsi soňra öz ýüreklerini Rebbe bagyş edendigini soňra bilip galdym. Bu meýilnamany Mukaddes Ruh amal etdi, Ol size-de öz meýilnamalaryňyzy amal etmäge ýardam berer.

**DÜNÝÄ HAÝSYDYR BIR YMYKLY ZADY GÖRESI GELÝÄR, HUDAÝ HEM HAÝRAN GALDYRMAGY HALAÝAR.**

Size ýene bir wakany gürrüň bereýin, ýöne bu gezek welin bu waka Mukaddes Kitabyň hut özünden alyndy. Bu waka Hudaýyň adatdan daşary meýilnamalary we strategiýalary bilen sizi haýran galdyrmak isleýändigini ýene bir gezek görkezýär, olar Onuň hakykylygyny we töweregiňizdäki adamlara bolan söýgüsini subut edýärler.

*Bir gün Isa Ginnesaret kölüniň[1] kenarynda wagyz edýärkä, halk Hudaýyň sözüni diňlemek üçin, Onuň daşyna üýşdi. Şonda Isa kölüň ýakasynda duran iki gaýygy gördi. Balykçylar gaýyklardan düşüp, torlaryny ýuwup durdular. Isa gaýyklaryň birine münüp, gaýygyň eýesi Simundan kenardan biraz uzaklaşmagy haýyş etdi. Onsoň Ol gaýykda oturan ýerinden halka öwretmäge durdy. Isa sözüni tamamlandan soň, Simuna: "Kölüň çuň ýerine gidiň-de,*

*balyk tutmak üçin torlaryňyzy suwa taşlaň" diýdi. Simun Oňa: "Halypa! Bütin gije jan etsek-de, hiç zat tutup bilmedik, ýöne Seniň sözüň hatyrasyna torlary ýene taşlaýyn" diýdi. Muny aýdylyşy ýaly edenlerinde, olar şeýle bir köp balyk tutdular welin, torlary-da ýyrtylyp başlady. Şoňa görä olar beýleki gaýykdaky ýoldaşlarynyň gelip kömekleşmekleri üçin, ellerini bulap yşarat etdiler. Olar gelip, iki gaýygy-da balykdan doldurdylar. Gaýyklar tas suwa batypdy. Simun Petrus muny görende, Isanyň aýagyna ýykylyp: "Eý, Agam! Meniň ýanymdan aýryl, men bir günäli adam!" diýdi. Tutan balyklarynyň köpdügine onuň özi we ýanyndakylaryň hemmesi haýran galdy. Simunyň ýoldaşlary Ýakup bilen Ýohanna atly Zebedeýiň ogullary hem muňa haýran galdylar.*

– Luka 5:1–10

Petrus, Simun we Ýakup uzakly gije jan etseler-de, hiç zat tutup bilmändiler. Olar şol kölüň gyrasynda önüp-ösen we ony oňat bilýän tejribeli balykçylar bolsa-da, elleri boş gaýdyp gelipdiler. Ýöne waka, elbetde, munuň bilen tamamlanmaýar. Isa Mesih wagyz etmek üçin Petrusyň gaýygyny soraýar, soňra bolsa balyk tutmak üçin kölüň çuň ýerine gitmegi buýurýar. Petrus uzak gije balyk tutmakçy bolup, ýeke balyk-da tutmandyklaryny, ýöne Isa Mesih şeýle diýýän bolsa, Onuň aýdyşy ýaly etjekdigini aýdýar. Mukaddes Kitap Petrus tory taşlanda şeýle bir köp balygy tutandygyny, toruň olary götermän, ýyrtylyp başlandygy üçin öz ýoldaşlaryny çagyrandygyny beýan edýär. Soňra Mukaddes Ýazgyda Petrusyň ýoldaşlarynyň-da torlarynyň ýyrtylara gelendigini we netijede iki gaýygyň-da balykdan dolup, batyp başlandygy aýdylýar. Mukaddes Kitapda bu balykçylaryň şol gün tutan balyklarynyň mukdaryna şeýle haýran galandyklary üçin, balykçylygy taşlap, Isa Mesihiň yzyna eýerendigi barada aýdylýar.

Bu waka meniň söýgüli wakalarymyň biri, sebäbi ol iki şalygyň – tümlük şalygy bilen Hudaýyň Şalygynyň arasyndaky tapawudy mesemälim görkezýär. Tümlük şalygy, iblisiň ygtyýarlygy – weýrançylyk, gedaý düşmeklik, uzakly gije balyk tutup, hiç zat tutmazlyk; bu güzerany zordan

aýlamak üçin maňlaý deriňi döküp, agyr zähmet çekmegiň ulgamy. Men muny Hudaýyň Şalygynyň ajaýyp keşbi we onuň peşgeleri bilen deňeşdirilende, Adam atanyň turzan pitnesi zerarly näletlenen ýeriň ulgamy diýip atlandyrýaryn. Bu iki gapma-garşylyga ünsli garaň-da, Hudaýyň size birinjisini – Hudaýyň Şalygyny açýandygyna düşüniň.

Häzir her bir mesihi elini çarpyp: “Hawa, Hudaýyň Şalygy beýik! Bu tutulan balyklara bir garaň-a!” diýer. Ýöne Isa Mesihiň muny nädip edendigini sanlyja adam sorar we adamlaryň köpüsi özlerine hut şýele ygtyýarlygyň berlendigini, Petrusyň, Ýakubyň we Ýohannanyň şol gün alan bolelinliginden özleriniň-de lezzet alyp bilýändigini bilmeýärler. Isa Mesihiň şol gün edenlerini nädip edendigi baradaky soragyň standart jogaby – Ol muny Isa Mesih bolandygy üçin etdi. Ýöne dursaňyzlaň, biz Markusyň hoş habarynyň altynjy babynda beýan edilen wakada şol ýerde gökleriň ýurisdiksiýanyň bolmanlygy zerarly Isa Mesihiň şypa berip bilmändigini görüpdik. Ýok, şol gün dogrudan-da Hudaýyň Şalygyň ruhy kanunlary hereket edip, olar balygyň tutulmagyny mümkin etdi.

Mesele şundan ybarat: meniň duş bolan mesihilerimiň köpüsi Isa Mesihiň edenlerini özleriniň-de edip bilýändigi barada asla pikir-de etmändirler, pikir edäýenlerinde-de, Onuň muny nädip edendigine hiç düşünmändirler. Men öz konferensiýalarymda elmydama şuny aýdýaryn: eger siz haýsydyr bir zady öwredip bilmeýän bolsaňyz, şoňa görä ýaşap-da bilmersiňiz. Eger siz şol balyklaryň nädip tutulandygyny kesgitläp bilmeýän bolsaňyz, siz ony hiç haçan gaýtalap-da bilmersiňiz. Şunlukda, şeýle köp mukdardaky balyk nädip tora düşdükä? Siz muny kesgitläp bilermisiňiz? Eger siz hem şeýle üstünligi gazanasyňyz gelýän bolsa, bu balygyň nädip peýda bolandygyny anyklamalysyňyz. Emma meniň şeýle pikir ýöretmelerim adamlaryň köpüsini sarsgynlyk ýagdaýyna salýar. Ýöne Isa Mesih näme diýipdi?

> *Size dogrusyny aýdýaryn, Maňa iman eden Meniň bitiren işlerimi-de bitirer, hatda bulardan hem has beýik işleri bitirer. Sebäbi Men Atanyň ýanyna barýaryn.*
>
> – Ýohanna 14:12

Isa Mesih Öz Atasynyň ýanyna gidýänligi sebäpli biziň hem Onuň eden işlerini amal edip bilýändigimizi aýdanda, Ol ölüp direlenden soň biziň üstümize inen Mukaddes Ruhy göz öňüne tutupdy. Bu Iordan derýasynda Onuň üstüne inen şol bir Mukaddes Ruhdy, Ol Oňa Hudaýyň gudratly işlerini amal etmegine ýardam beripdi; biz Onuň hyzmatyny öwrenenimizde, bu işleri mese-mälim görüp bilýäris. Markyň hoş habarynyň 6-njy babynda adamlaryň iman etmezliginiň bu güýje päsgel berendigini bilýäris; Lukanyň 5-nji babynda bolsa balyk tutmakda bu güýje hiç zat päsgel bermändi. Şonuň üçin-de biz ol ýa bu ýagdaýda Mukaddes Ruhuň erkin akymyna nämäniň ýardam edýändigini, nämäniň päsgel berýändigini kesgitlemek üçin, Şalygyň kanunlaryny öwrenmeli. Şunlukda, geliň bu wakany jikme-jik öwrenip, Şalygyň kanunlaryny we esaslaryny ýüze çykaryp, kesgitläp we haýsydyr bir zatlaryny öwrenip biljegimize garap geçeliň.

Eger siz meniň birinji kitabymy okan bolsaňyz, onda Petrus öz gaýygyny Isa Mesihe berende, bu ýerde ruhy nukdaýnazardan näme bolandygyny bilýänsiňiz. Petrusyň gaýygy we balykçylyk öz şalygyny hem-de ýurusdiksiýasyny bütinleý çalyşdy! Hawa, Isa Mesih gaýygy Öz gözegçiligine alanda, Petrusyň gaýygy Hudaýyň Şalygynyň ýurisdiksiýasyna geçdi. Bu amal bolan badyna, Mukaddes Ruh kölüň çuň ýerindäki balyklar toplumy baradaky bilimi Isa Mesihe bermäge kanuny tutarygy aldy. Uly mukdarda tutulan balyk Mukaddes Ruhuň şol gün Isa Mesih arkaly Petrusa beren adatdan daşary meýilnamasynyň netijesi boldy. Men muňa syrly bilim diýýärin; şeýle bilim arkaly Petrus, Ýakup we Ýohanna öňde-soňda tutup gören balyklarynyň iň uly mukdaryny gördüler. Mukaddes Kitap aslynda bu ökde balykçylaryň örän haýran galandygyny aýdýar.

Men Isa Mesihiň biziň hem Hudaýyň Şalygyny görkezýän durmuşda ýaşamagymyzy, töwerek-daşymyzdaky adamlaryň muny görüp, haýran galyp, olaryň-da Isa Mesihi tanamagy isleýändigine ynanýaryn. Men diniň boş gaýyklarynyň adamlary Hudaýa asla imrikdirmeýändigine ynanýaryn. Hudaý adamlaryň Öz Şalygynyň ýagşylyklaryny görmegini isleýär; Onuň ýagşydygyny, Onuň ýanyna gelýän her adamy kabul etmäge taýyndygy babatda ynandyrasy gelýär. Işaýa pygamber ýygnaga degişli pygamberligi aýdanda, bu barada şeýle diýipdi:

*"...Rebbiň şöhratyny görkezmek üçin ekilen dogrulyk dub agaçlary diýler olara" (Işaýa 61:3).*

Şunlukda, Lukanyň hoş habarynyň 5-nji babyndaky balyk tutmaklyk baradaky wakadan nähili habary çykarmagyňyzy isleýärin? Bu wakadan köp ruhy kanunlary öwrenip bolýar, ýöne hatda şeýle pikiriň özi-de siziň durmuşyňyzy özgerder.

**Eger Isa Mesih balyk toruny haýsy ýere taşlamalydygyny aýtsa, islendik adam ony tutup biler! Ýa-da muny şeýle aýdaýyn: eger Isa Mesih balygyň nirededigini we ony nädip tutmalydygyny aýtsa, muny islendik adam tutup biler!**

Adamlar: "Bolýar, Geri, bu gowy zat, ýöne Isa Mesih indi bu ýerde ýok" diýýärler. Hawa, bu ýerde ýok, ýöne eger sen iman edýän bolsaň, şol gün Oňa balygyň nirededigini aýdan şol bir Mukaddes Ruh şindi bu ýerde bolup, sende mesgen tutandyr. Isa Mesih Öz şägirtlerinden aýryljak bolanda, olara aýdanlaryna gulak goýuň:

*Men bu zatlary size Özüm ýanyňyzdakam aýdýaryn. Atanyň Meniň adymdan iberjek Hemaýatçysy, ýagny Mukaddes Ruh size ähli zady öwreder. Meniň size aýdan ähli sözlerimi ýadyňyza salar. Men size rahatlyk goýup barýaryn, Öz rahatlygymy size berýärin. Men muny dünýäniň berşi ýaly bermeýärin. Ýüregiňiz gussa batmasyn, gorkmaň.*

– Ýohanna 14:25–27

Isa Mesihiň goýan rahatlygy nähilidi? Bu Oňa her bir ýagdaýda näme etmelidigini aýdan Mukaddes Ruhdy. Isa Mesih Mukaddes Ruhy Hemaýatçy diýip atlandyrýardy. Dost, bu Hemaýatçy sende mesgen tutýar we seni asla ýeke goýmaz. Sen Oňa gulak goýýarmyň? Sen öz düşjek her bir ýagdaýyň babatdaky çözgüdiň Hudaýda bardygy bilen ylalaşmalysyň. Isa Mesih bu Hemaýatçynyň saňa öwredip ýa-da maslahat berip bilýändigini aýdýar. "Mukaddes Kitap üçin Strongyň doly simfoniýasyna" (3875) laýyklykda bu ýerde 'hemaýatçy' diýip terjime edilen grek sözi şuny

aňladýar: kimdir biriniň tarapyny tutmaga çagyrylan, aýratyn-da kömek etmäge çagyrylan. Şeýle-de bu söz kimdir biriniň bähbidini kazyýetde goraýan, aklawçynyň maslahatçysy, ýuristiň kömekçisi ýa-da aklawçysy bolup durýan kişini aňladýar. Bu söz iň giň manysynda kömekçini ýa-da hemaýat berýän kişini, ýardamçyny aňladýar.

Siz babatda nähilidigini bilemok welin, ýöne men-ä şeýle kömekçiden ýüz öwürmezdim. Mukaddes Ruh uzakly gije tor taşlap, hiç balyk tutup bilmedik Petrusyň jogabydy. Men bergilermizden çykmak üçin puly nireden almalydygymy bilmänimde, Mukaddes Ruh meniň jogabym boldy. Men öz maşgalamy ýyllar boýy maliýe bulam-bujarlygyna sezewar edenim üçin Hudaý dilgede ýüz tutanymda, Mukaddes Ruh gijeleriň birinde işläp ýöräm kompaniýamdan çykyp, öz telekeçilik işime başlamalydygymy maňa düýşümde aýtdy. Mukaddes Ruh şu täze kompaniýanyň wezipesiniň Hudaýyň ýagşylygyny ykrar etmekden ybarat boljakdygyny we adamlara bergilerinden çykmaga kömek bermelidigini aýtdy; şol pursatda bu meniň öňde-soňda eşiden pikirlerimiň iň akyla sygmajak pikiridi. Menmi adamlara bergilerinden çykmaga kömek etjek? Men puly nähili saklamaly däldiginiň aýdyň mysalydym. Meniň durmuşym maliýe heläkçiligidi. Ýöne bu Onuň etmeli diýip aýdanlary, şonuň üçin-de Drenda ikimiz iman bilen gulak asdyk, aslynda welin Petrusyň aýdanlaryny aýtdyk: “Reb, munuň hiç manysy ýok, ýöne Sen şeýle diýýän bolsaň, biz muny ederis”. Mukaddes Ruhuň maslahatlaryna eýermek bilen, bu täze kompaniýa ösüp ýaýbaňlandy we Drenda ikimizi bergiden bütinleý çykaran girdejileri berdi. Bu kompaniýa heniz-de işleýär we 30 ýyl geçenden soň hem her ýyl ýüzlerçe müň dollar girdejini berýär.

**ISA MESIH RUHY HEMAÝATÇY DIÝIP ATLANDYRÝARDY. DOST, BU HEMAÝATÇY SENDE MESGEN TUTÝAR WE SENI ASLA ÝEKE GOÝMAZ.**

Men o diýen akylly däl, siz hem şeýlesiňiz, ýöne gerekli jogaplaryňyzy alar ýaly, Hudaý size Mukaddes Ruhy berýär. Ýöne şu kitapdan bilşimiz ýaly, Mukaddes Ruh bilen işlemek arkaly Hudaýyň erkini amal etmegimiz üçin, biz özümize degişli roly ýerine ýetirmeli.

Adamlar bilen gatnaşmagymyň dowamynda men, gynansam-da, şeýle netijä geldim: mesihileriň köpüsi öz durmuşlarynda duçar bolýan ýagdaýlarynyň çözgüdini bilmeýän ýaly bolup görünýär. Olar diňe özlerine bil baglap, uzakly gije balyk tutjak bolýarlar, ýöne olar hemişe diýen ýaly elleri boş galýar. Olar özlerine her bir ýagdaýda kömek ederi ýaly Mukaddes Ruhuň şu ýerdedigi barada ozal eşitmändirler. Mesihileriň köpüsi: “Hudaý maňa şuny we şuny etmäge kömek eder” diýýärler. Olar Onuň özlerine nädip kömek edýändigine ýa-da zerur jogaplary nädip eşitmelidigine düşünmeýär. Adamlaryň köpüsi zerur jogaplary almak üçin Hudaý bilen işlemelidigine düşünmeýärler we Hudaý olaryň meseleleri babatda nämedir bir zatlar ederine garaşýarlar, aslynda welin bu jogap olaryň öz içinde ýerlerşýär.

Mysal üçin, adamlar pul babatda Hudaýyň olara üstünlik gazanmaga kömek etjekdigini aýdýarlar. Men olara: “Oňat zat! Ýöne Hudaý bu puly size nädip ýetirmekçikä?” diýýärin. Olar ilkibada men hamala olaryň imanyna şübhelik edýän ýaly görüp, menden öýkelejek bolýarlar. Ýöne men sözümi dowam edýärin: “Şunlukda, pul nireden peýda bolar? Hudaý olary size nädip ýetirer?” Men olardan jogabyny soranymda, olar aljyrap başlaýarlar. Jogaby haýsydyr bir wagtyň dowamynda bilmezlik adaty zat, ýöne sizde munuň jogaby ahyrda peýda bolaýmaly. Siz öz görmeýän hasylyňyzy orup bilmersiňiz. Ýadyňyzda bolsa, Isa Mesih Petrusa balygyň nirededigini we hatda: “Torlaryňyzy suwa taşlaň” diýip, ony nädip tutmalydygyny aýdanda, diýseň anyk gürläpdi. Eger siz balyk tutmakçy bolýan bolsaňyz, tory nirä taşlamalydygyny bilmelisiňiz.

Adamlar “poçta gutusy” (men muny şeýle atlandyrýaryn) kimin pikir ýöretmelere eýerýändikleri, ýagny Hudaý ähli zady Öz eline alyp, olara derek hemme zady amal eder diýip pikir edýändikleri zerarly maliýe meseleleri we kynçylyklary 10 ýa 20 ýyllap üýtgewsiz galýar. Bu gynandyryjy zat. Olaryň näme üçin üýtgewsiz galýandygyny bilesiňiz gelýärmi? Sebäbi olara balygy Mukaddes Ruhuň usuly, Şalygyň usuly bilen tutmagy hiç haçan öwretmändiler. Olar özleriniň üstünlik gazanmagy üçin Mukaddes Ruhuň ýer ýüzündäki şalykda nähili hereket edýändigini bilmeýärler· Olar özüniň şeýle mätäç bolan üstünligini gazanmakda öz

rolunyň we Mukaddes Ruhuň rolunyň nähilidigini bilmeýärler.

Bu şu gün nahar başynda gören semiz adamyma meňzeýär. Ol örän semizdi, agramy, belki 375 funtdy (170 kilogram). Onuň bir aýagyna germew geýdirilendi we iki sany pişegi bardy. Ol zordan ýöreýärdi. Ol öz çizburgerini iýenden soň, pisse ýagy çalnan pirogy sorady. Men onuň şeýle pirogy sargyt edýändigini eşidenimde, haýran galdym. Men onuň näme pikir edýändigini bilemok welin, ýöne ozalky iýen piroglary hem ýeterlikdir diýip hasaplaýaryn. Ol stoluň başyndan kynlyk bilen turdy-da, kynlyk bilen çykalga tarap haýal ýöräp gitdi. Men mesihileriň şu günki durmuşyny, ine, hut şolar ýaly görýärin: olar wadalary eşidýärler, ýöne zäheri kabul etmegi bes etmeýärler, soňra bolsa hiç zadyň amal bolmaýandygyna geň galýarlar.

Eý, dostum, seniň jogabyň bar! Saňa gerek boljak islendik jogaby bermek üçin, Mukaddes Ruh – Hudaýyň hut Özi sende ýaşaýar. Adamlar menden Sýuzana ýa-da Sallä öýlenip öýlenmezligi, işe ýerleşip ýerleşmezligi, başga ýere göçmegi ýa öňki ýerlerinde galmagy, öz aksiýalaryny satyp satmazlygy barada soraýarlar. Siziň içiňizde mesgen tutan Mukaddes Ruh ähli jogaplary bilýär. Ýene gaýtalaýyn: şu kitabyň maksady – Mukaddes Ruhuň nädip kömek edýändigini we Onuň sesini eşitmekde Hudaýyň Şalygynyň nähili hereket edýändigini bilmekden ybarat.

**SAŇA GEREK ISLENDIK JOGABY BERMEK ÜÇIN, MUKADDES RUH – HUDAÝYŇ HUT ÖZI SENDE ÝAŞAÝAR.**

Şunlukda, geliň, öwrenenlerimizi jemläliň.

**Eger Isa Mesih balygyň nirededigini aýtsa, ony islendik adam, hatda siz hem tutup bilersiňiz!**

Şu hatda Kerol durmuşynyň nähili özgerendigini gürrüň berýär.

*Men geçen ýyl edil şu güni kredit kartlarymdan Roždestwo baýramy mynasybetli sowgatlary satyn alýardym. Men kredit çäklendirmelerimi saklaýardym, sebäbi heniz-de Santa Klausyň bardygyna ynanýan gyzyma sowgat alarlyk pulum ýokdy. Men*

*hemişe diýen ýaly aladaly, gaýgyly durmuşda ýaşaýardym we çopan Gerä hat iberdim. Men oňa bu ekilen tohumyň işlemeýändigini we hiç üýtgeşikligiň bolmaýandygyny aýtdym. Ol maňa sabyrly bolup, garaşmalydygymy, hasylyň ýetişmegi üçin wagtyň gerekdigini, munuň adatça ertesi gün bolmaýandygyny aýtdy.*

*Şindi bolsa, bir ýyl geçenden soň men tutuş maşgalam üçin sowgatlary nagt pula satyn alýaryn. Men bahasy 300 ýa 400 bolan sowgatlary satyn alýaryn we şol kyn günlerimde maňa şeýle kömek eden az sanly adamlary minnetdarlyk bilen ýatlaýaryn. Geçen ýyl men ýerzemininiň bir otagynda ýaşaýardym, dostlarym maňa şol ýeri birnäçe aý ýaşamaga beripdiler. Meniň hatda iýmäge we ýangyç üçin pulum ýokdy. Indi bolsa men owadan bezegli kwartirada ýaşaýaryn, sowadyjym bolsa azykdan dos-soly.*

*3-nji dekabrda gyzymyň doglan güni boldy we biz ony Pensilwaniýa ştatyndaky "Herşi" seýilgähine äkitdik. Biz onuň iň ýakyn jorasyny hem ýanymyz bilen äkidip, "Herşi" myhmanhanasynda ýaşap, hemme zat üçin nagt töledik. Men oňa 400-den gowrak dollara ajaýyp sowgady hem alyp berdim. Geçen ýyl bolsa kimdir biri oňa doglan gününe 30 dollar sowgat berende, özümi kemsidilen ýaly duýupdym.*

*Men bularyň baryny ýazyp otyrkam, gözlerim ýaşdan doly. Men çopan Gerä we aýaly Drenda diýseň minnetdar. Şu ýyl ömrümiň iň ajaýyp ýyllarynyň biri boldy. Hudaýyň durmuşymda eden işleri diýseň ajaýyp. Meniň wakalarymyň hemmesini ýazsaň, olar tutuş bir kitap bolardy. Ýer ýüzünde edil jennetde ýaly ýaşamagy öwredeniňiz üçin size minnetdar.*

Hatlaryň indikisi Hudaýyň Şalygy barada eşiden wakalarymyň iň täsini, ony Miçigan ştatynda ýaşaýan Şeron gürrüň berdi.

*Hormatly çopan Geri! Men bu haty öz ýanýoldaşymyň we hut*

*öz adymdan ýazýaryn. Men size minnetdarlyk bildiresim gelýär, sebäbi siz we aýalyňyz biziň üçin ruhlanma gözbaşy bolduňyz. Biz siz barada Sid Rotyň gepleşiginden üç-dört ýyl mundan ozal eşidipdik. Biz şol döwürde örän kyn günleri başdan geçirýärdik. Meniň ýanýoldaşymy 18 ýyl işländen soň işden çykardylar, biz bolsa şol wagt ýaňy bir 280 000 dollarlyk jaýymyzy gurup tamamlapdyk. Biziň bergimiz başymyzdan agdykdy we örän aljyraýardyk.*

*Biz siziň diskleriňizi sargyt etdik we olar bizi ýykylmakdan saklady. Biz berginiň götererden juda agyr bolup, saglyga we durmuşa güýçli täsir edip bilýändigini ýüze çykardyk. Biz bu ýagdaýdan hiç çykalga tapmaýardyk. Biz täze gurnan jaýymyzyň tölegini töläp bilmänimizden soň, göçmäge mejbur bolduk, ýöne şol wagta çenli biz onda eýýäm iki ýyl ýaşapdyk. Munuň özi-de biziň üçin ýalkanyşdy.*

*Wakamy gysgaldaýyn. Meniň ýanýoldaşym dört ýyldan soň işine dolanyp bardy, sebäbi ol iman etmesini bes etmedi we Hudaýyň wadalaryna ynandy, siz we aýalyňyz bolsa bize diskleriňiz arkaly kömek edýärdiňiz. Meniň ýanýoldaşym öňki işine gaýdyp bardy we şol dört ýylyň aýlygyny doly aldy! Munuň üçin aklawçylar ýa-da ýuridiki seljermeler gerek bolmady. Şeýle-de oňa şol dört ýylyň dowamynda berilmeli zähmet rugsatlary hem berildi. Aslynda, ony işine yzyna alanlarynda, ondan ilki bilen talap edilen zat – dynç alşa gitmelidi! Netijede, onuň öwez puluna alan tölegi arkaly biz şol taşlamaga mejbur bolan jaýymyzdan has gowy jaýy nagt pula satyn alyp bildik. Siziň ähli edýän işiňiz üçin minnetdarlyk bildirýäris.*

Missuri ştatyndan Endrýudan gelen hat:

*Iki ýyl mundan ozal, maý aýynda, men kyn ýagdaýa düşdüm. Men öňki işimden lezzet almaýanlygym sebäpli işjeň satuw çäklerindäki täze bir wezipä geçmäge razylyk berdim. Maňa çynlakaý*

*kollektorlar jaň edýärdiler, pulum çöregim bilen maşyn ýangyjyma zordan ýetýärdi, aýyň ahyry ýetip gelýärdi, jaýyň kärende tölegi gitdigisaýy artýardy. Emma mende Geriniň "Özgeriş 2.0" atly kompakt-diskleriň toplumy bardy. Bir gezek ýygnakda otyrkam, sadaka beresim geldi, ýöne meniň bary-ýogy 23 dollarym bardy, maşyndaky ýangyjym bolsa bir hepdä zordan ýetjekdi. Işim hem o diýen gowy däldi we men Hudaýa sadaka beresimiň gelýändigini, ýöne pulumyň ýokdugyny mälim etdim. Men kalbymda bir ses eşitdim: "Men (Hudaý) bu 23 dollar bilen senden has köp zatlary edip bilerin". Hudaý maňa 20 dollary sadaka bermegimi we onuň maňa ýüz esse gaýdyp geljekdigine ynanmagymy aýtdy.*

Şol penşenbe güni meni başga birini hasabat ýazgylaryna kömek edýärdim. Men bu işden hiç zat gazanmajakdygymy bilsem-de, muňa kömek etmek isledim. Iş güni tamamlanandan soň meniň ýolbaşçym eden kömegimiň gadyryny bilýändigini we şol gün satylan harytlar üçin sylag aljakdygymy aýtdy (size düşnükli bolar ýaly aýdyňlaşdyraýyn: komission satuwlarda beýle zat asla bolmaýar). Bilýäňizmi näme? Meniň almaly umumy girdejim... 2000 dollar boldy! Heniz bir hepde geçmänkä, 100 ESSE GAÝDYP GELDI!

*Hudaý dogrudan-da aldamaýar we Onuň bolan ýerinde az zat köp zada öwrülýär. Şondan soňra men ondan bir bölegi yhlas bilen berdim, ösüşiň bolaryna umyt baglap, sadakalary şatlanyp berdim.*

*Birnäçe aý geçenden soň men täze wezipä bellendim, ol meniň HUT arzuw edýän işimdi. Men bary-ýogy iki ýylyň dowamynda güzeranymy zordan aýlamakdan girdejimiň dört esse artmagyna ýetdim. Rebbe öwgüler bolsun, bütin şan-şöhrat Oňa degişlidir. Goşmaça bonus; meniň maşynym indi banka degişli däl, men BAHASY DOLY TÖLENEN täzeje maşymy sürýärin!!!*

Ine, bu bolsa Hudaýyň şan-şöhraty barada Koreýadan gelen şaýatlyk:

*Hormatly çopan Geri!*

*Men maksatsyz ýaşaýardym, özbadak hiç bir işi başarmaýardym. Men kim näme berse, şoňa-da ýaşamaga endik edipdim; adamlar maňa kömek etmekden halys ýadanlarynda bolsa, meniň gündeki azygym birnäçe köke bilen koka-kola çüýşesinden ybarat bolýardy. Bu meniň özüme we iki çagama alyp bilýän zadymdy. Men jaýyň we hojalyk töleglerini töläp bilmeýärdim. Men "Iman durmuşy" (Faith Life Church) ýygnagyň hyzmatyny göni ýaýlymda birinji gezek görşüm heniz-de ýadyma düşýär. Men göni ýaýlyma çykyp duran çopanyňyza öz ýagdaýymyň näderejede erbetdigini gürrüň berdim. Ol Hudaý salgydy tölemek üçin Petrusa balygy nirede tutmalydygyny görkezişi ýaly, maňa-da balygy nädip we nirede tutmalydygyny görkezmegi üçin Hudaýa ýalbarmagy ündedi. Gepiň gysgasy, meniň indi afrikan restoranym we dellekhanam bar. Bularyň bary Geri çopanyň taglymyny diňlänim sebäpli aldym. Rebbe öwgüler bolsun!*

Gör nähili täsin wakalar! Siziň: "Geri, bu gowy zat. Başga adamlaryň işi oňuna boldy, ýöne meniňki däl" diýmegiňiz ahmal. Ýöne siziň wakaňyz heniz tamamlanmady! Sizden şuny soraýyn: siz şu baby okap, oturgyçda otyrkaňyz, ýel sizi syryp äkider gorkusyndan ýaňa oturgyçdan ýapyşýarsyňyzmy? Ýok, bu beýle däl. Näme üçin?  Sebäbi siz grawitasiýa kanunynyň bardygyny we onuň hemmelere deň derejde täsir edýändigini bilýärsiňiz. Hudaýyň Şalygy hem edil şeýle hereket edýär. Siz kanunlary öwrenip bilýärsiňiz. Siz durmuşyňyzy Hudaýyň gudraty baradaky waka öwürjek täsin strategiýalary eşitmegi öwrenip bilýärsisňiz. Biz bu wakalaryň aňyjylyk ukyby we Mukaddes Ruhuň kömegi arkaly amal bolýandygyny eýýäm ýüze çykarypdyk. Şunlukda, geliň syýahatymyzy Mukaddes Ruhuň hereketiniň käbir esaslaryny öwrenmekden başlalyň, soňra bolsa bize gerek strategiýalary eşitmeklige jikme-jik garap geçeliň.

4-nji bap

# ESASY ZAT: ŞONSUZ ÖÝDEN ÇYKMAŇ

Eger siz Mukaddes Ruhuň strategiýasyndan we Onuň ýolbaşçylygy astynda gazanylan ýeňişlerden doly durmuşda ýaşamak isleýän bolsaňyz, onda size, birinjiden, göklerden dogulmak gerek, ikinjiden bolsa Mukaddes Ruha çümdürilmek gerek. Hawa, bu şol bir Ruhuň biri-birinden bütinleý tapawutlanýan iki dürli işidir. Eger bu siziň üçin haýsydyr bir nätanyş zat bolsa, onda gorkara zat ýok. Men sizi mundan alyp geçerin. Ýöne bada-bat işe geçeýin: Isa Mesih Mukaddes Ruha çümdürilmäniň örän wajypdygyny, hatda onsuz öýden-de çykmaly däldigini aýdypdy. Gaýtalaýyn, bu meniň sözlerim däl; Isa Mesih muny Resullaryň işleri kitaby 1:4-5-de aýdýar.

> *Günleriň birinde Isa olar bilen saçagyň başynda otyrka, şeýle buýruk berdi: "Iýerusalimden gitmäň, Meniň owal aýdyşym ýaly, Atamyň wada beren peşgeşine garaşyň. Ýahýa sizi suwa çümdüripdi, emma ýene birnäçe günden* ***siz Mukaddes Ruha çümdürilersiňiz****".*
>
> – Resullaryň işleri 1:4, 5

> *… Emma siziň üstüňize Mukaddes Ruh inende, güýç-gudratdan dolarsyňyz...siz Meniň şaýatlarym bolarsyňyz.*
>
> – Resullaryň işleri 1:8

Isa Mesihiň: *"Şonsuz öýden çykmaň, bu örän wajyp!" diýip*

*aýdandygyna üns beriň. Aslynda Ol: "Hudaýyň işlerini amal etmek üçin, Hudaýyş Şalygynyň şaýatlary bolmak üçin, siz bu güýç gerekdir" diýip aýdýar. Emma biziň günlerimizde Mukaddes Ruha çümdürilmek barada eşitmeli ýa-da ony başdan geçirmeli mesihiler köp. Ýygnakda önüp-ösendigine garamazdan, Mukaddes Ruha çümdürilmäniň ge*rekdigi barada ýeke gezek-de eşitmedik mesihiler köp. Käbir mesihiler bolsa ýygnakda terbiýelenip, olara şeýle çümdürilmäniň häzirki döwür üçin däldigi, gudratlaryň geçmişde galandygy barada aýdyl*ýar.*

Men şeýle ýygnakda ulaldym we Mukaddes Ruha çümdürilme barada ozal hiç eşitmändim. Men bu gudratly hakykat barada heniz eşitmedik adamlardan dünýäniň dürli künjeginden örän köp alýaryn. Alýan hatlarymyň köpüsinde häzirki döwürde bu peşgeşiň gymmatlygy babatda şübhe bildirilýär. Şonuň üçin-de, men Mukaddes Ruha çümdürilme baradaky hakykaty kagyz ýüzüne geçirmek üçin ýörite wagt tapdym.

Meniň pikirimçe bu mesele Mukaddes Kitapda ap-aýdyň beýan edilen, ýöne muny, goý, Mukaddes Kitabyň özi *aýtsyn. Ol siziň ähli soraglaryňyza jogap berer. Ýöne ilki bilen özüm üçin  Mukaddes Ruha çümdürilme baradaky hakykaty açyşymy size gürrüň bereýin.*

Men *ýaş wagtym Hudaýy küýseýärdim (ulalandygyma garamazdan, şindi hem küýseýärin) we öz konfessiýamyň ýygnagyna gatnaýardym. Biz ýekşenbe güni irden adaty dini däpleri ýerine ýetirýärdik. Siziň hem şeýle* eden bolmagyňyz mümkin. Öwgi nagmalaryň birnäçesi ýadyma düşýär, olary aýdyp bolanymyzdan soň oýlanma dymyşlygy bolýardy. Biz hemişe "Eý, Gökdäki Atamyz" diýen dilegi okaýardyk, soňra çopan wagyz edýärdi, jemleme nagmasy ýaňlanýardy we ak patalar berilýärdi. Ýygnaklaryň hemmesi şol bir ýagdaýda geçirilýärdi.

*Şol ýerde ajaýyp adamlar bardy, olar Hudaýy dogrudan-da söýýärdiler. Ýöne men* Hoş habaryň hakykylygyny iş ýüzünde hiç haçan görmeýärdim. Men adamlaryň durmuşynyň düýpgöter özgerişini ýa-da Hudaýyň güýji bilen adamlaryň şypa alşyny görmeýärdim. Umuman, men Hudaýyň Şalygynyň äşgärligini göremokdym diýse-de bolýar.

*Şunlukda, men Hudaýy küýseýärdim, 18 ýaşymdadym we kakamyň*

*pisseriýasyny dolandyrýardym. Günleriň birinde pisseriýa bir ýigit gelip,* meni galkynyş ýygnagyna çagyrdy. Ol şäherimizdäki kiçiräk metodist ýygnagynda geçirilýärdi; çagyrylan hoş habarçy bolsa Isa Mesihiň Mukaddes Kitapda edenlerini şü gün hem edýändigi barada wagyz edýärdi.

Bu meniň ünsümi özüne çekdi, sebäbi men muny göresim geldi. Dostlarymyň birnäçesi bu ýygnaga gatnaýardy we men hem oňa baryp görmegi ýüregime düwdüm. Şol agşam Mukaddes Ruha çümdürilme barada hiç zat eşitmesem-de, şol hyzmatda aýan bolan Hudaýyň huzuryndan ýaňa tolgundym. Meniň dostlarym, ýagny bu ýygnagyň agzalary meni indiki ýekşenbe güni ýene çagyrdylar, men hem bardym. Men bu ýygnaga aşyk boldum we ol meniň täze ruhy öýüme öwrüldi.

Galkynyş ýygnagyndan birnäçe hepde soň men aýallar topary bilen tanyşdym; olar ýygnaga gatnaýardylar we Mukaddes Ýazgyny öwrenmek üçin hepdäniň dowamynda sapak geçirýärdiler. Olar Mukaddes Ruha çümdürilm*äniň nämedigi, Ruhuň p*eşgeşleri we başga zatlar barada gürrüň edýärdiler, men şeýle zatlary ozal eşidip görmändim. Men olaryň aýdýan güýji barada örän eşidesim gelýärdi, şonuň üçin-de olaryň Mukaddes Kitaby öwrenýän sapaklaryna gatnaşmak isleýändigimi aýtdym. Bu sapaklar irden geçirilýärdi, men bolsa pisseriýada öýlän işleýärdim, şonuň üçin-de bu sapaklara gitmegi karar etdim.

Men şol ýere baranymda, ýeke-täk oglanyň we bu toparda 18 ýaşlynyň ýeke özümdigimi bilip galdym, ýöne bularyň meniň üçin parhy ýokdy. Men Hudaýy küýseýänligim sebäpli Mukaddes Kitaby öwrenmäge barypdym. Men *örän köp soraglary berdim.*

Aýallar men babatda örän sabyrlydy, olar meni Mukaddes Ýazgydan alyp gitdiler we Isa Mesihiň ýer ýüzünde ýaşan döwründäkisi ýaly Mukaddes Ruha çümdürilmäniň heniz-de elýeterdigini *meniň hut öz* Mukaddes Kitabymyň özünde görkezdiler. Olaryň aýdan iň oňat zady – munuň her bir imanly, muny diläniň *her biri üçin*di.

Mukaddes Kitaby öwrenmek sapaklaryna birnäçe hepde gatnanymdan soň, Women's Aglow atly milli missiaýnyň umumy *şäher ýygnagyny*

*geçirýändigini maha habar berdiler.* Women’s Aglow Mukaddes Ruha çümdürilme taglymy barada köp zady öwredýärdi we henize çenli hem bu işi dowam edýän gurama. Bu aýallar ýygnaga gatnaşmagy meýilleşdirip, meni hem olar bilen şol ýere gitmäge çagyrdylar. Şol döwre çenli esasanda diňe ellinji günüň ýygnaklarynda gürrüňi edilýän bu çümdürilme barada diňlemek we ony görmek üçin dürli denominasiýalaryň wekilleri ýygnanýardy. Bu wakalar köp  adamlaryň Mukaddes Ruh baradaky taglymyň ähli denominasion serhetlerinden aşan günlerinde harizmatik galkynyş diýip atlandyrylýan döwründe bolup geçipdi.

Men Women’s Aglow ýygnagyna gatnaşanymda, ol ýerde ýüzlerçe aýaly gördüm. Men ýene-de erkek hökmünde az sanly topardadym, ýöne şol otagda Hudaýyň huzury duýulýardy.

Men adamlar şypa tapandygyny aýdanlarynda geň galdym we dileg edilýän adamlaryň käbirleriniň ýere ýazylyp gidişine agzymy açyp seredýärdim. Men ozal beýle zady hiç haçan görmändim, bu meniň üçin hem gyzyklydy, hem-de biraz düşnüksizdi. Men munuň Ruhuň eline berilmek diýip atlandyrylýandygyny bildim. Bularyň bary maňa tebigy nukdaýnazardan geň-taň görünse-de, muny başdan geçiren adamlar ruhlanyp, Hudaýyň galtaşmasyny mese-mälim duýan ýaly bolup ýerlerinden galýardylar. Men soňra aýallardan bedeniň Hudaýyň güýjüni özüne sygdyryp bilmeýändigini we käwagt “mesh edilme” diýip atlandyrýan zadyny göterip bilmeýändigini bilip galdym.

Olar maňa munuň Isa Mesihiň hyzmatynda bolup geçen ýerini görkezdiler. Ýohannanyň *hoş haba*ry 18:4b-6-da, esgerler Isa Mesihi tussag etmek gelenlerinde, Ol:

> *“Kimi gözleýärsiňiz?” diýip sorady. Olar Oňa: “Nasyraly Isany” diýip jogap berdiler. Isa olara: “Şol Mendirin” diýdi. Oňa haýynlyk eden Ýudas-da olar bilen durdy. Isa olara: “Şol Mendirin” diýende, olar yza çekilip, ýere ýykyldylar.*

Sežde wagty töweregimdäki ähli aýallar diýseň tolgunýardylar we köpüsiniň Hudaýa öwgüler aýdyp, nämälim dillerde *gürleýändigini*

*eşidýärdim. Bularyň bary* meniň üçin ozal görmedik zatlarymdy we ýygnagyň dowamly böleginde galpydadan dolup durdym. Ýygnagyň köp taraplarynyň maňa geň-taň görnendigine garamazdan, men adaty däl zatlary we Hudaýyň mese-mälim aýan bolýan huzuryny inkär edip bilemokdym. Men Hoş habaryň hakykatdygyny we Hudaýyň güýjüniň Mukaddes Kitapdakysy ýaly ýer ýüzünde heniz-de hereket edýändigini bilenime diýseň begenýärdim.

*Şol gün wagyzçy Mukaddes Ruhuň bu peşgeşini almak isleýän her kesiň ýygnagyň ahyrynda dileg üçin orta çykyp bilýändigini aýtdy. Şonuň üçin-de aýallaryň meniň* bilen dileg etmegi *üçin orta çykdym. Olaryň dileg eden wagty men sarsýardym, sebäbi Hudaýyň huzury öňküden-de güýçli duýulýardy. Onuň huzuryna berlenimden soň, men Mukaddes Ruh bilen dileg edip başlanymy we düşünmeýän sözlerimi aýdyp başlanymy ýüze çykardym. Şol agşam men nämälim dillerde uzak wagtlap dileg etdim. Men başdan geçiren zatlaryma şeýle bir haýran galanym üçin ony öňümden çykan her bir adam bilen* paýlaşasym gelýärdi! Ýöne men muny öz ýygnagymdaky dostlaryma aýdyp berenimde, olar meniňki ýaly duýgulary bildirmediler. Olar adatça nämälim diller iblisden ýa-da şindi aktual bolmadyk zat diýip aýdýardylar. Olar maňa bu titreýän mukaddessumaklara golaýlaşmazlygy maslahat berdiler.

Şol döwürlerde ýygnagyň gapylary Mukaddes Ruhuň peşgeşleri üçin açyk däldi we gudratlaryň resullar bilen ýitip gidendigi baradaky taglym ýörgünlidi. Ýöne indi welin men Hudaýyň güýjüniň asla ýitmändigine düşünip galdym!

Women’s Aglow-yň şol ýygnagyny geçirmezinden biraz öň, meni uly bolmadyk metodist ýygnagymyzda ýaşlar toparyna *ýolbaşçy* belläpdiler. Menden köp zat talap edilenokdy: men diňe ýekşenbe günleri öýlän ýygnagyň ýerzemininde ýaşlaryň duşuşygyny geçirmelidim. Biz adatça oýun oýnaýardyk, garbanýardyk we Mukaddes Kitaby öwrenýärdik. Men özüm heniz örän ýaş bolsam-da, Hudaýyň işlerine bolan yhlasymy görýärdim we kömek etmäge taýyndym.

Toparda on bäşe golaý ýaşlar bardy we men olara Women’s Aglow

ýygnagynda şol gün başdan geçiren Mukaddes Ruha çümdürilmäm barada gürrüň beresim geldi. Men olaryň köpüsiniň şeýle zatlar barada eşitmändigine düşünýärdim we anyk şu ýygnakda ýekşenbe günündäki wagzyň dowamynda şeýle zady eşitmejekdigini bilýärdim.

Soňra bolup geçen zatlary gürrüň bermezimden ozal, şol pursatdaky pikirlerimi gysgaça beýan etsem gowy bolar öýdýän. Men ýaşlar bilen bu zatlar barada gürleşmäge rugsat soramak üçin çopana ýüz tutmandym· (Häzir men şol wagt soramalydygyma düşünýärin)· Şeýle-de men başdan geçiren duýgularymy çopana gürrüň bermändim·

Men öz ýygnagyma garşy pitne turuzmakçy ýa-da öz çopanymdan öňe geçmekçi däldim. Men diňe tolgunmalara gaplanandym. Şol döwürde men bu mowzugyň nähili jedellere eltjekdigine dogrudan-da düşünmeýärdim we çopan muňa garşy çykar diýip pikir-de etmeýärdim.

Mukaddes Ruha çümdürilenimden soň ýekşenbe güni öýlän başdan geçiren duýgularymy ýaşlara gürrüň bermegi we bu hakda Mukaddes Ýazgyda aýdylýan käbir ýerleri, has anygy – Resullaryň işlerindäki käbir aýatlary olara görkezmegi niýetläpdim. Biz ýygnagyň ýerzemininde otyrkak, men öwrenen tejribämi olar bilen paýlaşdym we Mukaddes Ýazgydan bu tejribäni tassyklaýan käbir aýatlary okap berdim.

Hut şol gün çopan hem bu ýygnaga gelip, gürrüň beren wagtymda çep tarapymda otyrdy. Men çopanyň oturanyna üns bermeýärdim. Men onuň çopan hökmünde meniň paýlaşmakçy bolýan zatlarymyň baryny barybir eýýäm bilýär diýip pikir edýärdim.

Şunlukda, men gatnaşyp gören ýygnagym we şol ýerde gören zatlarym barada olara gürrüň berdim· Men nämälim dillerde gürlemegiň jikme-jiklerine garap durmadym. Muňa derek men ähli ünsümi Resullaryň işlerindäki (1:9) aýatda jemledim; ol ýerde Hudaý barada şaýatlyk etmek üçin Mukaddes Ruh üstümize inen pursadynda güýç alýandygymyz barada aýdylýardy· Duşuşygymyzyň ahyrynda men sözümi nädip jemlejegimi dogrudan-da bilmeýärdim. Şonuň üçin-de men çagalara Mukaddes Ruha çümdürilmek isleýänleri bar bolsa, ellerini galdyrmagyny soradym.

Şol pursat men näme etmelidigini bilmeýärdim· Women’s Aglow

ýygnagynda gören ýagdaýymdan başga ýerlerde men kimdir biriniň başgalara Mukaddes Ruha çümdürilmä ýardam bolýandygyny ozal hiç haçan görmändim. Şol wagt men Mukaddes Ýazgynyň bu barada aýdýan ýerleriniň diňe iki-üçüsini bilýärdim.

Şonuň üçin-de, men: “Eger siz Mukaddes Ruhuň bu peşgeşini almak isleýän bolsaňyz, eliňizi galdyraýyň we başymyzy egip, dileg edeliň” diýdim. Bu dogrudan-da meniň bar diýen zadym boldy. Men olara elimi degirmedim, Mukaddes Ruhy almagyň tärleri barada görkezmeler bermedim. Biz “ýagşy” mesihileriň ählisine öwredilişi ýaly, gözlerimizi ýumup dileg etdik.

Men “Omyn!” diýenimden soň çagalaryň arasynda galmagal eşidildi. Men gözlerimi açanymda, käbir çagalaryň sandyraýandygyny, ýedi çaganyň bolsa nämälim dillerde gürläp başlandygyny gördüm. Olar nämälim dillerde gürläp başlanlanda, ýüzleriniň nur saçýandygyny gördüm. Olar edil çyra ýaly şöhle saçýardylar! Men muňa gaty haýran galdym!

Şol pursada çenli ýeke söz-de gürlemän duran çopanym meniň egnime kakyp, edil şol pursadyň özünde meniň gürleşmek isleýändigini aýtdy. Biz goňşy otaga geçenimizden soň, ol meniň ýüzüme dikanlap seretdi-de, şeýle diýdi: “Bu iblisden. Sen bu ýerde indi ýaşlar toparynyň lideri bolup bilmersiň. Biz muňa ýol berip bilmeris”.

Men: “Siz munuň iblisdendigini neneň aýdyp bilýäňiz? Bu çagalara serediň-ä! Olar nur saçýar-a!” diýip pikir etdim. Olaryň üstüne inen meshi adaty göz bilen görüp bolýardy. Şol döwürde men “mesh” sözüni, elbetde, bilmeýärdim. Men olaryň ýöne nur saçýandygyny bilýärdim, men olara hatda elimi-de degirmändim, özlerini nähili alyp barmalydgyny hem aýtmandym. Çopanyň by gyjalaty meni lapykeç edip, aljyratdy, men näme etjegimi-de bilmeýärdim.

Indiki ýekşenbe güni men ýene-de ýygnaga geldim, ýöne hemişe oturýan öňdäki ýerime däl-de, yzky hatarda oturdym. Men ýaşlar ýygnagynda edenlerim üçin çopanyň gözüne düşenligim sebäpli, hemme zady özüm aýdyňlaşdyrýançam, biraz ümsüm bolanym has oňat bolar diýip pikir etdim.

Ýekşenbe güni irdenki hyzmat wagtynda hemişe bolşy ýaly,

ümsümlikde oýlanma wagty ýetip geldi· Biziň ýygnagymyzda bu galpyldadan doly we ümsümklikde dileg etme wagty. Hemmeler başyny aşak egdiler, ýeke ses-de çykmaýardy. Iňňäniň ýere gaçyşyny-da eşidip bolýardy. Men setiriň gyrasynda otyrdym we geçelge-de duran kimdir biri meniň egnime kakýardy.

Men örän ýuwaş we dileg edilýän wagty kimdir biriniň ýerinden turup, ýöräp gelenine ilki birhili boldum. Gözlerimi açanymda, geçen hepde geçiren ýaşlar duşuşygyna gatnaşan oglanlaryň biriniň durandygyny görüp, geň galdym. Şeýle-de men şol agşam onuň Mukaddes Ruha çümdürilen ýedi oglanyň biridigini bilýärdim. Ol maňa seretdi-de: “Ýör gideli!” diýdi. Men: “Nirä? Näme üçin?” diýip pikir etdim.

Geň galmaly zat – ol Mukaddes Ruha çümdürilen agşamyndakysy ýaly nur saçýardy we men Hudaýyň nämedir bir zatlary edýändigine düşündim. Ýöne men haýsydyr bir zatlary edip-etmezliginiň wagtydygy babatda ikirjeňlendim, sebäbi men onsuzam eýýäm çopanyň gözüne düşüpdim. Şeýle-de men ýekşenbe günündäki ýygnak hyzmatynda islänimizi edip bilmeýändigimizi bilýärdim. Şonda ol oglan: “Men ejem üçin dileg edesim gelýär” diýdi.

Men bolup duran zatlara indi düşünip başladym. Men onuň ejesini tanaýardym. Ol kiçijek, hor aýaldy, ol köp wagtdan bäri ýaranokdy. Onuň arka oňurgasynyň bäş bölegi weýran bolupdy we lukmanlaryň ýeke-täk berýän umydy – olary birleşdirmekdi. Bu operasiýa diýseň agyr operasiýady, meniň dostum bolsa onuň ýalňyz çagasydy. Ol ejesini, elbetde, gaýgy edýärdi.

Ol Mukaddes Ruha çümdürilenden soň Isa Mesihiň onuň ejesine şypa berjekdigine ynanýardy. Şonuň üçin-de, ol: “Ýör gideli” diýende, men onuň öz ejesiniň üstüne elini goýup, ýuwaşjadan dileg eder öýdüpdim. Ýöne ol başgaça hereket etdi. Ol ejesiniň ýanyna bardy-da, ony ýygnagyň girelgesiniň agzyna göterip äkitdi.

Ol ony şol ýerde oturtdy-da, sesiniň ýetdiginden nämälim dillerde dileg edip başlady. Ýadyňyzda bolsa, bularyň bary ýekşenbe günündäki ýygnagyň “ümsümlik” wagty bolup geçýärdi, bu wagt indi o diýen ümsüm-

de däldi. Meniň ýüregim sarsyp gitdi. Soňra ol maňa tarap öwrüldi-de: “Näme bolýandygyny sen düşündir” diýdi.

Onuň meni näme üçin ýany bilen äkidendigine indi düşünip galdym. Ol Mukaddes Ruha çümdürilme barada oňa hut meniň aýdyp berenligim sebäpli, onuň öz ejesi üçin nämälim dillerde dileg edýändigini eşiden adamlara hem bu barada gürrüň bererin diýen karar gelipdir.

Şunlukda, men ýygnagyň agzalarynyň öňünde onuň wekili hökmünde durdum, ol bolsa öz ejesi üçin nämälim dillerde dileg edýärdi. Men näme diýjegimi bilmeýärdim, çopanym-da oturan ýerinden maňa seredýärdi. Men adamlara onuň ejesiniň ýaramaýandygyny we onuň öz ejesi üçin Mukaddes Kitapda ýazylyşy ýaly, nämälim dillerde dileg edýändigini aýtdym. Ýöne bilýäňizmi näme? Onuň ejesi şol gün ýygnakda şobada şypa aldy!

Bu onuň oglunyň imanydy, başgalaryň onuň dilegi barada näme pikir edýändigi oňa parhy ýokdy. Ol Mukaddes Ruhuň diri we sagdyndygyna, onuň ejesine şypa berip bilýändigine ynanýardy.

Onuň ejesiniň bada-bat şypa alandygyna garamazdan, ýygnak muny kabul etmedi. Aslynda şondan soň adamlaryň köpüsi ýanyma gelip: “Biz onuň öz ejesi üçin dileg edenine garşy däl, ýöne nämälim dilleriň welin hötdesinden gelip bilmeris” diýdiler. Men iblisiň-de nämälim dilleri ýigrenýändigine kepil geçip bilýärin we bu kitap tamamlanmanka, onuň nämälim dilleri näme üçin ýigrenýändigine düşünmekde size kömek ederin umydym bar.

Siz, belki, nämälim dilleriň we Ruhuň peşgeşleriniň amal edilmeýän ýygnagynda önüp-ösensiňiz. Ýa-da, belki, nämälim diller häzirki günler üçin däl we olaryň döwri geçdi diýen taglymyň ýörgünli ýygnagynda önüp-ösensiňiz. Bu soraglara jogap bermek kyn däl. Mukaddes Kitapda bu mowzuk boýunça örän aýdyň jümleler bar. Şonuň üçin-de, geliň, Söze ünsli garap, Mukaddes Ruha çümdürilme baradaky hakykaty ýüze çykaralyň. Şu babyň başynda okan aýatlarymyzy ýene bir gezek okalyň:

*Iýerusalimden gitmäň, Meniň owal aýdyşym ýaly, Atamyň wada*

*beren peşgeşine garaşyň. Ýahýa sizi suwa çümdüripdi, emma ýene birnäçe günden siz Mukaddes Ruha çümdürilersiňiz.*

– Resullaryň işleri 1:4, 5

Bu aýatda maslahat edilmeli wajyp zatlaryň birnäçesi bar:

**SIZE AÝDÝAN SÖZLERIMI MEN ÖZ-ÖZÜMDEN AÝTMAÝARYN. TERSINE, MENDE ÝAŞAÝAN MEN ARKALY ÖZ IŞLERINI AMAL EDÝÄR.**

**– ÝOHANNA 14:10**

1. Mukaddes Ruha çümdürilme suwa çümdürilmeden tapawutlanýar.

2. Isa Mesih munuň örän wajypdygy barada aýdýar. Ol siziň şonsuz hiç zat edip bilmejekdigiňizi kesgitli aýdýar.

Ýadyňyzda bolsa, Isa Mesih şonuň öň ýanynda Öz şägirtlerine gidip, Hoş habary ähli milletler wagyz etmegi tabşyrypdy. Olar bu çümdürilmäni amal etmän, Gökleriň Şalygyny ne görekezip, ne-de şaýatlyk edip bilerdiler. Şonuň üçin-de Ol: “Bu çümdürilmäni kabul edýänçäňiz, öňki ýeriňizde galyň” diýdi.

*Emma siziň üstüňize Mukaddes Ruh inende, güýç-gudratdan dolarsyňyz. Iýerusalimde, tutuş Ýahudyýada we Samariýada, ýer ýüzüniň dört künjeginde siz Meniň şaýatlarym bolarsyňyz. Resullaryň işleri 1:8*

*Güýç*! Bu söz grek dilinde *dunamis.* “Dinamit” sözi hut şu sözden emele gelen söz. Şunlukda, biz Hudaýyň işlerini amal ederimiz ýaly, Onuň güýjüniň üstümize inýändigini görýäris. Isa Mesih Öz hyzmatynda Özüniň hereket edýän güýjüniň ýa-da meshiniň Onuň Atasyndan gelýändigini ozal agzapdy.

*“Size aýdýan sözlerimi Men Öz-Özümden aýtmaýaryn. Tersine, Mende ýaşaýan Atam Men arkaly Öz işlerini edýär” (Ýoh. 14:10).*

> *“Hakykatdan hem, Atasynyň eden zatlaryny görmese, Ogul Öz-Özünden hiç zat edip bilmez. Atasy näme etse, Ogul-da şony edýändir” (Ýoh. 5:19).*

Görýäňizmi? Isa Mesihiň hut Özi-de Hudaýyň Ruhunyň güýjüne mätäçdi. “Mesh etmek” sözi “babatda ulanmak” diýmegi aňladýar. Isa Mesih bu mesh edilmäni Iordan derýasynda Öz Atasyndan alypdy; şonda Mukaddes Ruh Onuň üstüne kepderi şekilinde inipdi. Isa Mesih Hudaýyň Şalygynyň işlerini diňe şol mesh edilmäni alandan soň amal edip bildi. Eger *Isa Mesih* muňa mätäç bolan bolsa, onda biz hem oňa mätäçdiris! Bu güýç Hudaýy bilmeýänler üçin işler arkaly Onuň hakykatdygyna şaýatlyk eder (ýa-da subutnamasy bolar).

Mukaddes Kitap şeýle-de Mukaddes Ruh *içiňize girende däl-de (göklerden doglan pursadyňyzda), SIZIŇ ÜSTÜŇIZE INENDE güýç alarsyňyz diýip aýdýar.*

Mukaddes Ruha çümdürilme baradaky gürrüňler köp adamlary bulaşdyrýar. Sebäbi olar Isa Mesihi kabul eden pursatlarynda Mukaddes Ruhy eýýäm alandyrlar diýip pikir edýärler. Olar Isa Mesihi kabul edenlerinde, *dogrudan-da* Mukaddes Ruhy aldylar. Mukaddes Ruh olaryň ruhuny Hudaý üçin janlandyrdy we Onuň bilen birikdirdi.

Biz göklerden doglanymyzda, içimizdäki Mukaddes Ruhuň güýji arkaly Hudaý üçin diridiris. Ýöne Mukaddes Ýazgynyň şu ýerinde: “Mukaddes Ruh üstüňize inende” diýip aýdylýandygyna üns beriň. Bu wajyp delil, biz kitabyň dowamynda ol barada gürrüň ederis: göklerden dogulma we Mukaddes Ruh tarapyndan mesh edilmek ýa-da Oňa *çümdürilme*k – bular iki dürli ýagdaý. Ýohannany*ň hoş haba*rynyň 20: 21-22-nji aýatlaryna garasak, meniň aýdýanlarym has düşnükli bolar.

> *Isa olara ýene-de: “Size rahatlyk bolsun! Atamyň Meni iberişi ýaly, Men hem sizi iberýärin” diýdi. Şeýle diýip, olaryň üstüne üfläp goýberdi-de: “Mukaddes Ruhy kabul ediň” diýdi.*

Biz bu ýerde Isa Mesihi ölümden direlenden soň görýäris, Ol Öz

şägirtleri bilen salamlaşyp, olaryň üstüne üfläp, Mukaddes Ruhy kabul etmeklerini tabşyrýar. Şol pursatda olar gökden dogulýar we olaryň ruhy içlerinde Hudaý üçin janlanýar. Emma Isa Mesih olara Mukaddes Ruha çümdürilmä garaşmalydygyny, Onuň biraz soňra üstlerine injekdigini aýdýar.

Eger Isa Mesih üflände olar bütin Mukaddes Ruhy kabul eden bolsalar, onda Ol näme üçin wada beren Mukaddes Ruhy olaryň üstüne inýänçä, olara *Iýerusalimde garaşma*gy tabşyrýar? Ýene gaýtalaýyn: bu iki dürli waka we iki dürli funksiýa, ýöne şol bir Ruh. Mundan başga-da, ozal aýdyşym ýaly, Isa Mesih Öz hyzmatyna girmegi we onda netijeli bolmagy üçin Mukaddes Ruha çümdürilmelidi. Isa Mesih Mukaddes Ruha çümdürilmezinden ozal amal eden gudratly işleri barada ýeke ýazgy-da ýok. Isa Mesih ösüp-ulalanda nahar başynda çöregi köpeltdimi? Ol bäbek wagty gudratly işleri amal etdimi? Bäbek *iýmiti gutaryp*dan soň heniz-de doýmadyk Isa Mesih bäbek iýmitini köpeltdimi? Ýok! Köpeltmedi! Näme üçin? Sada we gönümel jogap: Ol *bulary edip bilmeýärdi.*

Ol gudratly işleri diňe Iordan derýasyna Mukaddes Ruhy *kabul edenden soň* amal edip başlady. Bilýän bolsaňyz, Isa Mesih ynsan kimin geldi. Ol Hudaýyň Ogly kimin Öz güýjünde we şan-şöhratynda gelmedi. Ol ynsan hökmünde ynsanlanlaryň islendigi kimin çäklendirilendi. Biziň gudratlary öz-özümizden amal bilmeýşimiz ýaly, Ol hem şypa berip ýa-da gudratlary amal edip bilmeýärdi.

Emma bizden tapawutlylykda, Isa Mesih doglanda, Onuň ruhy Hudaý üçin öli däldi. Onuň ruhy Hudaý üçin elmydama diridi; Oňa biz ýaly gökden dogulmak gerek däldi. Emma Hudaýyň Ogly hökmünde Onuň ruhy Hudaý üçin diri bolandygyna garamazdan, Ol Öz hyzmatyna başlamak üçin Mukaddes Ruha çümdürilmelidi; bu biz babatda hem şeýle.

> *Isa suwa çümdürilip çykan badyna gökler açyldy. Ol Hudaýyň Ruhunyň kepderi görnüşde Öz üstüne inip gelýänini gördi. Şol wagt gökden: "Bu Meniň söwer Oglumdyr, Men Ondan köp razydyryn" diýen owaz geldi.*
>
> – Matta 3:16, 17

*Ýadyňyzda bolsa, biz Isa Mesih barada şalaryň Şasy, rebleriň Rebbi hökmünde pikir edýäris, ýöne Ol hyzmatynyň dowamynda bu orunlaryna daýanmady. Gudratlar diňe Ol Iordan derýasynda Mukaddes R*uha çümdürilenden soň başlandy.

Siziň hyzmatyňyz (çünki imanlylaryň *her biri* Isa Mesihiň işlerini amal etmäge çagyrylan) Mukaddes Ruha çümdürilmeziňizden öň başlanyp bilmeýär: işleri amal etmegiňiz üçin size Mukaddes Ruhuň güýji gerek. Olary nädip amal etmelidigini bilmegiňiz üçin, size Ruhda dileg etmäge ukyp gerek; biz bu barada biraz soňra gürrüň ederis.

Siz Mukaddes Kitabyň gutulyş barada aýdýanlaryny başgalara gürrüň bereniňizde, elbetde, göklerden dogluşyňyz babatdaky tejribäňize daýanyp bilersiňiz. Mukaddes Ruha çümdürilmedik mesihileriň köpüsi Hoş habary netijeli paýlaşýarlar, ýöne Isa Mesihiň Hudaýyň Şalygyny görkezmekde ulanan güýji olarda ýok. Şoňa görä-de, wagzyň täsiri bolmalysy ýaly güýçli bolup bilenok.

Isa Mesih fariseýleriň iman etmeýänligi sebäpli olara garşy çykanda, amal eden gudratlaryna salgylanýardy. Ol şeýle diýdi:

> *“Meniň Atadadygyma, Atanyň-da Mendedigine iman ediň;* ***hiç bolmanda****, görkezen gudratlarym üçin iman ediň” (Ýoh. 14:11).*

Aslynda Isa Mesih Hudaýyň Şalygyny görkezýän bu gudratlaryň ähli jedelleriň soňuna çykýandygyny aýtdy; mesele çözüldi. Indi her bir imanly Isa Mesihiň tölän ähli zadyna, şol sanda şypa almaga hem doly haky bar. Imanlylaryň her biri imana görä (gökler bilen ylalaşma) Hudaýyň islendik wadasyna eýe bolup bilýär we oňa Hudaýdan almak üçin Mukaddes Ruha çümdürilme gerek däl.

Ýöne bu güýjüň sizden başgalara geçmegi üçin, Ruhuň peşgeşlerinden peýdalanmagyňyz üçin, nämälim dillerde dileg etme arkaly gökleriň syrynda gezmegiň aýratynlygyndan lezzet almagyňyz üçin, sizde mesh edilmäniň güýji bolmalydyr! Men nämälim dillerde dileg etmeklik barada aýdanymda muňa düşünmezligiňiziň ahmaldygyna aň ýetirýärin. Goý, bu sizi gorkuzmasyn, biraz soňra men hemme zady jikme-jik düşündirerin.

Meniň gyzym Emi Ogaýo ştatyndaky Nýu-Olbani şäherinde ýerleşýän "Iman durmuşy" atly ýygnagymyzda hyzmaty alyp barýar. Ol köp ýyllaryň dowamynda keselden ejir çekýärdi, bu bizi alada goýýardy: onuň garny kem-kemden ulalyp, daşyna gabaryp çykyp başlady. Biz köp lukmanlara ýüz tutsak-da, munuň näme üçin şeýle bolýandygyna hiç kim düşünip bilmeýärdi. Olaryň hemmesi muny gyzymyň beden gurluşynyň aýratynlygy diýip hasaplaýardylar.

Şeýle ýagdaý tä gyzym alty aýlyk göwreli aýala meňzäp başlaýança dowam etdi. Şonda Emi rentgen barlagyny geçdi we rentgen suraty onuň garnynda äpet çişiň bardygyny görkezdi. Emi rentgen suraty görenden soň, lukmançylyk nukdaýnazaryndan indiki ädimiň näme boljakdygyna düşündi. Bu operasiýa bolmalydy. Ýaňy-ýakynda durmuşa çykan Emi islendik operasiýadan soňra ýagdaýyň kyn boljakdygyny ýa-da çaga dogrup bilmezlik ähtimallygynyň bardygyny bilýärdi. Şeýle ýagdaý Emi üçin ýaramly däldi. Ol bütin ömrüne ene bolmak arzuwyndady. Rentgen suratynda äpet çişiň içki agzalary ýerinden süýşürendigi hem görünýärdi. Bu Emide iýmit siňdiriş ulgamynda we böwreklerinde çynlakaý kynçylyklary döredýärdi. Emi Hudaýyň Sözüni çynlakaý öwrenmegi we wagtyny Mukaddes Kitabyň diňe şypa almak barada öwredýänlerine bagyş etmegi ýüregine düwdi. Şol döwürde men "Iman durmuşy" ýygnagynda şypa almak barada öwredýärdim. Şol okuw toplumynyň ahyrynda Emi Ýakup 5:14-15-e laýyklykda şypa almagy üçin, hyzmatçylardan ellerini onuň üstüne goýup, dileg etmeklerini haýyş etdi; biz şeýle-de etdik.

> *Araňyzda biri syrkawmy? Ol ýygnagyň ýolbaşçylaryny ýanyna çagyrsyn, olar hem Rebbiň adyndan oňa ýag guýup, onuň üçin Hudaýa doga etsinler. Iman bilen edilen doga-dileg näsaga şypa berer, Reb ony aýaga galdyrar. Eger ol günä gazanan bolsa, onuň günäsi geçiler.*
>
> – *Ýakup 5:14*-15

Biz Eminiň üstüne ellerimizi goýanymyzda, ol Hudaýyň Sözüne iman edip, şypa alandygyny *yglan etdi.* Biz onuň üçin dileg eden pursadymyzda

onuň alan şypasy göze görünmese-de, ol şypa alandygyna ynanýardy.

Iki hepde geçenden soň ol şypa alandygyny görkezýän hiç bir alamatyň bolmadyk halynda düşegine geçip ýatdy, irden oýanynda bolsa erbet hopukdy. Ol gije ýatyrka 13 funt agramyny we bil ölçeginde 9 duýmy ýitirdi. Onuň gyşaran we bükülen arkasy hem bütinleý kada geldi. Ol göz açyp-ýumasy salymda şypa aldy!



OZAL SOŇ

Bu suratlar gudratly şypany görkezýär. Çep tarapdaky suratda – Eminiň düşege geçip ýatmazdyndan öňki suraty. Sag tarapdakyda bolsa oýanandan soňra düşürilen surat.

Siz çep tarapda onuň şypa almazyndan öň arkasynyň rentgen suratyny göräýrsiňiz, sag tarapda bolsa şypa alanyndan bir hepde soň edilen suraty görýärsiňiz. Oňurgada bolup geçen düýpli özgerişlere üns beriň!

Emi şol döwürde “Iman durmuşy” atly ýygnagymyzyň sežde lideridi; ol heniz-de şol wezipede hyzmat edýär. Ol indiki ýekşenbe güni irden ýygnaga gelende nämeleriň bolandygyny göz öňüne getirip bilýäňizmi? Adamlar gözlerine ynanman, haýran galyp seredýärdiler! Olar girelge




otagynda aýak çekip, geň galyjylyk bilen: “Saňa näme boldy? Sen täze beden aldyňmy?” diýip soraýardylar. Şol ýekşenbe güni Emi hyzmaty alyp baranda, tutuş ýygnak haýran galmakdan ýaňa galpyldaýardy, Hudaýyň Şalygynyň şeýle mese-mälim görünmesi köp adamlary Hudaýa getirdi we olaryň köpüsi şypa aldylar.

Adamlara dogrudan-da Hudaýyň Şalygyny hereketde görmek gerek. Resullaryň işleri kitabynda (1:8) biz Mukaddes Ruha çümdürilme arkaly berilýän mesh edilme diýseň wajyp zat.

> *Emma siziň üstüňize Mukaddes Ruh inende, güýç-gudratdan dolarsyňyz. Iýerusalimde, tutuş Ýahudyýada we Samariýada, ýer ýüzüniň dört künjeginde siz Meniň şaýatlarym bolarsyňyz.*
>
> – Resullaryň işleri 1:8

Isa Mesih üçin bolsa bu Hudaýyň Şalygyny görkezmek üçin gerekdi.

> *Iman edýänler şu alamatlary görkezerler: Meniň adym bilen arwah-jynlary kowup çykararlar, täze dillerde geplärler. Elleri bilen*

*ýylan tutsalar-da, zäher içseler-de, olara zeper ýetmez. Ellerini hassalaryň başyna goýarlar, olar hem sagalar.*

– Mark 16:17-18

Ýylany ele almak we zäher içmek diňe iblisiň şalygynda mümkin we bularyň bary gorky bilen gönüden-göni bagly bolýar. Iblisiň şalygy ýeňildi. Isa Mesih bize howply ýylanlary ele almagy ýa-da zäher içmegi teklip edenok, Ol bu jümläni duşmanyň üstünden ýöredip bilýän ygtyýarymyzyň mysaly hökmünde ulanýar. Biz bu ygtyýarlygy we Hudaýyň güýjüni iblisiň şalygynda ulanyp, adamlary boşatmaly!

Üns beriň, Isa Mesih "şu alamatlaryň" iman edýänlere hemra boljakdygyny aýdýar. Adamlar bu Hudaýyň Şalygynyň bu alamatlaryny görenlerinde, olaryň nädip amal bolandygyny sorarlar. Alamat haýsydyr bir zady görkezýär. Ol öz-özünden jogap bolup bilmeýär, ol bar bolan Isa Mesihi görkezýär!

Bu alamatlar Isa Mesihiň Reb ýa däldigi baradaky jedelleriň baryny bes edýär: OL REBDIR! Adamlar Onuň Rebdigini görenlerinde, toba edip, Hudaýa gelerler. Hut şu sebäpdenem biz Mukaddes Ruha çümdürilmä mätäç, biz şonsuz hakykatdan-da netijeli hereket edip bilmeris!

Şunlukda, biz Mukaddes Ruha çümdürilmäniň size näme üçin şeýle wajypdygyna garap geçenimizden soň, geliň, Muladdes Ýazgynyň bu mesh edilme barada aýdylýan ýerlerine garap geçeliň.

5-nji bap

# MUKADDES KITAPDAKY ŞAÝATLYKLAR

Mukaddes Ruha çümdürilmä düşünmegiň iň oňat usullarynyň biri – ony Ellinji gün baýramynda kabul edenleriň durmuş ýolun yzarlamak; bu Resullaryň işleri kitabynda beýan edilýär. Mukaddes Ýazgynyň her bir ýerini seljerdigimiz saýy, imanyňyz we bu çümdürilmäniň siziň üçin hem niýetlenendigi babatdaky ynamyňyz artar.

*Ellinji gün baýramy güni ähli imanlylar bir ýere ýygnanyşyp otyrdylar. Birdenkä asmandan güýçli şemalyň sesine meňzeş şuwwuldy peýda bolup, olaryň oturan öýüniň içini doldurdy. Olar uçguna meňzeş bir zatlaryň pytrap, öz üstlerine inendigini gördüler. Olaryň hemmesi Mukaddes Ruhdan doldular we Mukaddes Ruhuň beren ukybyna görä, başga dillerde gepläp başladylar.*

*Şol döwürde Iýerusalimde dünýäniň ähli ýurtlaryndan gelen hudaýhon ýahudylar ýaşaýardylar. Bu galmagally sese uly mähelle ýygnandy. Olar öz ene dillerindäki gürrüňleri eşidip, aljyradylar.*

*Hemmeler haýran galdylar we geňirgenişip, biri-birlerine şeýle diýdiler: "Serediň, bu gepleýänleriň hemmesi jelileli dälmi näme? Onda nädip biziň her birimiz öz ene dilimizdäki sözleri eşidýäris? Aramyzda Parfiýadan, Madaýdan, Eýlamdan, Mesopotamiýadan, Ýahudyýadan, Kappadokiýadan, Pontusdan we Aziýadan gelenler bar. Frikiýadan, Pamfiliýadan, Müsürden, Kirineýiň golaýyndaky*

*Liwiýadan gelenler hem bar. Şeýle-de Rimden gelen ýahudylar we ýahudy dinini kabul edenler bar. Käbirimiz Krit adasyndan we Arabystandan geldik. Muňa garamazdan, Hudaýyň beýik işleri barada olaryň biziň ene dilimizde gepleýändigini eşidýäris”.*

*Olar haýran galdylar we aljyraşyp: “Bu näme boldugyka?” diýişdiler. Käbirleri bolsa olary masgaralap: “Olar şerapdan serhoş bolupdyrlar” diýdiler.*

– Resullaryň işleri 2:1–13

Birinjiden, Mukaddes Kitapda *olaryň hemmesiniň* Mukaddes Ruhdan dolandygy barada aýdýanlaryna *ünsüňizi çekmek* isleýärin! Ikinjiden, olaryň hemmesi başga dillerde gürlediler. Siz adamlaryň Ellinji gün baýramyny nähili suratlandyrandygyny, başga dillerde näme *üçin* gürländigi baradaky düşündirişlerini eşiden bolmagyňyz ahmal. Käbir adamlar munuň *ýygnak üçin ýeke* gezekleýin hadysa bolandygyny nygtaýarlar, sebäbi *şol ýerde* dürli milletlerden bolan adamlar *ýygnanypdy* we netijede dürli dillerde gürleýän adamlara Hoş habary wagyz etmek *üçin* başga dillerde gürlemek gerek bolupdy.

*Ýöne* Mukaddes *Ýa*zgylara garasak, *ýokarky* gatda bolan 120 adamyň Hudaýyň gudratly işleri barada aýdandygyny göreris. Olar Hoş habary wagyz etmeýärdiler, olar Hudaýy taryplaýardylar.

*“...Hudaýyň beýik işleri barada olaryň biziň ene dilimizde gepleýändigini eşidýäris”. Olar haýran galdylar we aljyraşyp: “Bu näme boldugyka?” diýişdiler.*

– Resullaryň işleri 2:11-12

Huda*ýyň öz* ene dillerinde taryplanyşyny t*ö*werekde di*ňlä*p duran adamlar muňa haýran galyp, geňirgendiler. Şonda Petrus ýerinden turup, gutulyş baradaky habary wagyz etdi we şol gün 3000 adam iman edip, ýygnaga goşuldy. Eger şägirtler nämälim dillerde *wagyz eden bolsady*, onda Petrusa ýerinden galyp wagyz etmek gerek bolmazdy. Ýöne Petrus

tä ýerinden galyp wagyz edip başlaýança, şol ýerdäki adamlar öz eşidýän zatlarynyň näme aňladýandygyna düşünmeýärdiler. Şol döwürde nämälim diller Hoş habary wagyz etmek *üçin* ulanylmaýardy, olar şindi hem Hoş habary wagyz etmekde ulanylmaýar. Biz iman edýan adam üçin nämälim dilleriň nähili peýdasynyň bardygyna indiki baplaryň birinde garap geçeris, häzirlikçe bolsa men iň ýörgünli delili teswirläýin.

Men ünsüňizi ýene-de bir gezek şuňa çekesim gelýär: Mukaddes Kitap olaryň *hemmesiniň* kabul edendigini we *hemmesiniň* başga dillerde gürländigi barada aýdýar. Eger Mukaddes Kitap bu mowzugy soňra hem ýaýbaňlandyrmadyk bolsa, nämälim dillerde gürlemekligiň bütin ýygnak üçin niýetlenendigi babatda şübhelenerdik. Ýöne Mukaddes Kitap beýle etmeýär. Tersine, biz şeýle ýagdaýyň dowam edýändigini we Ellinji günden soň Mukaddes Ruha çümdürilýän *her bir adamda* bolup geçýändigini görýäris.

Ellinji gün baýramyna gatnaşan bir erkek barada size gürrüň bereýin. Onuň aday Filipdi.

> *Çar ýana dargaşyp giden imanlylar Hudaýyň hoş habaryny ähli ýerde wagyz edýärdiler. Filip-de Samariýanyň bir şäherine baryp, olara Mesih barada wagyz etdi. Filipi diňläp, amala aşyran gudratlaryny gören mähelle onuň aýdanlaryna dykgat bilen gulak asdy.*
>
> – Resullaryň işleri 8:4–6

Biz bu ýerde Hudaýyň Şalygyny görkezýän we ony dykgat bilen diňleýän adamlary görýäris. Bu şu gün hem şeýle bolmaly! Adamlar gudratlary *görenlerinde*, Şalygyň şaýatlyklaryny *görenlerinde*, siziň aýdýanlaryňyzy dykgat bilen diňlärler.

> *Köp adamlaryň içinden arwah-jynlar batly gygyryşyp çykýardylar, köp sanly ysmaz we oturalar şypa tapýardy. Şeýlelikde, ol şäherde uly şatlyk döredi.*
>
> – Resullaryň işleri 8:7, 8

Filip Iýerusalimde ýaňy alan güýjünde gezendigine üns beriň. Alamatlar oňa hemra bolýardy, sebäbi Hudaýyň güýji hemmelere mese-mälim görünýärdi. Ol bu *dunamisi* (grek dilinde "*güýç*" diýmegi aňladýar) aldy; indi ol Hudaýyň Şalygy barada şaýatlyk edip bilýärdi.

> *Resullar samariýalylaryň Hudaýyň Hoş habaryny kabul edendigini Iýerusalimde eşidip, Petrus bilen Ýohannany olaryň ýanyna iberdiler. Petrus bilen Ýohanna ol ýere baryp, olaryň hem Mukaddes Ruhy almagy üçin doga-dileg etdiler. Sebäbi Mukaddes Ruh entek olaryň hiç biriniň üstüne inmändi, olar diňe Reb Isanyň ady bilen suwa çümdürilipdi. Soňra Petrus bilen Ýohanna ellerini olaryň üstüne goýdular we olar hem Mukaddes Ruhy kabul etdiler.*
>
> – Resullaryň işleri 8:14–17

Iýerusalimdäki resullar Samariýadaky adamlaryň Hudaýyň Sözüni kabul edendigini eşidenlerinde, Petrus bilen Ýohannany olaryň ýanyna iberdiler. Olar şol ýere baranlarynda, olaryň-da Mukaddes Ruhy kabul etmekleri üçin dileg etdiler, sebäbi Mukaddes Ruh olaryň hiç birine heniz inmändi. Emma Mukaddes Kitapda ýaňyja jynlaryň çykandygy, syrkawlaryň şypa alandygy, Hudaýyň gudratly işleriniň amal bolandygy we adamlaryň Isa Mesihe iman edip, suwa çümdürilendigi barada aýdylýar. Şeýle-de ol ýerde Mukaddes Ruhuň entek hiç biriniň üstüne INMÄNDIGI barada aýdylýar!

Görýäňizmi, Filiip gutulyşy wagyz etdi we olar bu habary diňläp, ony kabull etdiler, ýöne olar heniz Mukaddes Ruha çümdürilmäni kabul etmändiler. Olar göklerden doglupdy, ýöne şu jümlä üns beriň: Mukaddes Ruh "OLARYŇ HIÇ BIRINE HENIZ INMÄNDI". Ine, *ýene tapawutly ýeri – biziň içimizdäki Mukaddes Ruh (göklerden dogulma) we peşgeş berilýän güýç bilen üstü*mize inýän Mukaddes Ruh.

Mukaddes Kitap Filipiň olara Mukaddes Ruha çümdürilme barada näme üçin wagyz etmändigini aýtmaýar. Belki, ol Mukaddes Ruha çümdürilen badyna Iýerulimden gidip, şol wagt munuň hemmelere degişlidigini bilen däldir. Munuň sebäbi her nähili bolsa-da, adamlary*ň hoş haba*ry kabul

edip, suwa çümdürilendigi, şoňa görä-de göklerden doglandygy aýdyň zatdy. Ýöne resullar üçin Samariýadaky adamlaryň hem Mukaddes Ruha özleri ýaly bada-bat çümdürilmeginiň örän wajyp bolandygyna üns beriň.

Olaryň ilkinji pikiri adamlara nähili geýinmelidigini aýtmak barada däldi. Olar: “Adamlara nähili geýinmelidigini ýa-da ýygnaga haçan gitmelidigini aýdaly” diýmeýärdiler. Olary taglym kanunlary gyzyklandyrmaýardy. Olary ilki bilen näme gyzyklandyrýardy? Mukaddes Ruha çümdürilme! Şonuň üçin-de olar dessine şol ýere gidip, bu adamlara Mukaddes Ruha çümdürilme barada gürrüň bermäge yhlas etdiler.

Soňra Petrus bilen Ýohanna olaryň üstüne ellerini goýdular we olar Mukaddes Ruhy kabul etdiler. Olar edil şol ýerde we şol pursatda Mukaddes Ruhy aldylar. Munuň şaýatlygy nähilidi? Meniň pikirimçe, ol hem başgalaryňky ýaly boldy: nämälim dillerde gürlemek.

> *Resullaryň elleriniň goýulmagy bilen Mukaddes Ruhuň berlenini gören Simun olara pul hödür edip: “Maňa-da şu gudratdan beriň. Elimi kimiň başyna goýsam, ol adam Mukaddes Ruhy alsyn” diýdi.*
>
> *Emma Petrus oňa şeýle diýdi: “Puluň özüň bilen bile ýok bolsun! Sebäbi sen Hudaýyň peşgeşini satyn alaryn öýtdüň. Bu işde seniň ne paýyň, ne-de hakyň bar, sebäbi seniň ýüregiňe düwen niýetiň Hudaýyň nazarynda dogry däl. Indi toba edip, bu ýaman niýetiňden el çek-de, Rebbe ýalbar, belki, ýüregiňdäki bu niýetiňi bagyşlar. Men seniň ajy zäherden doludygyňy we günä zynjyry bilen baglanandygyňy görýärin”.*
>
> *Simun oňa: “Meniň üçin Rebbe doga ediň, aýdanlaryňyzyň hiç birine duçar bolmaýyn!” diýdi.*
>
> – Resullaryň işleri 8:18–24

Simun Ruhuň elleri üstüne goýmak arkaly berilýändigini görende, resullaryň oňa-da şeýle güýji bermegi üçin olar pul hödür edýär. Diýmek, Simun şol adamlara Mukaddes Ruhy kabul edenlerinden soň haýsydyr bir

zatlaryň bolandygyny gördi, bolan zatlaryň haýsydyr bir subutnamasyny gördi. Ol hem bu güýji edinesi geldi.

Bu ýerde olaryň nämälim dillerde gürländigi gönüden-göni aýdylmaýar, ýöne haýsydyr bir zatlar bolup geçdi, adamlar-da muny gördi. Simun haýsydyr bir gudraty gördi we muny adamlara geçirmek mümkinçiligini edinesi geldi. Meniň pikirimçe onuň sözleri şol adamlaryň hem bu çümdürilmäni beýlekiler ýaly kabul edendigini we nämälim dillerde gürläp başlandygyny habar berýär. Siziň ünsüňizi ýene bir gezek şuňa çekesim gelýär: Iýerusalimdäki ýygnak Mukaddes Ruha çümdürilmäni wajyp hasaplaýardy – ol diýseň möhüm zatdy!

Pawlus Damaska barýarka toba gelip, iman edende, Hanany atly adam onuň üçin dileg etmek üçin, Pawlusyň ýanyna iberilýär.

> *Hanany: "Şawul dogan! Gözleriň ýene açylyp, Mukaddes Ruhdan dolmagyň üçin, meni bu ýere gelýärkäň, saňa görnen Rebbimiz Isa iberdi" diýdi.*
>
> – Resullaryň işleri 9:17

Mukaddes Kitapda Pawlus Mukaddes Ruha çümdürilenden soň nämälim dillerde gürländigi barada aýdylmaýar, ýöne biz onuň hakykatdan-da nämälim dillerde gürländigini bilýäris we men onuň hem beýlekiler ýaly çümdürilmäni alandygyna ynanýaryn. Siz meniň näme üçin şeýle pikir edýändigimi sorarsyňyz. Munuň jogaby diýseň aňsat. Pawlus Korintoslylara ýazan birinji hatynda şeýle diýýär:

> *"Hudaýa şükür, men nämälim dillerde hemmäňizden köp gürleýärin".* (1 Kor. 14:18).

Şunlukda, biz Pawlus Mukaddes Ruha çümdürilenden soň nämälim dillerde gürledi diýen netijä gelip bilýäris. Resullaryň işleri kitabyny okanyňyzda, siz bu çümdürilmäniň bütin ýygnakda her gün dowam edendigini ýüze çykararsyňyz. Bu diňe Ellinji gün baýramy güni bolan zat däldi.

Biraz soňra, Resullaryň işleri kitabynyň 10-njy babynda, Petrus keseki

milletden bolan adamlaryň öýüne baryp, olara Hoş habary wagyz etmäge iberilýär. Petrusyň ýahudy bolandygyny ýatladaýyn, onuň keseki milletden bolan adamlaryň öýüne barmagy adaty bolmadyk bir ýagdaýdy. Petrusy şol ýere diňe Mukaddes Ruhdan alan görnüşi eltipdi.

> *Petrus bu sözleri heniz aýdyp durka, ony diňleýänleriň hemmesiniň üstüne Mukaddes Ruh indi. Petrus bilen bile gelen ýahudy imanlylar Mukaddes Ruhuň peşgeşiniň keseki milletleriň üstüne-de inenini görüp geň galdylar, sebäbi olaryň başga dillerde gepläp, Hudaýy öwgi bilen beýgeldişlerini gördüler.*
>
> *Şonda Petrus: "Edil biziň ýaly, bu adamlar hem Mukaddes Ruhy kabul etdiler. Indi bulary suwa çümdürilmegini kim gadagan edip biler?" diýdi. Onsoň Petrus olaryň Isa Mesihiň ady bilen suwa çümdürilmegini buýurdy. Soňra olar Petrusdan ýene birnäçe gün ýanlarynda galmagyny haýyş etdiler.*
>
> – Resullaryň işleri 10:44–48

Petrus keseki milletden bolan adamlaryň *öýünde* Isa Mesihiň Hoş habaryny wagyz edip durka, bu habary eşidenleriň *ählisiniň üstüne* Mukaddes Ruh indi. Mukaddes Ruhy göz bilen görüp bolmaýar; onda olar Mukaddes Ruhuň olaryň *üstüne* inendigini nädip bildilerkä? Kitapda Petrus bilen gelen sünnetli imanlylar Mukaddes Ruhuň peşgeşleriniň keseki milletleriň *üstüne* hem inendigine *örän* haýran galandygy barada aýdylýar, *sebäbi bu adamlar we nämälim dillerde gepläp, Hudaýy öwýärdiler.*

Mukaddes Ruhuň *şol ýerde* bolandygyna näme subut edýär? Petrus mese-mälim görýän zadyny boýun almalydy: Hudaý bu adamlary kabul etdi. Ol bu adamlara Mukaddes Ruha çümdürilme barada hiç zat aýtmandygyna garamazdan olaryň nämälim dillerde gürläp başlamagy oňa güýçli şaýatlyk boldy. Petrus olaryň kabul edendigini *bilýärdi*, sebäbi olar hem edil Petrus ýaly Mukaddes Ruhy kabul edip, nämälim dillerde dileg edýärdiler.

Siz häzirki döwürdäki ýygnaklaryň wajyp saýýan zady bilen Mukaddes Kitabyň ýazylan döwründäki ýygnaklaryň wajyp saýan zadynyň arasynda ägirt tapawudy ýüze çykararsyňyz. Mukaddes Ýazgyda her kesiň Mukaddes Ruha çümdürilmelidigini aýdyň görkezýän söýgüli ýerlerimiň biri Resullaryň işleri kitabynda ýerleşýär; bu parça Mukaddes Ruhuň täsiriniň gökden dogulmadan daşary bolýandygyny doly tassyklaýar.

> *Apollo Korintosdaka, Pawlus düzlükleriň üsti bilen Efese geldi. Bu ýerde birnäçe imanly doganlary tapdy. Olardan: "Iman edeniňizde Mukaddes Ruhy kabul etdiňizmi?" diýip sorady. Olar hem oňa: "Biziň Mukaddes Ruhuň bardygyndan hatda habarymyzam ýok" diýdiler.*
>
> – Resullaryň işleri 19:1- 2

Pawlus Efes şäherine baranda, ol ýerde birnäçe şägirdi tapyp, olardan: "Iman edeniňizde Mukaddes Ruhy kabul etdiňizmi? " diýip sorady. Ol bu imanlylara duşanda, ony ilki bilen şol sorag gyzyklandyrýardy.

Pawlus göklerden dogulmagyň Mukaddes Ruha çümdürilmeden tapawutlanýandygyna düşünýärdi; şeýle çümdürilme nämälim dillerde geplemeklik bilen tassyklanýar.

Pawlus näme üçin ilki bilen şony sorady? Sebäbi Bu Isa Mesihiň Resullaryň işleri (1:4) kitabynda aýdanlarydy. Ol aslynda: "Şonsuz şäherden çykmaň!" diýip aýdypdy. Iýerusalimdäki resullar Samariýadaky adamlary*ň Hoş haba*ry eşidendigini bilenlerinde näme ertdiler? Olar şeýle diýdiler: "Ýigitler, edil şu wagtyň özünde şol ýere ugraň. Biz hemme zadyň dogry edilendigine göz ýetirmeli. Şol ýere baryň-da, olaryň Mukaddes Ruha çümdürilendigine göz ýetiriň" Pawlus Efes şäheriniň üsti bilen geçip barýarka, şol ýerde birnäçe şägirdi tapyp, olardan ilki bilen: "Iman edeniňizde Mukaddes Ruhy kabul etdiňizmi?" diýip sorady.

Olar: "Ýok, biz Mukaddes Ruhyiň bardygyny hatda eşidip-de göremzok" diýip jogap berenlerinde, Pawlus olardan nähili çümdürilmäni kabul edendiklerini sorady. Olar : "Ýahýanyň çümdürmesini" diýip jogap berdiler. Pawlus Ýahýanyň çümdürmesiniň toba etmek çümdürmesidigini

we ondan soň Geljek Kişä, ýagny Isa Mesihe iman etmelidigini adamlara tabşyrdy.

Adamlar muny eşidenlerinden soň Reb Isa Mesihiň ady bilen çümdürildiler (suwa çümdürilme). Pawlus olaryň üstüne ellerini goýandan soň olaryň üstüne Mukaddes Ruh indi we olar nämälim dillerde gürläp başladylar. Üns beriň: Pawlus olara sorag berende, olaryň iman edýändigini çaklaýardy. Hut şu sebäpdenem ol: “Iman edeniňizde Mukaddes Ruhy kabul etdiňizmi?” diýip sorapdy. Ol Mukaddes Ruha çümdürilmäniň gökden dogulmakdan ep-esli tapawutlanýandygyna düşünýärdi.

Bu mowzuk köp ýygnaklarda jedelleri döredýär. Bu onuň Mukaddes Kitapda bolmazlygy sebäpli däl-de, iblisiň ony güýçli ýigrenýänligi sebäpli bolýar diýp pikir edýärin.

Sebäbi eger ol *güýç* bolsa, durmuşy özgertmek başarnyklaryna we dünýä şaýat bolmaklyga eltýän gapy bolýan bolsa, onda siz bu dünýäniň hudaýyna garşy çykarsyňyz; biz bolsa onuň bu mesele babatdaky garaýşyny bilýäris. Mukaddes Ruha çümdürilme bize Rebbi şöhratlandyrmak üçin Isa Mesihiň işlerini amal edere *güýç – Hudaýyň güýjüni berýär*!

**BU MOWZUK KÖP ÝYGNAKLARDA JEDELLERI DÖREDÝÄR. BU ONUŇ MUKADDES KITAPDA BOLMAZLYGY SEBÄPLI DÄL-DE, IBLISIŇ ONY GÜÝÇLI ÝIGRENÝÄNLIGI SEBÄPLI BOLÝAR DIÝIP PIKIR EDÝÄRIN.**

6-njy bap

# NÄMÄLIM DILLERDE HEMMELER DILEG EDÝÄRMI?

Siz kimdir biriniň nämälim dillerde geplemeýändigini aýdýan adamlara, belki, duşansyňyz. Olaryň bu dillerde hemmeleriň gepläp bilýändigine ýa-da geplemelidigine ynanmazçylyk edýän bolmagy hem ahmal. Soňra olar öz aýdýanlaryny delillendirmek üçin Korintoslylara ýazylan hatyň aýatlaryny okap berýärler. Olar nämälim dillerde hemmeleriň geplememeýändigi barada Pawlusyň hut özüniň aýdýandygyna esaslanýarlar. Onda, geliň, şol hatyň aýatlaryny okalyň we Pawlusyň bu babatda näme diýýändigini göreliň.

> *Siziň ähliňiz Isa Mesihiň bedenisiňiz, her biriňiz bedeniniň bir agzasysyňyz. Hudaý ýygnaga ilki bilen resullary, soňra pygamberleri, üçünji edip öwredijileri belledi. Soňra gudrat görkezýänleri we şypa berýänleri, ýardam berýänleri we dolandyrýanlary, soňra nämälim dillerde gürleýänleri belledi. Eýsem hemmeler resulmydyr? Hemmeler pygambermidir? Hemmeler taglym öwredijimidir? Hemmeler gudrat görkezýänmidir? Şypa berme peşgeşi hemmelerde barmy?* ***Hemmeler nämälim dillerde gürleýärmi?*** *Hemmeler bu dillerde aýdylanlary düşündirip bilýärmi?*
>
> – 1 Korintoslylar 12:27–30

Pawlus Korintosdaky ýygnaga ýazan hatynda ýygnak hyzmatlaryny hemmelere düşnükli bolan tärde geçirmek üçin nähili hereket etmelidigini gürrüň berýär. Şol döwürde olaryň ählisi öz ruhy peşgeşleri we halaýan wagyzçylary bilen biri-birinden ozdurmakda bäsleşipdir. Pawlus olara agzybirlikde we söýgüde bütewi bir beden hökmünde hereket etmek üçin öwüt berýär. Indi bolsa, ýokarda agzalan aýada jikme-jik garap geçeliň.

*Siziň ähliňiz Isa Mesihiň bedenisiňiz, her biriňiz bedeniniň bir agzasysyňyz. Hudaý ýygnaga [şu jümläni nygtamagy maslahat berýärin] ilki bilen resullary, soňra pygamberleri, üçünji edip öwredijileri belledi. Soňra gudrat görkezýänleri we şypa berýänleri, ýardam berýänleri we dolandyrýanlary, soňra nämälim dillerde gürleýänleri belledi.*

Pawlus sözüni dowam edýär, ýöne men bärde sägineýin, sebäbi "ýygnaga" diýen söz barada biraz gürrüň edesim gelýär. Ol hakyky ýygnak ýygnanyşygy barada aýdýar. Biz muňa Korintoslylara ýazylan hatyň 14:18-19-njy aýatlarynda göz ýetirip bilýäris, Pawlus bu ýerde hem şol sözi ulanýar:

*Hudaýa şükür, men nämälim dillerde hemmäňizden köp gürleýärin. Ýöne ÝYGNAKDA beýlekilere-de öwüt-ündew berer ýaly, düşnükli bäş söz aýdanymy gowy görýärin. Bu nämälim dillerde aýdylan müňlerçe sözden gowudyr.*

– 1 Korintoslylar 14:18, 19

Pawlus şeýle diýýär: "Hudaýa şükür, men nämälim dillerde hemmäňizden köp gürleýärin. Ýöne *ýygnakda*...". Ýene-de şol söz, bu gezek Pawlusyň Isa Mesihiň umumy bedeni barada däl-de, hakyky ýygnak üýşmegi barada aýdýandygy mese-mälim zat. Biziň hemmämiz Pawlusyň Isa Mesihiň tutuş Bedeniniň, "ýygnagyň" bir bölegi bolup durýanlygy babatda ylalaşarys. Bu elbetde şeýle. *Şeýle-de* Pawlus nämälim dillerde Korintosdaky imanylaryň ählisinden has köp gürleýändigine begenýär.

Ol muny şol ýerdäki ýygnagyň nämälim dillerde gürlemekdäki täze ukyplaryna begenip, düzgün-tertibi bozýandyklary we bulam-bujarlyk döredýändikleri üçin aýdýar.

Aslynda ol şeýle diýýar: "Eý, gardaşlar, men nämälim dillerde siziň baryňyzdan-da köp gürleýärin, ýöne hemme zadyň bellenilen tärde geçirilip, bulam-bujarlygyň bolmazlygy üçin, muny '*ýygnakda*' amal etmegiň täri bar". Soňra ol ýygnakda (imanlylaryň ýygnanyşygynda) başgalaryň-da öwüt almagy üçin düşnükli (olaryň umumy dilinde) dilde gürlemegi makul görýändigi barada aýdýar.

Korintoslylara birinji hatyň 12-nji babynda ýazylyşy ýaly, käbir adamlar ýygnakda nämälim dillerde gürlemek we olary manylandyrmak peşgeşinde hyzmat edýärler, ýöne bütin Bedene öwüt bermek üçin welin bu peşgeşde hemmeler hereket etmez ýa-da etmeli bolmaz. Pawlus hatda ýygnakda nämälim dillerde gürlemeli we ony manylandyrmaly adamlaryň sanyny çäklendirip, olaryň üç adamdan köp bolmaly däldigi barada aýdýar.

> *"Eger araňyzda nämälim dillerde gürleýän bar bolsa, goý, ikisi ýa-da üçüsi gezek-gezegine gürlesin; ýene biri manylandyrsyn" (1 Kor. 14:27).*

*Şoňa görä-de, Pawlus nämälim dillerde hemmelreiň gürlemeýä*ndigi barada aýdanda, ol "ýygnagy" ýa-da "ýygnak hyzmatyny" göz öňüne tutýar.

Siz şuňa düşünmeli: nämälim dillerde gürlemek ukybyna her bir imanly eýedir, ýöne ýygnak hyzmatynda diller we olary manylandyrmak peşgeşini aýan etmek üçin gerek bolan patalary hemmeler almaýar. Eger size ýygnak hyzmatynda bu peşgeşi aýan etmek üçin şeýle patalar berlen bolsa, onda siz, Mukaddes Kitaba laýyklykda, bu dilleri manylandyryp bilmezgiňiz üçin hem dileg etmelisiňiz.

> *"Nämälim dillerde gürleýän adam ony manylandyryp bilmegi üçin-de doga-dileg etmelidir" (1 Kor. 14:13).*

Men nämälim dillerde gürleýän adamyň ýygnakda olary manylandyrjak adamyň hem bolup bilýändigine ynanýaryn, sebäbi habar eýýäm ol arkaly gelip dur.

Biz näme üçin nämälim dillerde dileg etmeli? Ruhda (nämälim dillerde) dileg edip bilýän imanlylary iblis ýigrenýär we men siziň munuň näme üçin şeýle bolýandygyna düşünýändigiňiz babatda ynamly bolasym gelýär.

Pawlus nämälim dillerde hemmelerden köp dileg etmäge şatdygyny aýdanda, munuň haýsydyr bir sebäbi bolmaly ahyryn. Ol Korintoslylara ýazan birinji hatynyň 14-nji babynda bu mesele boýunça öz pikirini mälim edipdi, biz hem oňa garap geçeli.

> *“Nämälim dilde gürleýän öz-özüne öwüt berýändir, pygamberlik edýän bolsa ýygnaga öwüt berýändir” (1 Kor.14:4).*

Geliň, muňa jikme-jik garap geçeliň. Öwüt bermeklik näme aňladýar? “Öwüt bermek” sözi “görkezme bermek ýa-da peýda bermek, aýratyn-da ahlak ýa-da ruhy bähbitli peýda bermek, beýgeltmek” diýmegi aňladaýar.[2]

Haýsy tarapa hereket etmelidigini bilmek, ýagdaýa düşünmek ýa-da dogry çözgüdi kabul etmek üçin öwüde mätäç bolýan ýagdaýlaryňyzyň bolýandygy bilen ylalaşýansyňyz diýip pikir edýärin. Hut şeýle ýagdaýlarda nämälim dillerde dileg etmeklik size durmuşyňyzda öwüt ýa-da maslahat bermek arkaly kömek edip bilýär. Pawlusyň bu barada aýdyň aýdýan ýene bir aýadyna garap geçeliň:

> *“Mukaddes Ruh hem **ejizligimizde** bize kömek berýär, sebäbi biz hatda nähili we näme barada dileg etmelidigimizi hem bilmeýäris. Emma Mukaddes Ruhuň Özi söz bilen beýan edip bolmajak iňňildiler bilen biziň üçin töwella edýär. Ynsan ýüreginiň jümmüşini bilýän Hudaý Mukaddes Ruhuň pikirlerine düşünýändir. Sebäbi Mukaddes Ruh Hudaýyň islegine görä Onuň halky üçin ýalbarýandyr”.*
>
> – Rim. 8:26, 27

Pawlus bizde kynçylygyň we ejizligiň bardygyny aýdýar: “Biz näme barada dileg etmelidigimizi bilmeýäris”. Siz: “Bu näme üçin ejizlik bolýarmyş?” diýip soramagyňyz ahmal. Bu soragyň jogabyny indiki aýatdan görüp bolýar:

> *“Biz Hudaýa bil baglaýarys, sebäbi Onuň yradasyna görä näme dilesek, dilegimizi eşidýändigini bilýäris. Onuň ähli dileglerimizi eşidýändigini bilýän bolsak, Ondan dilän zadymyzy aljakdygymyzy-da bilýändiris”.*
>
> – 1 Ýohanna 5:14, 15

Biz Hudaýyň yradasyny bilmezden ýa ol babatda ynamly bolmazdan, imana görä (Hudaý bilen ylalaşykda) hereket edip bilmeýäris. Imana görä hereket edip bilmeýän bolsak, onda ejiz haldadygymyz gürrüňsiz zat, sebäbi imanymyzyň bolmadyk ýagdaýynda biz Hudaýyň merhemetinden ýa güýjünden peýdalanmagy başarmaýarys. Şunlukda, Pawlus dileg edip bilmezligiň ejizlikdigini we nämälim dillerde dileg etmekligiň kömek edip bilýändigini aýdýar. Geliň, şu aýady ýene bir gezek okalyň:

> *“Mukaddes Ruh hem ejizligimizde bize kömek berýär, **sebäbi biz hatda nähili we näme barada dileg etmelidigimizi hem bilmeýäris**”.*
>
> – Rimliler 8:26

Biziň ejizligimiz nähili we näme barada dileg etmelidigini bilmeýänligimizde! Mukaddes Kitap bize kim bilen durmuş gurmalydygyny, nirede ýaşamalygyny ýa-da nähili işe durmalydygyny aýtmaýar. Hudaýyň yradasyny bilmezden, dileg eden wagtymyzda Hudaýdan alýandygymyzy bilmeris we ynanmarys. Ýene bir gezek gaýtalaýyn: bu uly ejizlikdir! Biz Hudaýyň yradasynyň nämedigini bilmeýän ýagdaýymyzda, Oňa ynanmaýarys. Ýöne gündeki durmuşyň her bir ýagdaýy babatda Hudaýyň yradasyny bilmäge kömek edýän bir usul bar. Iman bilen ynamly hereket etmek üçin Hudaýyň yradasyny anyk bilmäge kömek edýän bir usul bar.

Pawlus, ine, şu barada aýdýar. Onuň öwüt bermek barada aýdýanlary şeýle bilimiň – Hudaýyň Ruhy arkaly geýän bilimiň elýeter bolýandygyny aňladýar. Biz Ruhda ýa-da nämälim dillerde dileg edenimizde, Ruha gulak goýýarys. Eger biz Pawlusyň Rimlilere ýazan hatynyň 8: 26-27-nji aýatlaryndaky maslahatyna eýersek, onda onuň yzýanynda şuny okarys:

> *“Emma Mukaddes Ruhuň Özi söz bilen beýan edip bolmajak iňňildiler bilen biziň üçin töwella edýär. Ynsan ýüreginiň jümmüşini bilýän Hudaý Mukaddes Ruhuň pikirlerine düşünýändir. Sebäbi Mukaddes Ruh Hudaýyň islegine görä Onuň halky üçin ýalbarýandyr”.*

Şunlukda, Pawlus Ruhda dileg edenimizde ahy-nala çekýändigimiz barada aýtmaýar, tersine, ol öňýanyndaky aýatlara salgylanýar.

> *Biz bütin ýaradylyşyň şu wagta çenli ahy-nala çekip, burgy jebirlerini çekýändigini bilýäris. Diňe bir ýaradylyş däl, eýsem gelejekdäki şöhratyň kepili hökmünde Mukaddes Ruhy alan biz hem* ***ahy-nala çekýäris****. Sebäbi biz özümiziň ogullyga alnyp, bedenimiziň çüýremeden azat edilmegine sabyrsyzlyk bilen garaşýarys. Biz halas edilenimiz üçin, indi bu umydymyz bardyr. Ýöne göze görnüp duran umyt asla umyt däldir. Görüp duran zadyna umyt baglaýan barmy näme? Biz görmeýän zadymyza umyt baglap, şoňa sabyrlylyk bilen garaşýandyrys.* ***Mukaddes Ruh hem ejizligimizde bize kömek berýär****, sebäbi biz hatda nähili we näme barada dileg etmelidigimizi hem bilmeýäris. Emma Mukaddes Ruhuň Özi söz bilen beýan edip bolmajak iňňildiler bilen biziň üçin töwella edýär. Ynsan ýüreginiň jümmüşini bilýän Hudaý Mukaddes Ruhuň pikirlerine düşünýändir. Sebäbi Mukaddes Ruh Hudaýyň islegine görä Onuň halky üçin ýalbarýandyr.*
>
> – Rimliler 8:22–27

Pawlus bu ýerde “ahy-nala çekmek” sözüni içimizde bolýan zatlary

görkezmek üçin ulanýar. Biz çaga dogurýan aýal kimin nalaýarys, ýagny içimizdäki Hudaýyň Ruhundan haýsydyr bir zady dogrup, ozal bolmadyk ýa-da bizden bolmadyk bir zady dogurýarys diýip aýdyp bilýäris. Şunlukda, biz Ruhda dileg etmek arkaly öz ruhumyzdan haýsydyr bir täze, heniz bilmeýän zadymyz baradaky bilimi “dogurýarys”. Mukaddes Kitap islendik ýagdaý üçin Hudaýyň kämil yradasy barada Hudaýyň Ruhunyň biziň ruhumyz arkaly dileg edýändigini aýdýar. Onda Hudaýyň hut Özüniň söz bilen beýan edip bolmajak (düşnükli dilde beýan edip bolmaýan) iňňildiler bilen biziň ynsan ruhumyz arkaly dileg edýändigi barada aýdylýar.

Şunlukda, biz bärde Mukaddes Ruhuň iňňildiler (dogrum) bilen biziň üçin töwella etjekdigini ýüze çykarýarys; Ol muny düşnüksiz sözler, biziň düşünmeýän sözlerimiz (ýa-da nämälim diller) arkaly beýan edýär. Biziň ýüreklerimizi Derňeýän bolsa Ruhuň niýetlerini bilýär, sebäbi Ruh (Hudaýyň Ruhy) mukaddesler üçin Hudaýyň kämil yradasyna görä töwella edýär. Siz nämälim dillerde dileg edeniňizde, Hudaýyň Ruhy ýagdaýlaryň her biri üçin siziň hut öz ruhuňyz arkaly Hudaýyň kämil yradasyna görä dileg edýär.

Şunlukda, biz Hudaýyň yradasyny bilmedik ýagdaýymyzda, ejiz bolýarys. Biz Hudaýyň yradasyny bilmezden, imany boşadyp bilmeýäris. Pawlus eger biz Ruhda dileg etsek, onda durmuşymyzdaky islendik ýagdaýy üçin Hudaýyň Ruhunyň biz arkaly Onuň kämil yradasy barada dileg etjekdigini aýdýar.

Hudaýyň Ruhy biz arkaly nämälim dillerde dileg edende, biz nädip öwüt alýarys? Biz näme gürleýändigimize düşünmeýäris ahyryn. Munuň jogabyny Pawlusyň beýleki hatynda tapyp bolýar.

> *Emma Mukaddes Ýazgylarda ýazylyşy ýaly: “Hudaýy söýýänler üçin Onuň taýynlan zatlaryny ne göz görüpdi, ne-de gulak eşidipdi, ne-de ynsan akyly çaklapdy”.*
>
> *Bize bolsa Hudaý bu danalygy Öz Ruhy arkaly aýan etdi. Çünki Mukaddes Ruh ähli zady, hatda Hudaýyň çuň pikirlerine düşünýändir. Ynsanyň pikirlerini onuň içindäki öz ruhundan başga*

> *hiç kim bilmeýär. Hudaý babatda hem şeýle: Onuň Öz Ruhundan başga hiç kim Hudaýyň pikirlerini bilýän däldir. Biz bu dünýäniň ruhuny alan däldiris. Biz Hudaýyň Öz merhemeti arkaly bize eçilenlerine düşünerimiz ýaly, Hudaýyň Ruhuny alandyrys. Biz bulary ynsan danalygynyň öwreden sözleri bilen däl-de, Mukaddes Ruhuň öwreden sözleri bilen aýdýarys. Biz ruhy hakykaty ruhy sözler bilen düşündirýäris.*
>
> – 1 Korintoslylar 2:9–13

Ýokarda belläp geçişim ýaly, Pawlus ilki bilen heniz eşidilmedik, görülmedik we hat-da çaklanylmadyk zatlaryň bize indi elýeter bolandygyny aýdýar. Ol sözüni dowam edip, munuň nähili amal bolýandygyny bize aýdyp berýär:

> *Ynsanyň pikirlerini onuň içindäki öz ruhundan başga hiç kim bilmeýär. Hudaý babatda hem şeýle: Onuň Öz Ruhundan başga hiç kim Hudaýyň pikirlerini bilýän däldir.*
>
> – 1 Korintoslylar 2:11

Mukaddes Ýazgynyň şu nukdaýnazary barada aýtmazymdan öň, özümiziň nämeden ybaratdygymyz barada başlangyç düşünjäni edinmegimiz gerek. Saloniklilere *ýazylan* birinji hata laýyklykda (5:23), biz *üç* bölekden: ruh, jan we bedenden ybarat.

> *Goý, parahatlygyň gözbaşy bolan Hudaý sizi hemmetaraplaýyn päklesin. Rebbimiz Isa Mesih gelende ruhuňyz, janyňyz we bedeniňiz aýypsyz bolsun.*
>
> – 1 Salonikliler 5:23

Biziň ruhumyz – Hudaýyň bizdäki bölegi, janymyz – bu biziň aňymyz, erkimiz we duýgularymyz, bedenimiz – bu biziň bedenimiz. Pawlus biziň janymyzyň (aňymyzyň, erkimiziň, duýgularymyzyň) we ruhumyzyň berk baglanyşygy bolansoň, ruhumyzyň biziň pikirlerimizi bilýändigi barada aýdýar.

Bu beýleki tarapdan hem şeýle. Biziň aňymyz biziň ruhumyzyň pikirlerini aňyp bilýär. Pawlus Hudaýyň Ruhunyň Hudaýyň pikirlerini bilýändigini we Hudaýyň bize peşgeş berenlerini bilmek üçin Hudaýyň Ruhundan paý alandygymyzy aýdýar.

> *Biz bu dünýäniň ruhuny alan däldiris. Biz Hudaýyň Öz merhemeti arkaly bize eçilenlerine düşünerimiz ýaly, Hudaýyň Ruhuny alandyrys. Biz bulary ynsan danalygynyň öwreden sözleri bilen däl-de, Mukaddes Ruhuň öwreden sözleri bilen aýdýarys. Biz ruhy hakykaty ruhy sözler bilen düşündirýäris.*
>
> – 1 Korintoslylar 2:12-13

Pawlus sözüni dowam edip, bizde ozal bolmadyk, ýöne Hudaýyň Ruhy arkaly bize açylan nämälim bilimiň Ruhuň bize öwreden zatlaryny söz bilen beýan edýändigimiz barada aýdýar. Biz bu sözleri adaty düşnükli ýa-da ene dilimizde aýtman, ruhy sözler bilen aýdýarys. Pawlus ruhy sözler bilen dileg eden wagtymyz nämälim dillerde dileg edýändigimizi aýdýar, sebäbi ol Korintoslylara birinji hatda (14:14-15) nämälim dillerde gürlemek babatda hem hut şeýle kesgitlemäni ulanypdy.

> *Çünki men nämälim dilde doga-dileg edýän bolsam, muny diňe ruhum edýändir. Akylym muňa gatnaşýan däldir. Näme etmeli? Men ruhum bilen doga-dileg etsem, muny aňymda-da etjek. Men ruhum bilen nagma aýtsam, muny aňymda-da aýtjak.*

Pawlus nämälim dillerde gürlemek barada aýdanda “ruhda doga-dileg etmek” diýen jümläni ulanýar. Ol Ruhuň bize öwreden sözleri bilen gürleýändigimiz barada aýdanda, şol bir nämälim dillerde gürlemekligi göz öňüne tutýar diýip çaklap bilýäris.

> *Nämälim dilde gürleýän adam adamlar bilen däl-de, Hudaý bilen gürleşýändir. Çünki onuň Mukaddes Ruhdan **ylhamlanyp aýdýan syrlaryna** hiç kim düşünýän däldir.*
>
> – 1 Korintoslylar 14:2

Pawlus biziň ruhumyz barada aýdanda, onuň ozal görmedik, eşitmedik we bilmedik zatlarymyz barada gürlemäge, ýagny Pawlusyň aýdyşy ýaly "syrlary" aýtmaga ukyply bolýandygyny belläp geçýär. Pawlus şu aýatda biziň Hudaýyň Ruhy bilen bilen däl-de, öz syrlarymyz bilen öz ruhumyzda dileg edýändigimizi aýdýar. Biziň bilmeýän zatlarymyz biziň ruhumyza nädip düşüp bilýär? Bu diýseň aňsat zat! Biziň ruhumyz bilen indi birigen Hudaýyň Ruhy arkaly.

> *Ynsanyň pikirlerini onuň içindäki öz ruhundan başga hiç kim bilmeýär. Hudaý babatda hem şeýle: Onuň Öz Ruhundan başga hiç kim Hudaýyň pikirlerini bilýän däldir.*
>
> – 1 Korintoslylar 2:11

**MUKADDES RUHA ÇÜMDÜRILME – BU HUDAÝYŇ GIZLIN ÝARAGYDYR! OL ÖZ YRADASYNY ÝER ÝÜZÜNE GEÇIRENDE, MUNY IBLISIŇ NÄMELERIŇ BOLUP GEÇÝÄNDIGINI BILMEZI ÝALY TÄRDE AMAL EDÝÄR.**

Biziň ruhumyz Hudaýyň pikirlerini syzanda, aňymyz-da bu pikirleri aňýar. Biziň aňymyz Hudaýyň pikirlerini aňanda, biz muny "aýanlyk" , "bilim" ýa-da Pawlusyň aýdyşy ýaly, "öwüt bermek" diýip atlandyrýarys. Siz indi Pawlusyň özüniň nämälim dillerde dileg etmegine şeýle şatlanmagynyň sebäbini bilýärsiňiz: ol her bir ýagdaý üçin Hudaýyň yradasyny bilmek hukugyna eýe bolupdy.

Pawlus Korintoslylara ýazan birinji hatynda (2:15-16) hut şol barada diýýär:

> *Mukaddes Ruha eýerýän adam hemme zada baha berip bilýär, emma başgalar bu adama baha bererden ejizdir. "Rebbe kim akyl ýetirdi? Kim Oňa maslahat berip bildi?" Emma bizde welin Isa Mesihiň akyly bardyr.*

Biz adaty ynsan baha bermeleri bilen çäklendirilen däl, ýöne Hudaýyň ýardamy bilen hemme zada baha berip bilýäris. Bu diýseň ajaýyp täzelik! Biz Ruhda (nämälim dillerde) dileg etmek bilen, ozal bilmedik zatlarymyzy – syrlary bilmek mümkinçiligini alýarys we bu bilim arkaly hemme zada dogry baha berip ýa-da dogry çözgütleri kabul edip bilýäris!

Mukaddes Ruha çümdürilme – bu Hudaýyň gizlin ýaragydyr! Ol Öz yradasyny ýer ýüz*üne geçirende, muny iblisiň näme*leriň bolup geçýändigini bilmezi ýaly tärde amal edýär.

Ruhda dileg etmeklik aslynda Efeslilere ýazylan hatda (6:18) beýan edilýän ruhy ýaraglarymyzyň bir bölegi bolup durýar:

> *Her bir ýagdaýda ýalbarmak bilen, Mukaddes Ruhuň ylhamy arkaly Hudaýa doga-dileg ediň. Hüşgär boluň, Hudaýyň ähli halky üçin hemişe dilegde boluň.*

Ruhda edilýän dileg bize gerekli strategiýalary aňyp, duşmanyň hile-pirimlerine düşmezlige ýa-da üýtgeşik we adaty däl tilsimler arkaly öňe süýşmäge ýardam berýär.

Şeýle ýardam Isa Mesihiň akylyna daýanyp, durmuşymyzda dogry çözgütleri kabul edip bilýänligimizi göz öňüne tutýar. Siz munuň wajyplygy bilen ylalaşarsyňyz öýdýän! Men muňa öz durmuşymda göz ýetirdim!

Mysal hökmünde öz telekeçilik meselämde wajyp çözgüdi kabul edişim baradaky wakamy ýatlap geçeýin. Söwda wekili (men ol arkaly üpjünçilerimiň biri bilen işleşýärdim) meniň kompaniýamyň üstünden kazyýete arz-şikaýat etjekdigini habar berdi, sebäbi men onuň yzy bilen täze kompaniýa geçesim gelmeýärdi. Ol meniň hemişe işleşip ýören üpjünçilerimiň ýanyndan gidenden soň hem onuň bilen işlemegimi isleýärdi. Men bu söwda wekilini halaýardym, ýöne men özümiň oňa däl-de, onuň işleýän kompaniýasyna wepalydygymy duýdum. Onuň ozal işlän kompaniýasy öz müşderilerini ýany bilen täze kompaniýa äkidip bilýändigini mälim eden eken. Şonuň üçin-de, men onuň bilen gidäýemde-de, bu erbetlik däldi, ýöne men şonda-da özümiň muňa

mejbur edilýänimi o diýen oňlamaýardym. Onuň ozalky kompaniýasy men babatda hemişe adalatly hereket edýärdi.

Ol meniň üstümden kazyýete arz etjekdigi bilen meni gorkuzýardy, sebäbi şondan birnäçe aý ozal ol özüniň täze kompaniýa geçjek bolýandygyny aýdyp, meniň oňa geçip-geçmejegimi sorapdy. Men bu barada çynlakaý pikir etmän, täze kompaniýa geçjekdigimi aýdypdym. Ol bolsa täze kompaniýa geçmek baradaky çözgüdi kabul edende meniň telekeçiligime bil baglan eken. Ýöne indi, onuň täze kompaniýa geçjek güni golaýlanda, kalbymda birhili howsalalyk duýgusy döredi. Şonuň üçinde men birnäçe günläp Ruhda dileg edip gezdim. Ýöne gerekli jogaby heniz eşitmändim.

Drenda ikimiz çagalarymyzy öýümizden birki sagatlyk ýol aralygynda ýerleşýän Cedar Point atly şowhun seýilgähine ýygy-ýygydan äkidýärdik. Bu seýilgäh aslynda ABŞ-daky amerikan gorkalarynyň iň uly seýilgähi we biz şol ýere adatça ýylda birki gezek gidýäris. Bu anna günüdi, men bolsa düşenbe güni irden şol adama jogabymy aýtmalydym. Men ünsümi biraz sowmak maksady bilen Drendany ýanyma aldym-da, şol agşamy şowhun seýilgähinde geçirmegi ýüregime düwdüm.

Men duşenbe güni irden bermeli jogabym baradaky çözgüdimiň pikirini-de etmän, nobata durkam, birdenkä näme etmelidigine aýdyň düşündim. Bu gündiziň güni ýaly aýdyňdy. Mukaddes Ruh meniň bilen gürleşdi we men ozalky kompaniýamda galdym. Söwda wekiliniň täze kompaniýasy bolsa birnäçe aýdan batyp galdy.

Şunlukda, üstünligiň açary ine şeýle: dileg ediň! Hemme zadyň gülalagüllük bolmagy, dogry çözgütleri kabul etmegiz, ýeňiş gazanmak üçin gerek bolan dogry strategiýalary saýlap almagyňyz üçin Ruhda ýygy-ýygydan dileg ediň.

*“Dyngysyz doga-dileg ediň” (1 Sal. 5:17).*

7-nji bap

# HAZYNALY SANDYK

Den atly ýigide duşan ilkinji günüm ýadyma düşýär. Ol ýygnagyň yzky tarapynda, iň soňky hatarda gyz doganoglanym Jenifer bilen otyrdy. Men soňra olaryň duşuşýandygyny bildim. Men Deniň ýüz keşbinden onuň özüni bütinleý oňaýsyz duýýandygyna düşündim. Aslynda, ol özüni bütinleý tagaşyksyz duýýardy. Men soňra biziň ýygnagymyzyň onuň ozal gatnaşyp ýören denominasiýasyndan bütinleý tapawutlanýandygyny ýüze çykardym. Ýöne ol Hudaýyň Şalygy barada öwrenip başlandan soň, arkaýynlaşyp, soňunda gyz doganoglanyma öýlendi.

Şol döwürde Den merkezi Ogaýoda 1400 akr (560 gektar) meýdanda oba hojalyk işlerini ýöredip, işi o diýen ugruna bolmandyr. Ol girdeji almaýan eken we bu ony alada goýýan eken. Ýöne ol Hudaýyň Şalygy we Mukaddes Ruhuň kömek edişi barada diňlemesini dowam edensoň, günleriň birinde Jeniferiň ýanyna baryp: “Men berýän sadakalarymy iki esse artdyrasym gelýär” diýipdir. Jenifer muňa gaty haýran galsa-da, örän begenipdir. Olar şeýle hem edipdirler.

Şol ýyl şol 1400 akr meýdanyndan ýygnan hasyly öňýanyndaky ýyldan 128 göterim artyk bolupdyr. Alan hasyly şeýle köp bolansoň, olar täze maşyny we ýene bir fermany nagt pula satyn alypdyrlar; bu täze ferma bolsa indiki ýylda ekin meýdanynyň artmagyny aňladýardy. Den muňa diýseň tolgunypdyr! Ol täze fermanyň tölegini tölemek üçin kakasyna on ýylyň gerek bolardygyny, özüniň bolsa ony nagt pula satyn alandygy aýtdy. Men Denden bularyň nädip amal bolandygyny gürrüň bermegini soradym.

Den bilen Jenifer öz sadakalaryny iki esse artdyranlaryndan soň dileg

edip, Hudaýdan näme etmelidigini sorapdyrlar. Den günleriň birinde günde gelýän poçtany, esasan-da fermerlere niýetlenen mahabatlamalary gözden geçirip durka , üçe-bäş ölçegdäki otkrytkany zibil bedresine oklapdyp, ýöne şobada ony yzyna almalydygyny syzypdyr. Bu otkrytkada üýtgeşik bir zat ýokdy, onda haýsydyr bir oba hojalyk enjamyň mahabatlandyrmasy bardy. Fermerleri bu enjam barada pikir alyşmak üçin geçirilýän duşuşyga çagyrýardylar.

Den şol ýere gitmek islegini duýupdyr we şol ýere barandan soň mahabatlandyrylýan enjamy satyn alypdyr. Bu bazara çykarylan täze önümdi; ol ekişde ulanylyp, tohumlary ýerleşdirmek we topragy taýynlamak bilen bagly bir işlere niýetlenipdir. Den maňa bu enjamyň hasyly artdyrmakdaky netijeliligini ylmy taýdan düşündirjek bolup jan etdi, ýöne men gürrüňiniň ýarysynda kelebiň ujuny ýitirdim. Esasy zat – onuň özi muňa düşünýärdi. Den maňa Ogaýo ştatynda şol enjamy satyn alan fermeriň ikinjisi bolandygyny gürrüň berdi. Garaz, şol kiçijek enjam öz işini bitiripdir we netijede hasylyň mukdary 128 göterim artypdyr. Den ýene-de ekin meýdanlaryny satyn aldy we häzirki wagtda ol müňlerçe akr meýdanda ekin ekýär. Indi onuň öňde-soňda göz öňüne getirip bilmedik okgunly ösüşlerine ýetiren çözgütleri kabul etmekde Mukaddes Ruhuň kömek edişi baradaky wakalary örän köp.

Den ýaramaz işleýän fermasyny uly girdeji berýän ferma nädip öwrüp bildikä? Ol öz kömekçisiniň, ýagny Mukaddes Ruhuň maslahatlaryna eýerdi. Gynansak-da, mesihileriň köpüsi bu wakany eşidenlerinde, munuň nähili amal bolandygyny hatda göz öňüne-de getirip bilmeýärler. Hut şu sebäpdenem men bu kitaby ýazmagy wajyp saýdym. Ýok, mesihileriň köpüsi Hudaýyň belentligini taryplarlar, munuň Hudaýyň işidigini aýdarlar, ýöne muny nädip gaýtalap bolýandygy barada sähelçe-de düşünjeleri bolmaz. Netijede biz Hudaýdan göwni geçen we öz kynçylyklarynda Hudaýy aýyplaýan mesihileriň toparyny alarys. Meniň köplenç eşidýän sözlerim, ine, şeýle: “Hudaý nirede? Hudaýyň maňa näme üçin kömek etmeýändigini bilemok”.

Siz Hudaýyň Şalygynyň merhemete görä däl-de, kanunlara görä hereket edýändigine indi düşünýänsiňiz diýip umyt edýärin. Hudaý ýalkap-

ýalkamajak adamlaryny saýlamaýar. Den Hudaýyň saýlan adamlarynyň biri däl we ol Hudaý üçin sizden üýtgeşik däl. Hudaýyň Şalygynda siziň-de Deniňki ýaly kanuny haklaryňyz bar. Islendik adamyň tohum ekip, hasyl almaga hakynyň bolşy ýaly, Hudaýyň Şalygy-da onuň kanunlaryny nädip ulanyp bolýandygyny bilýän islendik adam üçin işleýändir. Siz Hudaýyň öýüniň agzasy we Onuň beýik Şalygynyň raýaty bolanyňyz üçin, Ondaky zatlaryň ählisi siziň üçin elýeterdir.

Hudaý adamlarynyň şeýle köp böleginiň öz durmuşynda şowsuzlyga uçramagynyň sebäbini size aýdyp bermäge ygtyýar ediň. Olar Hudaý Şalygynyň nädip hereket edýändigini bilmeýärler we Mukaddes Ruhy nädip eşitmelidigini bilmeýärler.

> *Penakäriňiz, Ysraýylyň Mukaddesi Reb şeýle diýýär: "Peýdaly zady öwredýän size, ýöremeli ýoluňyzdan äkidýän Hudaýyňyz Reb Mendirin".*
>
> – Işaýa 48:17.

Deniň üstünligi Den tarapyndan oýlanyp tapylan zat däldi. Bu Mukaddes Ruhuň täsin strategiýasy bolmak bilen, ol Deniň Şalygyň kanunyny ulanmak üçin eden hereketleri, aýaly bilen Mukaddes Ruhy eşidip, öz meýilnamalaryny amal etmekde Onuň kömegini kabul edendigi sebäpli boldy. Men siziň şuny ýazmagyňyzy isleýärin.

## MUKADDES RUHUŇ MEÝILNAMASY BAR!

**Meýilnamanyň bolmagyndan güýçli zat ýok. Hiç bir meýilnamasyz aňda haýsydyr bir zadyň suratyny çekmeklik – bu diňe arzuw bolýar, meýilnama bilen bolsa bu arzuwy durmuşa ornaşdyryp bolýar.**

Maşgala köp sanly otagly, giň myhman jaýly, uly döwrebap aşhanaly we owadan bezegli ajaýyp jaýy göz öňüne getirip bilýär. Ýöne şu tapgyrda bu diňe arzuw, surat bolup durýar. Şu hyýaly suraty kagyz ýüzüne geçirmeli, soňra bolsa çyzga, meýilnama öwürmeli. Gurluşykçynyň elinde çyzgy bolsa, jaýy gurup bolýar. Haýsydyr bir sebäbe görä, mesihileriň köpüsiniň

pikir edişi poçta gutusyna (men şuny şeýle atlandyrýaryn) meňzeýär. Olar Deniň edişi ýaly Hudaýa dileg edip, mätäç bolan pullaryny soranlarynda, bu puluň öz poçta gutularynda peýda bolaryna ýa-da, has erbedi, bu puly olara kimdir biriniň bererine garaşýarlar. Olar munuň nähili amala aşýandygyna hiç düşünmeýärler.

Hawa, ilkibaşda siziň suratyňyz bolmaly. Ýöne hyýalyňyzdaky zatdan dogrudan-da lezzet alyp bilmek üçin ony durmuşa geçirmegiň prosessi bar. Jogap – bu zady durmuşa geçirmek üçin meýilnama ýa-da strategiýa gerek. Mysal getireýin: eger men size maliýe kynçylyklaryňyzy çalt çözüp berjekdigimi aýtsam we etmeli zatlaryňyzy ýazyp almagyňyz üçin kagyz bilen ruçka almagyňyzy haýyş etsem, siz muny şobada edip, aýtjak zatlarymy diňlemäge taýynlanarsyňyz. Soňra bolsa şu kitaby okaýan adamlaryň köpüsine maliýe kynçylyklaryny aýryp, ýylyň ahyryna çenli, belki, ähli bergilerinden çykarjak maslahatlary berjekdigimi aýdardym. Şonda siz aýtjak zatlarymy sypdyrmazlyk üçin eliňizdäki ruçkany has mäkäm tutarsyňyz.

Aslynda welin munuň jogaby örän ýönekeý diýip düşündirýärin. Şu ýyl 10 million sap girdejini alyň. Siz, belki, bir pursat ýüzüme dikanlap seredersiňiz, soňra bolsa hikirdäp başlarsyňyz. Men siziň hikidiňiziden 10 million dollaryň size ýeterlik däldigini çaklap, sözümiň üstüni ýetirip: “Hä, eger bu ýeterlik bolmasa, onda 25 million dollar gazanaýyň” diýýärin. Şeýle sözlerden soň siz hikirdimäňizi bes edip, hahaýlap gülüp başlaýarsyňyz. Näme üçin? Ýaňyja bolup geçen zatlary düşündireýin. Adamlaryň aglabasy üçin 10 million dollar dogrudan-da bergilerinden çykmaga kömek ederdi, ýöne olar haçan hem bolsa bir ýylyň dowamynda 10 million dollar gazanjagyny göz öňüne getirip bilmänsoňlar, hikirdäp gülýärler. 25 millionlyk warianta bolsa hahaýlap güläýmek galýar, sebäbi bu olaryň öz mümkinçilikleri baradaky çaklamalaryndan şeýle daş bolansoň, bu örän gülkünç görünýär.

*Ýöne, geliň, meniň ek*sport kompaniýam bar diýeliň we men size her bir topjagaz üçin 1000 dollar töleýän, siz bu topjagazy guta salyp, ony ibermäge taýynlamak üçin gutyny skoçlamaly diýeliň. Şeýle-de siz her günde şeýle gutularyň 500 sanysyny ibermäge taýynlap, men-de

şeýle tizlikde işleniljek hasabyndan siziň bilen 12 aýlyk iş şertnamasyny baglaşýaryn diýeliň. Bu mysal juda ulaldylyp görkezilen, ýöne meniň näme diýjek bolýanyma düşünip bolýar.

**ŞUNY ÝENE BIR GEZEK GAÝTALAÝYN, SIZ MUNY EŞITMELI DIÝIP PIKIR EDÝÄRIN: HUDAÝDA SIZIŇ MEÝILNAMAŇYZ BAR!**

Indi eger siziň dogrudan-da şeýle iş şertnamaňyz bar diýen pikirden ugur alyp, ozal aýdanlarymy gaýtalap, indiki ýylyň dowamynda 10 million dollar sap girdeji aljakdygyňyzy aýtsam, siz muňa nähili gararsyňyz? Indi-hä hiç hikirdi bolmaz. Muňa derek şatlykly gygyryşlar ýaňlanyp, uly tolgunmalar dörärdi. Näme üçin? Sebäbi şertnama boýunça 10 million dollar gazanmak aňsat bolar. Aslynda hatda 25 million dollar gazanmak aňsat bolardy, 100 million dollary hem gazanmak mümkin bolardy. Näme üýtgedi? Diňe bir zat: siziň meýilnamaňyz bar. Ozal aýdyşym ýaly, eger Isa Mesih balygy nirede we nädip tutmalydygyny görkezse, muny islendik adam başaryp biler; bu ýerde hem şeýle. Siziň meýilnamaňyz bolup, siz-de oňa güýjüňiziň ýetjekdigini gören badyňyza, siziň meseläňiz çözüler.

> *“Çünki siziň üçin niýetlän meýillerimi Özüm bilýärin. Muny Reb aýdýandyr. Bular size ýamanlyk etmek däl-de, umytly geljek bermek üçin parahatlyk niýetleridir” (Ýerm. 29:11).*

Şuny ýene bir gezek gaýtalaýyn, sizi muny eşitmeli diýip pikir edýärin: Hudaýda SIZIŇ meýilnamaňyz bar!

Birnäçe aý mundan ozal ýygnakda bir hyzmatdaşyma duşdum, men şol ýerde seminar sapaklaryny berýärdim. Ol hyzmatyň ahyrynda meniň ýanyma sorag, has takygy öz tassygy bilen geldi. Ol: “Başa barmady! Men tohum ekdim, ýanýoldaşym bilen erkek suguny awlamak babatda ylalaşdyk, ýöne ony awlap bilmedik” diýdi. Ol anyk bir suguna – erkek suguna we anyk tüpeň atyşa ekişini gürrüň berdi. Şonda men degişli soraglary berişdirip, ahyrda ondan awa çykan güni suguny görüp-görmändigini soradym. Ol jogap berip: “Hawa, edil tohum ekişimdäki ýaly

erkek sugun ok atym ýere gelip, maňa gapdallaýyn durdy” diýdi.

Şeýle jogapdan soň men birhili boldum, şonuň üçin-de soňra nämeleriň bolandygyny soradym. Ol suguny nyşana alandygyny, ýöne şondan öň tüpeňiniň atyşyny barlamak üçin dostuna berensoň, ony gaýtadan barlamandygyny gürrüň berdi; netijede bolsa onuň atan oky nyşandan sowa geçipdir. Meniň üçin hemme zat ap-aýdyň boldy. Onuň bolan zatlara düşünmeýşine haýran galaýmaly.

Meniň pikirimçe imanlylaryň-da köpüsi şeýle ýagdaýa düşýärler. Olar haýsydyr bir sebäbe görä munuň prosesine we hasyl ormakdaky orunlaryna düşünmeýärler. Men oňa Hudaýyň Öz bölegini ýerine ýetirendigini, onuň bolsa öz bölegine äsgermezçilik edendigini düşündirmeli boldum. Hudaý size meýilnama berip bilýär, ýöne ähli zadyň ugruna bolmagy üçin, siz öz bölegiňizi ýerine ýetirmelisiňiz. Siz we Hudaý bilelikde!

> *Gögüň Şalygy ekin meýdanynda **GIZLENEN** hazyna meňzeýändir. Bir adam ony tapyp alýar, soňra ony gaýtadan gizleýär we begenip baryp, ähli zadyny satýar-da, ýaňky ekin meýdany satyn alýar.*
>
> – Matta 13:44

Mukaddes Ýazgynyň şu parçasynda Şalygyň hakykaty barada şeýle köp zat aýdylan! Ilki bilen, geliň, hazynanyň nämedigine kesgitleme bereliň. Sözlüge laýyklykda hazyna – bu eýeçilikde bolan gymmat ýa-da eziz zat. Şonuň üçin-de bu diňe altyn bölegi bolmaly däl; bu size edil şu pursat gerek bolan islendik zat bolup bilýär. Şunlukda, Mukaddes Ýazgynyň parçasy Gökleriň Şalygynyň hazyna kimindigini ýa-da durmuşda size gerek bolan zatlary barynyň şu Şalykda ýerleşýändigini aýdýar. Bu Şalyk nirede ýerleşýärkä? Isa Mesih Mukaddes Ýazgynyň bu parçasynda onuň meýdanda gizlenendigini aýdýar. Onda näme, oňat habar şundan ybarat: Isa Mesih bu meýdanyň nirede ýerleşýändigini we onda gizlenen hazynany nädip tapyp bolýandygyny aýdýar.

Eger biz Markyň hoş habarynyň 4-nji babyndaky ýere tohum sepýän adam baradaky tymsaly okasak, onda Isa Mesihiň adamyň ýüreginde imanyň nädip döreýändigi barada öwredişini göreris. Ol bu tymsalda

adamyň ruhuny toprak bilen deňeşdirýär, Hudaýyň Sözüni bolsa ýere sepilen tohum bilen deňeşdirýär. Şeýle deňeşdirmäni ulanmak bilen, Mattanyň hoş habarynyň 13-nji babynda agzalýan ekin meýdanynyň hem hut şeýle kesgitlemä eýe boljakdygyny, ýagny onda adamyň ruhunyň göz öňüne tutulýandygyny aýdyp bolar. Şu ýerde bir salym säginip, 6-njy bapdan bilen zatlarymyzy ýatladasym gelýär: biz Göklerden doglanymyzda, biziň ynsan ruhumyz Hudaýyň Ruhy bilen bir bolup, bize Hudaýyň pikirlerine aralaşmaga mümkinçilik berýär. Şonuň üçin-de, ekin meýdanynda ýerleşýän hazyna diňe biziň bilen çäklenmän, eýsem, Hudaýyň bütin barlygyny öz içine alýar, sebäbi biz Onuň bilen Ruhda bir bolýarys.

> *Emma Mukaddes Ýazgylarda ýazylyşy ýaly: "Hudaýy söýýänler üçin Onuň taýynlan zatlaryny ne göz görüpdi, ne-de gulak eşidipdi, ne-de ynsan akyly çaklapdy". Bize bolsa Hudaý bu danalygy Öz Ruhy arkaly aýan etdi. Çünki Mukaddes Ruh ähli zady, hatda Hudaýyň çuň pikirlerine düşünýändir. Ynsanyň pikirlerini onuň içindäki öz ruhundan başga hiç kim bilmeýär. Hudaý babatda hem şeýle: Onuň Öz Ruhundan başga hiç kim Hudaýyň pikirlerini bilýän däldir. Biz bu dünýäniň ruhuny alan däldiris. Biz Hudaýyň Öz merhemeti arkaly bize eçilenlerine düşünerimiz ýaly, Hudaýyň Ruhuny alandyrys.*
>
> – 1 Korintoslylar 2:9–12

Soňra bolsa Korintoslylara ýazan birinji hatynda (2:16) sözüniň üstüniň ýetirip, bize Isa Mesihiň akylynyň bardygyny aýdýar. Lukanyň *hoş haba*rynda Isa Mesih bu hazynanyň ýerleşýän ýerini tassyklap, şeýle diýýär:

> *Hudaýyň Şalygy göze görnüp gelmez....*
>
> *Hudaýyň Şalygy **siziň araňyzdadyr**...*
>
> – Luka 17:20, 21

*Eýsem siz öz bedeniňiziň Mukaddes Ruhuň ýaşaýan ybadathanasydygyny bilmeýärsiňizmi? Siz bu Ruhy Hudaýdan aldyňyz. Siz diňe özüňiziňki dälsiňiz. Siz baha, onda-da uly baha satyn alnansyňyz. Şoňa görä-de, öz bedeniňiz bilen1 Hudaýy şöhratlandyryň.*

– 1 Korintoslylar 6:19, 20

Şunlukda, aýtjak bolýan zadymy jemlemäge ygtyýar ediň.

## SENIŇ IÇIŇDE HAZYNA BAR!

Bu hazyna näderejede gymmat? Bu iň batyrgaý arzuwlardan-da ileri geçýän hazynadyr! Sanap aňyrsyna çykyp bolmajak hazyna!

*Bizde işleýän gudratyna görä, Hudaý her bir haýyşymyzdan, oýlanyşymyzdan hem has ýokary zatlary etmegi başarýandyr.*

– Efesliler 3:20

Indi biz başgaça taýynlanmaly bolarys. Bu hazyna göz öňüne getirip biläýjegimizde-de köp! Bize haýsydyr bir zada ýa-da kömege mätäç bolanymyzda, biz munuň jogabyny adatça daşardan gözlemäge öwrenişen. Ýöne indi welin Mukaddes Ruh, Hudaýyň hut Özi bizde ýaşaýar we Ol biziň kömegimiz bolup durýar. Biz Ruhda ýa-da nämälim dillerde dileg etmekligiň bize öwüt berýändigi we syrlary aýan edýändigi barada gürrüň edipdik. Ýöne adamlaryň köpüsi üçin şeýle kömegiň näderejede gymmatdygyna ýa-da Hudaýyň olaryň durmuşyndaky çäkleriň her biri üçin hakykatdan-da jogap bolasy gelýändigine düşünmek kyn bolýar.

**EÝ, DOSTUM, BULARYŇ BARY –TUTUŞ ŞALYK EÝÝÄM SIZIŇKI. HUDAÝ EÝÝÄM BEREN ZATLARYNA ZAT GOŞUP BILMEÝÄR. SIZIŇ EÝÝÄM HEMME ZADYŇYZ BAR!**

Ýöne siz Göklerden doglanyňyzdan soň, siz Hudaýyň öýüniň ýaşaýjysy we Onuň beýik Şalygynyň raýaty bolduňyz. Ol size aslynda Özünde bolan zatlaryň

baryny size eýýäm berdi! Lukanyň hoş habarynda (12:32) gorkmaga ýa-da hopukmaga esasyň ýokdugy barada aýdylýar, sebäbi siziň Ataňyz size Şalygy berdi. Haýsy Şalygy? Öz Şalygyny!

> *Gorkma, eý, kiçijik süri! Çünki Ataňyz Şalygy size bermegi makul bildi (Luk. 12:32).*

Eý, dostum, bularyň bary – tutuş şalyk eýýäm siziňki. Hudaý eýýäm beren zatlaryna zat goşup bilmeýär. Siziň eýýäm hemme zadyňyz bar! Köp adamlar Hudaýdan öz durmuşlaryna goşulmagyny soranlarynda, Ony azara goýýarlar diýip pikir edýärler. Ýöne bu adaty nadanlykdyr. Eger men size Birleşen Ştatlaryň raýatydygyňyzy aýtsam, siz bolsa: "Aý, näbileýin-dä. Eger men ýurduň hususy telekeçiligi ýöretmäge ygtyýar berýän kanunlaryndan peýdalanyp, şu ýerde dükan açsam-da, onuň kimdir birine päsgel bererinden çekinýän-leý" diýseňiz nähili bolar? Siz raýat hökmünde ähli kanunlardan peýdalanyp bilýäňiz we ýurduň teklip edýän aýratyn hukuklaryna eýesiňiz! Olaryň bary siziňki! Wagty ýitirip oturmaň! Size kanun boýunça degişli bolan aýratyn hak-hukuklaryň baryna eýe boluň!

**Hudaýyň Şalygy näme üçin hazyna bilen deňeşdirilýär?**

Sebäbi eger gökleriň bilimi size elýeter bolsa, siz Hudaý tarapyndan berlen täsin we adaty däl strategiýalary ulanyp, islendik ýagdaýda näme etmelidigini bilersiňiz. Munuň nähili amal bolýandygyny görkezmek üçin, ýene bir mysaly dykgatyňyza ýetireýin.

Drenda ikimiz Hudaýyň Şalygy barada öwrenip başlanymyzdan soň biziň durmuşymyz düýpgöter özgerdi. Bergilerden doly çykmaklyk tämiz howadan dem alan ýaly bolup, durmuşymyz müşk-anbaryň ysyna eýe bolupdy. 55 akr (22 gektar) ýerimiz üçin nagt hasaplaşyp bilmegimiz biziň üçin gudratdy, düýş ýalydy, örän ajaýypdy. Ýöne her nähili bolsa-da, bu ýerde jaý salynmalydyk. Biziň jaý gurluşygyndan başymyzdan çykmaýardy we biz nämeden başlamalydygyna düşünmeýärdik. Şonda biz öz mellek ýerimizde özümize gerek jaýy NÄDIP almalydygymyz barada dileg edip başladyk. Biz Mukaddes Ruhuň bize kömek etmegi üçin, Oňa bil bagladyk.

Bergä batmazlyk üçin, biz jaý gurluşygynyň adaty däl usullaryny öwrenip başladyk. Arzan bahadan oňat jaýy edinmegiň bir usuly modul jaýy gurmaklyk bolup durýardy. Modul jaý – bu treýler däl-de, zawodda bölekleýin ýasalyp, soňra mellek ýeriňizde ýygnalyp gurnalýan jaý. Bu jaýlaryň hili edil pürslerden gurlan jaýlaryňky ýaly, ýöne zawodda ulanylýan ýokary netijeli usullar sebäpli bu jaýlaryň bahasy arzan çykýardy. Şunlukda, biz modul gurluşygyny alyp barýan birküç kompaniýanyň edýän işlerine garap, olaryň teklip eden görnüşlerini öwrendik. Modul jaýlary öwrenip, olary ymykly görenimden soň, biz hut şu ýoldan gitmegi karar etdik-de, kompaniýany we  biziň pikirimizçe ajaýyp jaýa öwrüljek modeli saýladyk. Biz öýde okatmak meselesi boýunça Wirjiniýa ştatynda geçirilýän konferensiýadan (bizi onda çykyş etmäge çagyrypdylar) dolanyp gelenimizden soň şertnama gol çekmekçidik. Biz öýüň taslamasyny ýanymyz bilen äkitdik, sebäbi öýe dolanyp gelenimizden soň şertnama gol çekmezden öň  hiç bir zady sypdyrmazlyk üçin ony öwrenesimiz we dogry çözgüdi saýlandygymyza göz ýetiresimiz gelýärdi.

Men Wirjiniýadaky konferensiýa çykyş etmäge çagyrylyşymyzyň jikme-jikleri ýadyma düşenok, ýöne şol ýerde bolan wagtymyzda öýde sapak bermek bilen meşgullanýan bir maşgalanyň öýüne myhman bolmagy teklip edipdiler. Olaryň günorta tärinde gurlan kaşaň öýüne baryp, täze dostlarymyz bilen tanşanymyzdan soň, biz olaryň öýleriniň ajaýypdygy barada gürrüň açdyk. Gürrüňiň dowamynda biz olaryň bu jaýy özbaşdak gurandygyny ýüze çykardyk. Men ilki aňka-taňka boldum.

— Siz gurluşykçymy näme? — diýip soradym.

— Ýok, — diýip, jogap berdiler.

Maşgalabaşy özüniň ýerli uly kompaniýada hasapçy bolup işleýändigini aýtdy.

— Onda öz jaýyňyzy nädip gurmalydygyny nireden bildiňiz?  — diýip soradym.

Olar gurluşygyň dürli taraplary barada aýdyp başladylar we gürrüňiň arasynda biziň-de jaý gurunmakçy bolýandygymyzy we öýe dolanyp baran badymyza şertnama gol çekmekçi bolýandygymyzy aýtdyk. Olar bu habara

begenip, gurunmakçy bolýan jaýymyz barada soraşdyryp başladylar. Biz olara Hudaýyň Şalygy we durmuşymyzyň nähili özgerendigi barada aýdyp başladyk. Biz 55 akr meýdany nagt pulsa atyn alşymyzy we ozal ýaşan ferma öýümizden göçmäge neneň begenendigimizi gürrüň berdik.

Biz jaýyň taslamasynyň ýanymyzdadygyny aýdanymyzda, olar ony görmekçi boldular. Biz, elbetde, uly höwes bilen olaryň pikirini bilesimiz gelýärdi. Şunlukda, biz öýüň taslamasyny alyp, aşhanadaky stoluň başyna geçdik-de, kagyzlary stoluň üstüne ýazyp goýduk. Öýüň bikesi bir salymdan: “Ýok, bu meýdan size ýeterlik bolmaz”, ýa “Size ulurak aşhana gerek bolar”, ýa “Siz çagalaryňyz ulalanda bu öýüň nähili boljakdygy barada pikir etdiňizmi? Çopanlar hökmünde size dürli çäreleri geçirmek üçin has köp ýer gerek bolar” diýen ýaly teklipleri aýdyp başlady. Umuman, olar ahyrda bu jaýy näme üçin guranyňa degmeýändigini görkezdiler we biz olaryň her bir delili bilen ylalaşmaly bolduk.

— Ýöne biz özümizdäki pula has uly öýi nädip gurarkak?

— Ap-aňsat, — diýip jogap berdiler. — Ony özüňiz guruň!

Men bu sözleri eşidenimde, gülmekden zordan saklandym. “Men öýi özün guraýynmy?” Ozal aýdyp geçişim ýaly, men öý gurmaklyk barada hiç zat bilmeýärdim! Ýöne olar bize göwünlik berip, munuň o diýen kyn däldigini aýtdylar. Olar bize Worren B. Jeggeriň “Öz-özüňe baş potratçy bolup 50 000 dollary tagşytlamak: öz arzuwlaýan öýüňi meýilleşdirmek, potratçylary tapmak we gurmak” atly kitaby barada gürrüň berdiler.

Şoňa görä-de, öýe dolanyp gelenimizden soň modul jaýy gurmaklyk üçin şertnama gol çekmezligi makul bildik. Biz kitaby sargyt edip, onuň her bir babyny ünsli okap çykdyk. Şeýle-de biz sargyda görä taýýarlanylýan jaýlaryň taslamalaryny öwrenip başladyk. Ahyrda biz halan bir jaýymyzyň taslamasyny tapdyk we ony ädimme-ädim öwrenip başladyk. Biz jaýlaryny özleri guran tanyşlarymyz we dostlarymyz maslahatlaşdyk. Ahyrynda bolsa muny özümiziň başaryp biljekdigimizi çözdük! Biz jaýlaryň taslamalaryna seredip, öz-özümizden: “Şu jaýy öz býujetimize laýyklykda gurup bilerimiz ýaly, biz haýsy işleri özümiz edip bileris?” diýip soradyk. Ynanar ýaly zat däl, ýöne men tutuş jaýyň toguny özüm çekip bilýän diýen

karara geldim, ýogsa bütin ömrümde 12/2 simi elime-de alyp görmändim. Tok simlerinden başy çykýan dostum munuň aňsatdygyny we nädip edilýändigini maňa görkezdi.

Men öz telekeçilik işime meşgul bolanym üçin, Drenda baş potratçy bolup, kömekçi potratçylar bilen özüniň işleşjekdigini karar etdi. Biz jaýyň karkasyny galdyrjak potratçyny tapdyk, galan işler bolsa bize baglydy. Soňra bolsa iň dartgynly, ýöne gyzykly günler başlandy. Umuman, biz modul jaýyň göz öňüne tutan meýdanyndan iki esse artyk meýdanly jaýy gurduk. Biziň gapylarymyz agaçdan, polumyz parketden, plintuslar agaçdan ýasalandy, owadan aşhana garnitury bolsa ýörite sargyt boýunça ýasalyp, ol poslamaýan demirden ýasalan täze durmuş tehnikalary bilen enjamlaşdyrylandy. Biz jaýy özümiz gurmak bilen, 200 000 dollary tygşytlandygymyzy hasaplap çykardyk!

Men jaýyň taslamasy babatda Mukaddes Ruhdan kömek soranyma indi begenýärin. Biziň öz edenlerimiz arzuwlan zatlarymyzyň baryndan-da öte geçdi. Men Hudaýyň Wirjiniýa şol sapary gurnaýşyny, hususy jaýyny ýakynda tamamlan şol maşgala ýerleşdirişi barada oýlananymda, kalbym heniz-de üýtgeşik galpyldadan dolýar. Men şol saparyň bolmadyk ýagdaýynda modul jaýy gurnardygymyza ynanýaryn. Men modul jaýyň wagtyň belli aralygynda çözgüt bolardygyny inkär edemok, ýöne birnäçe wagtdan ol öý bize darlyk ederdi. Biziň guran jaýymyz heniz-de meniň üçin Mukaddes Ruhuň bize arzuwlaýan zatlarymyzyň baryndan-da öte geçjek meýilnamalary we ugurlary berip, islendik ýagdaýda kömek edişiniň mysaly bolup durýar!

**MEN ELMYDAMA HUDAÝYŇ SYRLARYNYŇ BIZDEN DÄL-DE, BIZIŇ ÜÇIN GIZLENENDIGINI AÝDÝARYN! IBLIS TÜMLÜKDE ÝAŞAÝAR WE HUDAÝYŇ MEÝLINI BILMEÝÄR.**

Şunlukda, size ýene bir gezek şuny gaýtalamagy ygtyýar ediň...

**Hudaýda SIZIŇ meýilnamaňyz bar!**

Ýöne siziň: “Geri, bulary bary gowy zat, ýöne Mattanyň hoş harynda

(13:44 ) meýilnamanyň gizlenendigi aýdylýar ahyryn!" diýmegiňiz ahmal. Hawa, bu şeýle we bu siziň bähbidiňiz üçin şeýle. Mattanyň hoş habarynyň başga bir ýerinde Isa Mesihiň näme diýýändigine gulak goýuň:

> *Onsoň şägirtler Isadan: "Näme üçin halka tymsallar bilen gürrüň berýärsiň?" diýip soradylar. Ol şeýle jogap berdi: "Gögüň Şalygynyň syrlaryna [gizlenilen zatlara]  düşünme ukyby* ***size berildi,*** *olara berilmedi".*
>
> – Matta 13:10, 11

Bu gizlin syr biziň üçin niýetlenilen, ol iblis ýa-da erbet adamlar üçin niýetlenilmedi, ýogsa olar Hudaýyň meýilnamasyny ýamanlyk ýa-da ony bozmak üçin ulanardylar. Mukaddes Kitap eger iblis Hudaýyň taktikasyna düşünse, ony üýtgetjekdigi barada aýdýar.

> *Biz Hudaýyň syrly, ýaşyryn saklanylan danalygyny sözleýäris. Hudaý bu danalygy biziň hem Onuň şöhratyna şärik bolmagymyz üçin, ony dünýä ýaradylmazdan öň niýetläpdi. Bu danalyga dünýä ygtyýarlylarynyň hiç biri düşünmedi. Çünki düşünen bolsadylar, şöhratly Rebbi haça çüýlemezdiler.*
>
> – 1 Korintoslylar 2:7, 8

Men elmydama Hudaýyň syrlarynyň bizden däl-de, biziň üçin gizlenendigini aýdýaryn! Iblis tümlükde ýaşaýar we Hudaýyň meýlini bilmeýär. Ol diňe Hudaýyň edenlerine seslenip bilýär. Ol nämeleriň bolup geçýändigine düşünende, eýýäm juda giç bolýar! Şonuň üçin-de, indiki gezek biraz gaharlananyňyzda ýa-da ýarygijä çenli heniz-de jogap almanyňyzda, Hudaýyň asla gijikmeýändigini bilip goýuň; göwnüňize gijigýän ýaly bolup görünýän zatlaryň olary tä açyp bolýan pursadyna çenli gizlin saklanylmagynyň siziň bähbidiňiz üçindir.

> *Gögüň Şalygy ekin meýdanynda GIZLENEN hazyna meňzeýändir. Bir adam ony tapyp alýar, soňra ony gaýtadan gizleýär we begenip*

*baryp, ähli zadyny satýar-da, ýaňky ekin meýdany satyn alýar.*

– Matta 13:44

Biz munuň nähili meýdandygyny we onuň nirede ýerleşýändigi, hazynanyň näme üçin gizlenendigi barada eýýäm gürrüň etdik. Şeýle-de biz Ruhda dileg etmek we Mukaddes Ruhuň sesini eşitmek arkaly Hudaýyň Şalygynda gizlenen zatlary nädip eşitmelidigi barada hem gürrüň etdik. Ýöne şu prosesde ýene bir örän wajyp tapgyr bar, ol Mukaddes Ýazgyda görkezilen we siz ony bilmelisiňiz. Oňa biperwaý garamaklyk oňat, ajaýyp meýilnamalaryň ençemesiniň puja çykmagyna we adamlaryň durmuşynyň weýran bolmagyna sebäp boldy. Eger siz üns beren bolsaňyz, Mukaddes Ýazgyda adam Hudaýdan hazyna, akylly pikir, ugur ýa-da meýilnama barada eşiden badyna ony ýene-de gizleýär. OL ŞOBADA HEREKET ETMEÝÄR! Ol Rebden eşiden zatlaryny ýa-da täze, gyzykly meýilnamalaryny dost-ýarlaryna, goňşularyna aýtmaýar, hiç bolmanda muny şobada etmeýär. Mukaddes Kitap onuň öz bilimini gaýtadan gizläp, gidip özündäki zatlaryň baryny satýandygyny we soňra gidip şol meýdany satyn alýandygyny aýdýar. Sada sözler bilen aýtsak, ol hazynany öz eýeçiligine doly geçirýänçä, onuň gizlenen ýerini hiç kime aýdasy gelmeýär. Ol garaşýar, sebäbi hazynany öz eýeçiligine geçireninden soň hiç kimiň ony ogurlap bilmeýändigine ynanýar.

Mukaddes Ýazgyda adam hazynany ilkinji gezek tapanda, ony satyn almaga ýagdaýynyň çatmaýandygy, ony almak üçin taýýarlyk tapgyryndan geçmelidigi barada hem aýdylýar. Bu esas pul meselesiniň we haýsydyr bir zady satyn almagyň çäginden daşary çykýar. Eger üstünlik gazanmak isleýän bolsaňyz, bu esas size örän wajyp zatlary we Mukaddes Ruhuň size görkezýän zatlaryna laýyklykda nädip hereket etmelidigini öwredýär.

Mukaddes Ýazgy pikiri ýa-da ugry eşideniňizde, tä degişli başarnyklary edinýänçäňiz, hereket etmeli däldigiňiz barada aýdýar. Munuň pul babatda nähili işleýändigine biziň hemmämiz düşünýäris öýdýän. Eger meýdany satyn almaga ýeterlik puluňyz bolmasa, siz şol meýdanda hazynanyň bardygyny, elbetde, hiç kime aýtmarsyňyz. Eger hazynaly gürrüň mälim bolan bolsa, ony kimdir biriniň sizi öňürdip bolup satyn aljagyna şübhe-de

bolmazdy. Şoňa görä-de, siz gidip, şol meýdany satyn almaga gerek puly tapmak üçin eliňizden gelenini aýamarsyňyz we gizlenen hazyna barada dil ýarmarsyňyz.

Bu prinsip Hudaýyň berip biläýjek ugurlarynyň ýa-da görkezmesiniň islendigi babatda dogry gelýär. Mesihiler soňuna tiz ýetjek bolup, başlangyjy sypdyrýan pursatlary seýrek däl. Mukaddes Ruh bize köplenç haýsydyr bir pikiri açanda, muny hut şol pursadyň özünde amala aşyrmagymyz üçin etmeýär; Ol muny biziň taýýarlyk görüp, mümkinçiliklerden hakykat ýüzünde peýdalanyp bilmegimiz üçin edýär. Islendik başlangyjyň taýýarlyk tapgyry prosesiň iň wajyp bölegi bolup durýar. Sportda oýunlar toparlaryň türgenleşik döwründe, ýagny olary hiç kimiň görmeýän wagtynda oýna oňat taýýarlanyp-taýýarlanmaýşyna görä ýa ýeňşi ýa-da ýeňlişi getirýär. Ýöne türgenleşikleriň lezzetli bolmaýandygyny, sütüniňi süýndirýändigi we ýadadýandygy bilen ylalaşýan bolsaňyz gerek. Deňeşdirmek üçin: hemmeler oýnuň gyzgalyňlygyny, tomaşaçylar mähellesini, ýeňşiň alawyny we tolgunmalaryny halaýar.

Ýöne gynansak-da, türgenleşige äsgermezlik edilen ýagdaýynda bu arzuwlar agyra we gynanja öwrülýär. Şu esasy bilmeýändikleri üçin öz durmuşlaryna weýran eden adamlaryň sany sanardan köp. Men Hudaý tarapyndan çagyrylan, mesh edilen, ýygnagyň düýbüni tutan adamlary bilýärin; olar muňa emosional ýa-da maliýe taýdan taýyn bolmandyklary zerarly arzuwlaryna derek weýrançylygy aldylar. Men Hudaý tarapyndan telekeçilik üçin pikiri alanlaryndan soň ondaky ütsünlige bil baglap, degişli seljermeleri geçirmän ýa taýynlyk görmän, hemişelik işini taşlan adamlary gördüm, olar netijede bütinleý serişdesiz galýardylar. Bu wakalarda iň gynandyryjy zat – günäniň bary Hudaýa ýüklenilýär, adamlaryň diňe özlerinden däl, eýsem Hudaýdan-da göwünleri geçýär. Köp adamlar üstünlik bada-bat gelýär diýip pikir edýärler – men olaryň näme üçin şeýle pikir edýändigini bilemok. Adamlara üstünlige ýetmegiň tärini öwretmeli, ol Mukaddes Ýazgynyň bir sada ýerinde beýan edilen.

Adamlar meniň ýanyma gelip: “Çopan, Hudaý maňa şu ýygnagyň meniňkidigini aýtdy” diýýärler. Siz soňra olary gaýdyp görmeýärsiňiz. “Çopan, Hudaý maňa bir oňat telekeçilik pikirini berdi”. Siziň indiki eşidýän

habaryňyz bolsa olaryň öýleriniň mejbury satuwa goýlup, maşynlarynyň konfiskasiýa edilendigi baradaky habar bolýar. Bu Hudaýyň siziň üçin niýetlän zatlary DÄL.

Biz Mukaddes Ruhuň berýän pikirini eşidenimizde, bu bada-bat hereket etmegi aňlatmaýar. Ol bizi köplenç bu arzuwy gizläp, ony durmuşa geçirmäge taýynlyk görmäge höweslendirýär. Adat bolşy ýaly, bu arzuwy durmuşa üstünlikli geçirmek üçin gerek zatlaryň ählisi bizde bolmaýar. Hudaýyň size etmeli diýip görkezen zatlaryna laýyklykda, taýynlyk bir hepde, hatda ýyllap-da dowam edip bilýär. Siz taýynlygyň we başlamaly wagtyň hem edil pikiriň özi ýaly ýa-da ondan hem wajypdygyna düşünmelisiňiz!

Men 19 ýaşymdakam Hoş habary wagyz etmäge çagyryldym. Men gören görnüşimde özümi elimde Mukaddes Kitaply gördüm we şonda Reb maňa üç gezek: “Men seni Meniň Sözümi wagyz etmäge çagyrýaryn” diýdi. Bu örän hakyky we örän güýçli duýgulardy. Ýöne Reb maňa edil şol pursat gidip wagyz etmelidigimi aýtmady. Muňa derek Ol maňa kolleje okuwa girmelidigini aýtdy. Meniň orta mekdepdäki baham 1.3 bolansoň, men tas mekdepden kowlupdym. Mundan başga-da men örän çekinjeň bolamsoň, adamlar bilen gürleşmekden gaça durýardym. Pikirimi aç-açan aýdaýyn: men çopanyň adamlar barada alada etmegi üçin gerek bolan kämilligiň ýele ýanyndan-da geçmeýärdim! Şonuň üçin-de men kolleje okuwa girdim, bu örän kyn, örän kyn boldy, ýöne tutanýerlilik bilen dört ýyllyk okuwy tamamladym.

Kollejden soň men wagyz etmäge wagt bolandyr öýtdüm. Ýöne Reb maňa ýerli maliýe firmasyna işe durmalydygymy aýtdy, ol ätiýaçlandyryş we gymmatbaha kagyzlaryň satuwy bilen meşgullanýardy. Bu maňa manysyz ýaly görünse-de, men Hudaýy sesini eşidýändigimi bilýärdim, şonuň üçin-de şol wezipä işe durdum. Bu iş kollejdäki okuwymdan-da kyndy. Men her gün örän resmi jaňlary etmeli bolýardym, adamlaryň öňünde duýýan gorkymy ýeňip geçmegi öwrenmeli bolýardym. Komission pula ýaşamak aňsat däldi we dogrymy aýtsam, men her gün işden çykasym gelýärdi, ýöne muny edip bilmejekdigimi bilýärdim. Ahyrda, birnäçe ýyl geçenden soň, men öz işimde üstünlik gazandym. Mundan başga-da, Drenda ikimiz

öz şahamçamyzy bütin ýurtdaky 5000 şahamçalaryň arasynda iň oňady etmegi başardyk.

Hut şol döwürde Hudaý maňa ýygnagyň düýbüni tutmalydygymy aýtdy. Şol döwürde men 40 ýaşymdadym. Hudaýyň maňa 19 ýaşymda görkezen görnüşine meni taýynlamak üçin Oňa 21 ýyl gerek boldy. Men çopançylyk hyzmatyma başlanymda, şeýle köp taýýarlygyň näme üçin gerek bolandygyna düşünip galdym. Ýöne adamlar bilen gürleşmek tejribäm we telekeçilikdäki ret edilmeleriň hötdesinden gelmek başarnygym sebäpli men Hudaýyň çagyryşyna wepaly bolup bildim. Wezipeleriň her biri 21 ýyllyk taýynlygy talap etmeýär, ýöne olaryň hersiniň esasynda şol bir prinsip ýatyr.

Taýýýarlygyň şu prinsipi sebäpli men Mattanyň hoş habarynyň şu aýadyny (13:44 ) şeýle üýtgedip aýdýaryn:

> *Sizdäki* **Gökler Şalygy** *Hudaýyň bilýän gizlin ýa-da syrly zatlaryny, bilimi siziň üçin elýeter eder. Bu bilim siziň içiňizde mesgen tutan Hudaýyň Ruhy arkaly gelýär. Adam özi üçin hazyna ýa-da jogap bolup duran bu syrly bilimi tapanda ýa-da eşidende, ony gaýtadan öz ýüreginde we aňynda gizleýär. Soňra bolsa ymykly taýynlyk görýar we şatlykdan, gujur-gaýratdan dolup, alýan görkezmelerine laýyklykda açylan ugra gadam basýar-da, syzyjylyk bilen öz jogabyny alýar.*

8-nji bap

# ÖŇEGIDIŞLIGE SEBÄP BOLÝAN KYNÇYLYKLAR

Meniň çopan dostum Piter we onuň aýaly Bew Täze Zelandiýadaky uly ýygnakda çopançylyk edýärler. Olar bir gezek Birleşen Ştatlara gysga sapar bilen geldiler. Bu Isa Mesihiň doglan güni mynasybetli belenilýän baýram günleridi we olara dynç almak, baýramçylyk bezeglerinden lezzet almak üçin Kolorada-Springsdäki Broadmoor myhmanhanasynda birki gün bolmagy meýilleşdiripdiler. Eger siz Broadmoorda bolup görmedik bolsaňyz, onda Gaýaly daglygyň öňünde ýerleşýän amerikan iň oňat kurortlarynyň biridigini bilip goýuň; ol özüniň ajaýyp baýramçylyk bezegleri bilen meşhurdyr. Piter çopan bize jaň edip, şol ýerde boljakdyklaryny we olara goşulmak üçin biziň-de şol ýere baryp-barmajygymyz barada sorady. Biz muny şatlyk bilen kabul etdik we şol ýerde iň ajaýyp üç güni geçirdik.

Men Piter çopan bilen duşaşanymda, wagtymyzyň aglaba bölegini hyzmat baradaky söhbetdeşlikde geçirýäris, sebäbi ol meniň geňeşimiň agzasy. Şu gezekdäki saparda hem şeýle boldy. Biziň ikimiz-de indiki ýylyň dowamynda etjek işlerimiz barada gürrüň edip, öz pikirlerimizi paýlaşdyk. Ahyrda hoşlaşyk wagty ýetip geldi; bu diýseň gynançly pursat, sebäbi bu duşuşyklar biziň üçin örän ezizdir. Drenda ikimiz ýylda adatça bir ýa-da iki gezek Täze Zelandiýa olaryňka myhmançylyga barýarys, ýöne şol ýyl örän işli bolanym üçin şeýle sapary meýilleşdirmeýärdim.

Şunlukda, biz öýümize dolanyp geldik-de, Täze ýyl baýramçylygyna sabyrsyzlyk bilen garaşyberdik. Gyzykly zat, 9-njy ýanwarda men bir düýş gördüm we onda Piter çopanyň meni fewral aýynda öz ýygnagynda wagyz etmäge çagyrjykdygy barada aýdyldy. Men munuň adaty däldigi

barada pikir edenim ýadyma düşýär, sebäbi men onuň bilen ýaňy-ýakynda duşuşypdym we ol bu barada ýeke söz-de diýmändi, fewral aýyna çenli bolsa sanlyja gün galypdy. Men Drenda Rebbiň maňa aýdanlaryny gürrüň berdim-de, aşhana ertirligimi iýmäge gitdim.

Meniň kompýuterim aşhanadaky stoluň üstünde durdy we men ony edip ýören işlerimiň arasynda açyp goýberdim. Men kofe içip otyrkam, Piter çopandan hatyň gelendigini gördüm. Haty açanymdan soň men Piter çopanyň meni her ýyl geçirilýän maliýe konferensiýasynda wagyz etmäge çagyrýandygyny bildim; konferensiýanyň geçirilmegine üç hepde galypdy. Men, elbetde, geň galdym, ýöne muny düýşümde görenim üçin bu meniň üçin o diýen bir täzelik däldi. Men munuň mümkin bolup-bolmaýandygyny bilmek üçin, iş rejämi gözden geçirdim, sebäbi şol aýda, Piteriň Täze Zelandiýa takmynan çagyran wagtynda birnäçe saparlar meýilleşdirilendi· Drenda ikimiz Argentinanyň paýtagty Buenos-Aýreso gitmegi meýilleşdiripdik; biz ol ýere Oklende barmaly wagtymyzdan birnäçe gün öň gitmelidik. Oklende wagtynda baryp ýetmegiň ýeke-täk ýoly – Buenos-Aýresdäki konferensiýadan soň göni Sidneýe , Awstraliýa uçup, ol ýerden hem Oklende çenli uçar bilen aşmalydy. Men şeýle sapary özbaşdak hiç haçan gurnap bilmezdim, ýöne Reb meniň bilen gürleşeni üçin, men şol ýere gitmelidigimizi bilýärdim.

Biziň Awstraliýadaky saparymyz korporatiwleýin sapardy; oňa meniň kompaniýamyň işleşýän bir hyzmatdaşy hemaýatlyk edilýärdi. Bu diýseň gowy sapar boldy we men ýylda adatça bir gezek görüp bilýän dostlarym bilen gowy wagt geçirdik.  Şol döwürde Argentina çynlakaý maliýe kynçylyklaryny çekýärdi we şäherde tolgunyşyklar peýda bolýardy, ýöne umuman alanymyzda, ol ýerde ozal bolup görmänligim sebäpli bu örän gowy sapar boldy· Biziň Sidneýe uçuşymyz 16 sagat dowam etdi· Bu meniň öňde –soňda uçuşda geçiren wagtymyň iň uzagydy· Uçuş Günorta polýusyň üstünden geçensoň, bu maňa örän ajaýyp göründi, sebäbi men dünýäniň şu künjegini asmandan görmegi umyt edýärdim.

Uçuş wagtynda illýuminatordan aşakda buzluk bilen gardan başga zat görmedim we birdenkä argentin howa ýollarynyň uçarynda uçup barýandygym aňyma ýetdi; bu howa kompaniýasy hem maliýe

kynçylyklaryny çekip, işini dowam etmek üçin elinden gelenini edýärdi. Eger bu kompaniýa uçarlaryň tehniki hyzmatynda tygşytly hereket etmäge mejbur bolýan bolsa, biz dünýäniň şu künjeginde heläkçilige uçrap biljegimiz, munuň bolsa o diýen gowy bolmajakdygy baradaky pikir bir salym kelläme geldi. Ýöne men özümiň ygtybarly eldedigimi bilýärdim, sebäbi bu sapara meni Rebbiň hut Özi iberipdi.

**SEBÄBI MUKADDES RUHA EÝERÝÄNLER HUDAÝÝŇ PERZENTLERIDIR.**

– RIMLILER 8:14

Sidneýe baryp ýetenimizden soň biz Piter bilen Bewe jaň edenimizde, Piter çopanyň ýüregarysynyň tutup, hassahana düşendigini bilip, erbet bolduk. Ol özüniň maliýe konferensiýasynda asla wagyz edip biljek däldi we tutuş konferensiýanyň dowamynda wagyz edip biljegimi ýa bilmejegimi menden sorady. Indi men Rebbiň meni näme üçin Täze Zelandiýa iberendigine düşünip galdym we Mukaddes Ruhuň gadamlarymy ugrukdyryşyndan ýaňa kalbym galpyldadan doldy. Bu Rimlelere ýazylan hatda (8:14) aýdylanlary ýadyňa salýar.

*Sebäbi Mukaddes Ruha eýerýänler Hudaýýň perzentleridir. (Rim. 8:14).*

Biz Mukaddes Ruhuň aýdýan görkezmelerini, pikirlerini we konsepsiýalaryny eşitmek başarnygy barada aýdýarys. Mukaddes Ruhdan eşitmekligiň size gerek bolan jogaplary berşi baradaky indiki sapagymyň tassyklamasy hökmünde Mukaddes Kitapdaky Danyýeliň wakasyna garap geçeliň.

*Nebukadnesar özüniň patyşalygynyň ikinji ýylynda bir düýş gördi. Muňa onuň ýüregi howsala düşüp, ukusy gaçdy. Onsoň patyşa düýşüni ýordurmak üçin jadygöýleri, palçylary, gözbagçylary we müneçjimleri toplap getirmegi buýurdy. Olar gelip, patyşanyň huzurynda durdular. Patyşa olara: "Men bir düýş gördüm.*

*Düýşüň ýorgudyny bilmek islegi ýüregimi howsala salýar" diýdi. Müneçjimler arameý dilinde patyşa ýüzlenip: "Patyşa baky ýaşasyn! Gören düýşüňizi öz gullaryňa aýt, biz onuň näme aňladýandygyny ýorup bereli" diýdiler. Patyşa müneçjimlere şeýle jogap berdi: "Men şeýle karara geldim: eger-de siz meniň gören düýşümi we onuň ýorgudyny aýdyp bermeseňiz, siziň el-aýaklaryňyzy çapyp, öýleriňizi weýran etdirerin. Emma* ***siz maňa gören düýşümi we onuň*** *ýorgudyny* ***aýdyp berseňiz, onda siz menden sowgatlar we sylag-serpaýlar alyp, beýik hormata mynasyp bolarsyňyz****. Şonuň üçin hem maňa gören düýşümi we onuň ýorgudyny aýdyp beriň".*

– Danyýel 2:1–6

*Müneçjimlere patyşa şeýle diýdiler: "Ýer ýüzünde seniň edýän bu talabyňyň hötdesinden hiç kim gelip bilmez! Dogrusy, munuň ýaly işi beýik we güýçli patyşalaryň hiç biri-de jadygöýden ýa palçydan, ýa-da müneçjimden soramandyr. Patyşanyň soraýan bu işi juda agyr. Muny hudaýlardan başga hiç kim patyşa äşgär edip bilmez, olaryň bolsa mesgeni ynsanlar arasynda däldir".*

*Patyşa muny eşidip, gazap atyna atlandy. Ol Babylyň ähli akyldarlaryny öldürmegi buýurdy. Akyldarlaryň hemmesiniň öldürilmelidigi barada perman çykdy. Olar Danyýeli we onuň ýoldaşlaryny hem öldürmek üçin, olaryň gözlegine çykdylar.*

– Danyýel 2:10–13

*Onsoň Danyýel öýüne baryp, bu ahwalaty ýoldaşlary Hananýa, Mişaýyla we Azarýa habar berdi. Bu syryň açylmagy üçin Gögüň Hudaýyndan rehim-şepagat sorap dileg etmeklerini Danyýel olardan haýyş etdi. Şonda Danyýel we onuň ýoldaşlary Babylyň akyldarlary bilen birlikde heläk boljak däldiler.*

*Soňra bu syr Danyýele gijeki görnüş arkaly aýan boldy. Danyýel Gögüň Hudaýyna alkyş aýtdy. Ol şeýle diýdi: "Owaldan ebedä*

*çenli Hudaýyň adyna alkyş ýagsyn, çünki paýhas we gudrat Oňa mahsusdyr. Döwri we pasyllary üýtgedýän Oldur. Patyşalary tagtdan agdaryp, tagta çykarýar. Ol akyldara pähim-paýhas, düşünjelä bilim berýär. Çuň we gizlin syrlary Ol açýar,* ***tümlükde näme bolýanyny Ol bilýär, Onuň Özi nurda ýaşaýar*****”.**

– Danyýel 2:17–22

Danyýel ölüm bilen ýaşaýşyň aralygynda – erbet ýerde ýerleşýär. Ýöne şu ýerde siziň öňe gitmegiňiziň wajyp açary ýerleşýär. Hudaý ony Danyýeliň ýykylmagy üçin däl-de, onuň öňe gitmegi üçin ulanýar. Mukaddes Ruhy gizlin bilimi arkaly Danyýel Nebukadnesara düýşüni we onuň ýorgudyny aýdyp bilýär. Indiki parçada biz patyşanyň haýran galşyny görýäris.

*Soňra Nebukadnesar patyşa ýere ýüzin düşüp, Danyýele tagzym etdi. Oňa galla sadakasyny we ýakymly ysly tütetgi hödür etmeklerini buýurdy. Patyşa Danyýele: “Sen bu syry açyp bildiň. Hakykatdan-da, seniň Hudaýyň hudaýlaryň Hudaýy, patyşalaryň Taňrysy we syrlary aýan edýän Hudaýdyr” diýdi.* ***Soňra patyşa Danyýele ýokary wezipe berdi, oňa köp gymmatbaha sowgatlar etdi. Ony tutuş Babyl welaýatyna ýolbaşçy belledi we ähli Babyl akyldarlaryna baştutan goýdy.*** *Danyýel patyşadan haýyş edip, Şadragy, Meýşagy we Abednegony Babyl welaýatynyň ýokary wezipelerine belletdi, emma Danyýeliň özi köşkde galdy.*

– Danyýel 2:46–49

Danyýeliň Hudaýyň sesini eşitmek başarnygynyň netijesi näme boldy? Wezipesiniň ulalmagy we baýlyk!

Şeýle netijäni Mukaddes Ýazgyda beýan edilýän ýene bir wakada – Ýusubyň wakasynda görüp bolýar. Şeýle ýagdaýa düşen Ýusup hem faraonyň düýşüni ýormak mümkinçiligini alýar. Ýusup faraonyň düýşüni ýorup, onda duýdurylýan gurakçylykdan Müsür ýurduny halas etmegiň meýilnamasyny teklip edenden soň, faraonyň adýanlaryna gulak goýuň.

*Soňra ol Ýusuba: "Hudaý şu zatlaryň ählisini saňa aýan etdi, seniň ýaly düşbi, pähim-paýhasly adam ýokdur. Sen meniň ýurdumda hökümdarlyk edersiň; halk saňa boýun eger. Men diňe şa tagtynda senden beýik bolaryn".*

– Gelip çykyş 41:39–40

Şu iki wakanyň başynda hemme zat umytsyz ýaly görnendigine garamazdan, olar wezipäniň ulalmagy we baýlyk bilen tamamlandy. Sada sözler bilen aýdylanda, dünýä uly meseleleri çözýänlere uly baýlyk berýär. Mukaddes Ruh sizi söýýär we uly meseleleriň edil jümmüşine ýerleşdirýär! Şeýle bolanda gorkmaň-da, Rebbi şöhratlandyryp başlaň, sebäbi Ol Danyýel bilen Ýusuba kömek edişi ýaly, size-de kömek eder! Men hemişe şeýle diýýärin: "Hudaý öwgüleri alýar, men bolsa – aýlygy!" Men Danyýeliň Reb barada aýdýanlaryny halaýaryn: "Çuň we gizlin syrlary Ol açýar, tümlükde näme bolýanyny Ol bilýär, Onuň Özi nurda ýaşaýar". Danyýel Onuň nurda ýaşaýandygyny aýdýar. Bu bolsa, eger siz garaňky gijä köçä çykanyňyzda çyrany ýaksaňyz, nirä ýöremelidigini bilşiňiz ýaly bolýar! Nur gorkyny ýeňýär we siz nirä gitmelidigini bilýärsiňiz. Aşakdaky aýatda Pawlus kyn purstalarymyzda Hudaýyň gürleýändigini we kömek edýändigini göz öňüne tutýar.

*"Ýadyňyzdamy, siz butparazkaňyz, dilsiz-agyzsyz butlaryň täsirine düşüp, olara eýerýärdiňiz" (1 Kor. 12:2).*

Pawlus butlaryň gürlemän, Hudaýyň gürleýändigini aýdýar!

Men şu baby "Öňegidişlige *ýardam edýän kynçylyklar*" diýip atlandyrmagymyň sebäbini, belki, bilesiňiz gelýändir. Sebäbi hut kyn ýagdaýlarda Mukaddes Ruhuň siziň üçin jogaplary bar. Kynçylyklar size çözgüdi kabul etmegiň ajaýyp mümkinçiliklerini döredýär. Kynçylyklar – bu siziň *öňe gi*tmegiňiz üçin döreýän ajaýyp mümkinçilikdir! Gynansak-da, imanlylaryň köpüsi kynçylyklardan gaça durýarlar. Köp adamlar kyn ýagdaýa düşenlerinde, Hudaýy sypdyrandyrlar öýdýär.

Telewideniýe işine başlan döwürlerimiz ýadyma düşýär. Şonda her

aýdaky çykdajylar 9000 dollardy. Men muny her aýda gazanylmaly ägirt köp pul diýip hasaplaýardym. Soňra çykdajylaryň tölegi aýda 20 000 dollar, soňra bolsa 50 000 dollara ýetdi. Günleriň birinde hemmämiz üýşüp dileg edip otyrkak, gyzym Emi pygamberlik peşgeşini arkaly gürläp başlady:

“Hasyl seniň üçin juda uly. Men seni synaýaryn. Sen şindi boljak zatlara diňe Meniň Ruhum arkaly akyl ýetirip bilersiň! Öňe ädim edip, Maňa seni kyn, ýetip bolmajak, mümkin däl sepgitlere äkitmegime ygtyýar edermiň?”

Şindi bilýänleriňize esaslanyp, bir wakany gürrüň bermezimden öň, muny nähili teswirlemelidigini aýdyp bilermisiňiz? ÖŇEGIDIŞLIK! Men Hudaýyň maňa saýlaw berşini halaýaryn. Ol menden ýoly Onuň bilen geçmäge taýyn bolup-bolmazlygym barada sorady. Ol meniň razyçylygymy soraýardy. Eger men “ýok” diýen bolsam, Onuň kimdir başga birine ýüz tutardygyny ynanýaryn. Ýöne men welin öňegidişligi sypdyrasym gelmeýär. Siziň sypdyrasyňyz gelýärmi?

Men: “Hawa, Reb, Sen meniň razydygymy bilýärsiň” — diýip jogap berdim.

Şondan birnäçe hepde soň Daýstar tory bize ýaýlyma her gün çykar ýaly wagty teklip etdi. Şondan öň biz ýaýlyma hepdede diňe bir gezek çykýardyk. Eger biz teklibi kabul eden bolsak, onda telewideniýe üçin her aýdaky çykdajylarymyz takmynan 200 000 dollara ýeterdi. Ýöne pygamberlik sözünden we içimdäki Mukaddes Ruhuň patalaryndan ugur alyp, olaryň teklibini kabul etdim. Telegepleşik meşhurlyk gazanýança, biz ilkinji aýyň dowamynda göni ýaýlym üçin tölenilmeli töleg sebäpli bergä batjakdygymyzy hemmeler aýdýardy. Bu hut şeýle hem boldy, ýöne bu hemmämiziň garaşýanymyzdan has çynlakaý boldy. Men teleefir üçin bäş aýyň dowamynda 500 000 dollar bergili boldum. Mundan başga-da, efir wagtymyzy satyn alýan adamymyz maňa hat iberip, öz aklawçylarynyň töleg möhletiniň geçýändigi zerarly biraz gaharlanyp başlaýandygyny mälim etdi.

Men bu mesele boýunça Hudaý bilen çynlakaý göreşip başladym, sebäbi meniň gepleşigim “Maliýe meselesiniň çözgüdi!” diýip

atlandyrylýardy. Men lapykeç bolup, Drenda efir wagtymyzy kemeltmeli ýa-da ondan bütinleý boýun gaçyrmaly boljakdygymy aýtdym. Ýöne ol: "Hudaý näme diýdi? Ol munuň üçin tölejekdigini aýtdy, şeýle dälmi?" – diýip jogap berdi.

Men bu meseläni gozgap başlanymda, Drenda birnäçe günläp şol bir diýenini gaýtalady durdy. Biz dileg edýärdik we şol döwürde hiç bir jogabyň bolmandygyna garamazdan, men Hudaýyň parahatlygyny duýýardym. Şol hepde men düýşümde çekleriň bir topbagyny gördüm. Bu düýşdäki geň zat – men diňe çekleriň topbagyny däl, eýsem olara ýazylan puluň mukdaryny we olary ýazan adamlaryň atlaryny gördüm. Men oýananymda, efir wagtynyň çekler arkaly tölenendigini bilýärdim we rahatlandym. Şunlukda, şol dynç alyş günlerinde, adaty dynç alyş günlerinde, 500 000 dollar edil şol düýşümde görkezilişi ýaly geldi. Düýşümde gören pul mukdarym we çekleri ýazan adamlaryň atlary – bary hasyl boldy.

Görýäňizmi, kyn ýagdaý – bu o diýen erbet hem däl! Bu, dostum, öňegidişligiň ýeri. Adamlar ýalňyşmakdan gorkup, kyn ýagdaýlara düşmejek bolýandygyny aýdýarlar. Ýöne eger biz Mukaddes Ruha gulak asýan bolsa, Ol bolaýjak ýalňyş barada bize duýduryş berýär.

Bir waka ýadyma düşýär: birnäçe ýyl mundan ozal, bergiden çykmaga kömek edýän kompaniýama ýolbaşçylyk edýän döwrümde, bir müşderimiz meniň halamadyk bir kompaniýama maýa goýumyny etmek üçin öz öýüniň býujetini sogrup alasy gelipdi. Wekillerimiň biri muny maňa aýdanda, men basgançakdan öz iş ýerime barşym ýadyma düşýär. Şonda men birdenkä Mukaddes Ruhuň bu işe nähili çemeleşmelidigini aýdýandygyny duýdum. Men öz wekilime şeýle diýdim: "Siz bu dilleşigi baglaşyp bilýäňiz, ýöne goý, müşderi hata gol çeksin. Bu hat karz paketiniň bir bölegi bolup, onda özümiziň maýa goýumlaryny edýän kompaniýanyň bölegi däl-de, müşderiniň haýyşy boýunça diňe karz berýändigimizi tassyklamaly". Soňra biz beýan edilen maýa goýumlaryň howpsuzlygy ýa-da netijeliligi babatda hiç bir jogapkärçiligi boýnumyza almaýandygymyzy we bu müşderini şol kompaniýa maýa goýumlaryny etmäge yrmaýandygymyzy mälim etdik. Umuman, alty aýdan onuň etjek bolanlary puja çykdy. Maýa goýumlary

bilen meşgullanýan kompaniýa bu müşderiniň ahli puluny ýitirdi. Maýa goýumlaryny edýän kompaniýa we meniň kompaniýama garşy arz-şikaýat gozgaldy. Emma aklawçy meniň gol çekdiren hatymy görende, biziň adymyz jogapkärleriň sanawyndan aýryldy.

Şol gün basgançakda meni saklap, dilleşigi baglaşmak üçin öz wekilime resminamalaryň sanawyna şol haty goşmaly diýip Mukaddes Ruhuň hut Özi aýtdyrdy. Siz islendik ýagdaýdan geçmäge kömek edýän Mukaddes Ruha bil baglap bilersiňiz. Isa Mesihiň aýdyşy ýaly: "Gorkmaň!"

**SIZ ISLENDIK ÝAGDAÝDAN GEÇMÄGE KÖMEK EDÝÄN MUKADDES RUHA BIL BAGLAP BILERSIŇIZ.**

Men bu wakany beýleki kitaplarymyň birinde eýýäm gürrüň beripdim, ýöne şu gürrüňimiziň çäklerinde ony ýene bir gezek gaýtalaýyn. Günleriň birinde maşgalamyz üç günlük dynç alşa gidip barýardy. Hemmeler eýýäm mikroawtobusa ýerleşip, dwigateli işletmäge ýönelimde, Mukaddes Ruh maňa birdenkä maşynymy başga ýere geçirip goýmalydygymy aýtdy. Jaýyň öňündäki ýodajykda mikroawtobusyň ýanynda ýene-de bir maşynymyz durdy. Mukaddes Ruh bu maşyny gazona geçirip goýmalydygymy aýtdy. Bu örän geňdi. Men: "Mukaddes Ruh näme üçin maşyny ýoldan aýryp, gazona geçirmegimi soraýarka?" diýip pikir etdim. Men muňa hiç düşünmeýärdim. Ýöne haýran galdym! Şonuň üçin-de Drenda etmekçi bolýan zadymy aýdyp, maşyny ýoldan gazona geçirip goýdum. Men bu wakany tä ýekşenbe güni öýlän öýümize dolanyp gelýänçäk ýatlamadyn. Maşynymyň öňki duran ýerinde indi äpet klýon agajy keserip ýatyrdy. Maşynym bolsa klýon agajy degmänsoň, gazonda abat durdy. Eger ol öňki ýerinde duran bolsa, klýon ony wes-weýran ederdi.

Drenda ikimiz puly nädip saklamaly däldiginiň diri mysaly. Bize kynçylyklardan üstün gelmek üçin gizlin strategiýalaryň birnäçesi we biraz syrly danalyk gerek boldy. Şindi men ýylgarýaryn, sebäbi bütin dünýä boýunça görülýän telewizion gepleşigimiz "Maliýe meselesini çözmek" ady bilen ýaýlyma çykýar!

Eý, dostum, şeniň şu günki ykbalyň, ine, şeýle.

> *“Ejiz bolsalar hem güýçden doldular, söweşde kuwwatlanyp, keseki goşunlary derbi-dagyn etdiler” (Ýew. 11:34b).*

Jogabyny bilen ýagdaýyňyzda kyn we çykgynsyz ýagdaý şeýle bolmasyny bes edýär!

9-njy bap

# MYLAÝYM, PESSAÝ SES

Men Mukaddes Ruhuň sesi barada öwredip başlanymda, adamlaryň köpüsi maňa Hudaýyň sesini asla eşidip görmändiklerini aýdýarlar. Ýöne men olara hemişe: “Ýok, eşitdiňiz!” diýip aýdýaryn. Eger siz hem köp adamlaryňky ýaly Hudaýyň sesini eşidip görmändigiňizi duýýan bolsaňyz, Birinji patyşalar kitabyny okaň.

> *Reb Ylýasa: “Daşary çyk-da, dagda Meniň huzurymda dur, çünki Men-Reb şol ýerden geçerin” diýdi. Rebbiň öňünde daglary, daşlary ýarýan şeýle bir güýçli ýel turdy, ýöne Reb ýeliň içinde geplemedi. Ýelden soň ýertitreme boldy, ýöne Reb ýertitremede hem geplemedi. Ýertitremeden soň ot geldi, ýöne Reb oduň içinde-de geplemedi. Otdan soň mylaýym, pessaý ses geldi.*
>
> – 1 Patyşalar 19:11, 12

Men Mukaddes Ruhuň dürli derejedäki sesini eşiden bolsam-da, Mukaddes Ruhuň adaty sesi mylaýym pyşyrdy görnüşinde ýaňlanýar. Ol pessaý, asuda sesdir. Şu kitapda ozal belläp geçişim ýaly, Hudaýyň sesi adatça başga äheňdäki pikir ýaly ýaňlanýar. Märekäniň arasynda öz çagaňyzyň sesini saýgaryşyňyz ýaly, Mukaddes Ruh gürlän wagty Onuň sesini Ony tanarça derejede saýgaryp bilersiňiz. Ýöne şu bapda men Hudaýyň sesi barada gürrüň etmekçi; ol barada hiç kim pikir etmese-de, ony hemmeler eşidendir.

Men Oral Roberts Uniwersitetinde okaýarkam, ylahyýet boýunça

birnäçe dersleri alypdym, sebäbi men Köne Äht ugry boýunça okaýardym. Bu derslerde ozal öwrenmedik maglumatlarym köpdi; aslynda men onuň aglaba bölegini ozal hiç haçan öwrenmändim. Orta mekdepde sapaklardan gaçyp gezenligim we okamak endigimiň ýoklugy zerarly men okuwda yza galmajak bolup, ymykly tijenýärdim, bu aýratynda jemleýji synaglaryň hepdesinde şeýle bolýardy. Şu anyk ders boýunça men Köne Ähtiň bir mowzugy (haýsy mowzukdygy şu wagt ýadyma düşenok) boýunça kurs işini ýazmalydym. Ýöne ýazylmaly iş meni hopukdyrýardy. Men kollejiň birinji ýylynda özümiň birinji işimi ýazypdym we ony yzyna alanymda, onuň daşky sahypasynda gyzyl syýa bilen ullakan ikilik goýlup, onuň üstünden-de “Siz aslynda mekdebe gatnadyňyzmy beri?” diýip ýazylgydy. Meniň iňlis dilim we dürs ýazuwym şeýle bir erbetdi welin, hatda mugallymym uniwersitete okuwa girenime geň galypdy. Men birinji ýylyň özünde okuwdan kowulmajak bolup, iňlis dilinden goşmaça sapaklary almaly boldum.

Indi synag hepdeliginiň öňüsyrasynda men ýene-de bir işi ýazmalydym. Men bu taslama işinden juda gorkýardym. Maňa şeýle işleri ýazmagy asla öwretmändiler, şonuň üçin-de ony ýazmaga oturanymda maglumatlary tapyp, sözleri göçürýärdim we öz işimi dürli gözbaşlardan göçürendigimi aýtmazlary üçin, oňa birnäçe düzedişler girizýärdim. Meniň ynsabym arassady, sebäbi men muny nädogry bir iş diýip hasap etmeýärdim we okan zatlarymy öz sözlerim bilen ýazýardym; ýöne mesele meniň hakykatdan-da ýazyp bilmeýänligimdedi.

Ýöne bu gezek welin meniň wagtym bolmady. Dostumyň, ýagny umumy ýaşaýyş jaýyndaky goňşymyň hem şol sapagy meniňki ýalydy, ýöne ol günüň başga wagtynda geçýärdi. Synpdaky talyplaryň ählisi şol bir mowzukdan ýazmalydy, şonuň üçin-de men dostumdan öz işiniň düzümini görkezmegi haýyş etdim. Şunlukda, ol maňa öz işini berende, men onuňky ýaly oňat ýazyp bilmerin öýdüp, ony göçürip almagy karar etdim. Siziň muny gelşiksiz görýäniňizi bilýärin. Ýöne şol döwürde bütinleý bikämil mesihi bolandygymy unutmaweriň. Şunlukda, men hemmesini göçürmedim-de, onuň ýarysyna golaýyny öz işime göçürip aldym. Synag hepdeliginiň ahyrynda men bu işimi professora tabşyryp, indi ýazmadan

azat boldum diýip, ýeňillik duýdum. Ýöne soňra bolan zatlar maňa Hudaýyň sesini eşitmek boýunça ymykly sapak berdi.

Men şol gije ýatmak üçin düşegime geçenimde, hiç uklap bilmedim. Meniň ynsabym şeýle gaty gürlänsoň, uklap bilmedim. Men nädogry hereket edendigime – ogurlangyma, soňra bolsa ýalan aldandygyma düşündim. Şeýle-de men öz dostuma äsgermezçilik edip, ony abraýdan düşürdim. Men özümi şeýle erbet duýdum! Men gije sagat üçde dostumyň ýanyna baryp, ony oýardym-da, eden zatlarymy oňa aýdyp berdim we ötünç soradym. Ol ukuly gözleri bilen maňa seredip: “Geri, bar ýatsan-aý” diýdi. Soňra ol beýleki tarapyna agdaryldy-da, uklap galdy.

Ertesi gün men professorymyň ýanyna bardym-da, eden zatlarymy boýun aldym. Ol meniň işime, elbetde, ikilik goýmaly boldy, ýöne ýylgyryp, meniň dogrymy aýdanyma şatdygyny aýtdy. Soňra ol onuň ýanyna gelenim üçin, şol ders boýunça ýyllyk bahama dörtlük goýjakdygyny aýtdy. Aýyplama sesi kesilende, men özümi şeýle ýeňil duýdum, erkinlige çykan ýaly bolup, rahatlandym.

Sizden şuny soramaga ygtyýar ediň: “Men şeýle duýgy ejirlerini çekýärkäm, dostum neneň edip beýleki tarapyna öwrülip uklap bildikä? Ol näme üçin şeýle ejirleri çekmedikä? Men näme üçin gözüme çiş kakylan ýaly bolup, özümi şeýle betbagt duýdumkam?” Men her gezek uklajak bolup dyrjaşamda, ses maňa gürledi. Ol meni aýyplaýardy – bu meniň wyždanymdy! Wyždanyň kesgitlemesi şeýle: ýagşy bilen ýamanlygy syzmaklyk. Bu söz “arkaly bilmek” ýa-da “baradaky bilime eýe bolmak” diýmegi aňladýar.

Çyranyň ýagtysy kimin, onuň ýagtysy tümlügi dargadýar. Ol her bir pikiriňizi, eden her bir hereketiňizi anyk hasaba alyp durýar. Kazyýet jaýyndaky şaýat kimin, ol iň jümmüşde gizlenilgi zatlar barada şaýatlyk edýär. Ol dogry zatlary edip, nädogry zatlardan gaça durmak üçin size duýdurýar we ýatladýar. Wyždan – bu Hudaýyň her bir adamyň içindäki sesidir. Wyždan her bir erkegi we aýaly eden işleri üçin jogap bermäge çagyrýar. Wyždan, edil kazyýet otagyndaky ýaly, Hudaýyň öňünde hasabat bermäge çagyrýar. Şaýadyň görkezme berilmäge çagyrylyşy ýaly, biziň-

de wyždanymyz ýa biziň adymyzdan çykyş edýär (aklaýar), ýa-da höküm çykarýar (aýyplaýar).

Medical Xpress tarapyndan geçirilen barlaglar şu delili tassyklaýar:

*"Häzirki wagtda wyždanyň ösüşi baradaky teoriýa ýörgünli. Bu teoriýa laýyklykda adam öz ýaşaýşyny "boş ahlak ýagdaýyndan" başlaýar. Ýöne geçirilen täze barlaglar bu nukdaýnazary ret edýär. Ylmy-barlag işini geçiren alymlar alty aýlyk bäbekleriň eýýäm ahlak netijeri çykaryp bilýändigini ýüze çykardylar we olar biziň eýýäm beýnimize "ornaşdyrylan" ahlak kodeksi bilen dogulýandygymyzy aýdýarlar"* [3].

*Şonda biz özümiziň hakykata degişlidigimizi bileris we Hudaýyň huzurynda biziň wyždanymyz päk bolar. Eger wyždanymyz bizi ýazgaraýsa-da, Hudaý ondan beýikdir, Ol hemme zady bilýändir. Mähribanlarym, eger wyždanymyz bizi ýazgarmasa, onda Hudaýyň huzurynda ynamly bolarys. Ondan näme dilesek alarys, sebäbi biz Onuň buýruklaryny berjaý edip, Ony hoşnut edýän işleri edýändiris.*

– 1 Ýohanna 3:19–22

Wyždan – bu her bir erkekdäki we aýaldaky Hudaýyň sesidir, özümiziň niýetlenilen durmuşymyzda ýaşamagymyz üçin Ýaradanyň bizdäki möhüridir. Öz wyždanyndan hiç kim gaçyp bilmeýär. Kimdir birini öldürip ýa-da banky talan adamyň özüni birdenkä polisiýa tabşyryşyna ozal geň galýardym. Ýöne indi welin adamy günäkär hökmünde aýyplaýan wyždandan uly ezýetiň ýokdugyny bilýärin! Pawlus Korintoslylara ýazan hatynda (1:12) wyždanyň şaýantlyk edýändigi we gürleýändigi barada aýdýar.

**WYŽDAN – BU HER BIR ERKEKDÄKI WE AÝALDAKY HUDAÝYŇ SESIDIR, ÖZÜMIZIŇ NIÝETLENILEN DURMUŞDA ÝAŞAMAGYMYZ ÜÇIN ÝARADANYŇ BIZDÄKI MÖHÜRIDIR.**

*Ine, biz şuňa buýsanýarys: biz her kes, ylaýta-da siz babatda Hudaýyň beren göwnaçyklygy we päk ýürekliligi bilen hereket edýäris. Biz muny ynsan danalygyna däl-de, Hudaýyň merhemetine daýanyp edýäris. Muňa biziň ynsabymyz-da şaýatdyr.*

– 2 Korintoslylar 1:12

Siziň: “Wyždan *nämä esaslan*yp gürläp bilýär? Näme üçin onuň şaýatlygy ruhy kazyýetde güýji bolmalymyş? ” diýip soramagyňyz ahmal. Sebäbi ol – Hudaýyň sesi. Rimlilere ýazan hatynda (2:14-15) Pawlus ýene-de ynsabyň bize dyngysyz gürleýändigini aýdýar.

*Musanyň Kanuny ýahudy dällere berilmedi. Ýöne olar tebigy duýgurlygyna eýerip, bu Kanunyň talaplaryny berjaý edenlerinde, Kanuny bilmeseler-de, oňat we erbet işleri saýgarýandyklaryny görkezýärler. Şeýdip, edýän işleri arkaly Kanunyň parzlarynyň öz ýüreklerine ýazylandygyny mälim edýärler. Olaryň wyždanlary hem munuň şeýledigini tassyklaýar, sebäbi öz pikirleri olary käte aýyplaýar, käte bolsa aklaýar.*

– Rimliler 2:14-15

Her bir adamyň wyždany bar. Siz munuň bilen ylalaşman-da bilýäňiz. Siz wyždansyz bolup görünýän adamlary bilýän bolmagyň ahmal. Ýöne men olaryň hemişe şeýle bolmandygyna kepil geçip bilýärin. Eger adam öz wyždanynyň sesini garşylyk görkezmegi dowam etse, bu ses gitdigisaýy peselýär.

*“Bu taglymatlar ynsaplaryny ýuwudan ikiýüzli ýalançylar tarapyndan ýaýradylýar” (1 Tim. 4:2).*

Pawlus bu adamlaryň öz ynsabyny ýuwudandygyny ýa-da ýüreklerini ynsabyna garşy gatadyp, özlerini duýmaga ýa-da ynsaplaryny eşitmäge ukypsyz edendigini aýdýar. Öz deriňiz barada pikir edip görüň. Eger siz ony ýaksaňyz, ol tä gatap galan bölegi soýlup, täzesi emele gelýänçä,

öz duýgurlygyny  ýitirýär. Biziň ynsabymyz babatda hem şeýle bolýar. Ynsabyňyz sizi haýsydyr bir zady edip-etmezlige mejbur edip bilmeýär. Ol diňe aýdýar. Siz ony äsgermän ýa-da oňa garşy çykyp bilýäňiz. Ýöne Pawlus oňa äsgermezçilik eden ýagdaýyňyzda, munuň size uly ýakymsyzlyklary getirip bilýändigi barada duýdurýar ýa-da, Pawlusyň aýdyşy ýaly, durmuşyňyzy helákläp bilýär.

> *Eý, oglum Timoteos, sen barada aýdylan pygamberlikleri nazara alyp, saňa şuny berk tabşyrýaryn: bu pygamberliklere daýanyp, ökde söweşiji kimin söweş, imanda berk durup, ynsabyňy päk sakla. Käbir adamlar ynsaplaryny ýuwudandygy üçin, imanlary gaýa urlan gämi kimin çym-pytrak boldy.*
>
> – 1 Timoteos 1:18, 19

Öz ynsaplarynyň sesine ýüregini gatadýan adamlaryň köpüsi öz durmuşlaryny dolandyrmak ukuplaryny ýitirýärler· Olaryň kompasy zeperlenip, işlemesini bes edýär· Olar haýsy tarapa gitmelidigini kesgitläp bilmeýärler· Pawlus dogry ýoldan barýanlygymyz babatda ynamly bolmak üçin, ynsabymyzy päk, arassa saklamalydygymyzy aýdýar. Şeýle-de ol kanuna eýerip, dogry hereket etmelidigimizi aýdýar; şeýle etmedik ýagdaýymyzda biz ýüregimiziň gatamagyna ýol berip, ýagşyny-ýamany saýgarmak ukybyny ýitirip bilýäris.

> *Şoňa görä, diňe jeza duçar bolmak gorkusyndan däl, eýsem ynsabyňyzy päk saklamak üçin häkimiýete tabyn bolmalydyr (Rim. 13:5).*

Eger siz kanuna tabyn bolmasaňyz, siziň ynsabyňyz size hököm çykarar. Şonuň üçin-de, Pawlus ynsabyň ýumşak we päk saklanyp, Hudaýyň niýetleýşi ýaly sizi howp-hatardan gorap bileri ýaly, kanuna gulak asmalydygyňyzy we dogry işleri etmelidigiňizi aýdýar·

Ynsap meselesi babatda durmuşymda eden ýene bir akmak hereketim ýadyma düşýär; ol şu prinsipi oňat suratlandyrýar. Bu waka men çopan

bolanymdan soň bolupdy. Siz bu wakany eşideniňizde, Hudaýyň şol döwürde maňa çopan bolmagy näme üçin gadagan edendigine düşünersiňiz. Waka meniň ulaglarymyň biri bilen baglydy. Bu Peugeot 505 kupe maşynydy, men ony örän halaýardym. Günleriň birinde swetoforda durkam, bir ýigit gelip, maşynymyň yzyndan urdy. Netijede maşynyň bagažnigininiň küli çykdy, ramasy egreldi, başga-da köp zeperlenen ýerleri boldy. Meniň ulagymy uran ýigidiň ätiýaçlandyryş agenti maşyny görüp, baha bermek üçin ferma geldi.

Ol gelip gidenden soň bolan zatlary gürrüň bermek üçin, men şol wakadan birnäçe hepde öň gluşitelimiň döwlüp gaçandygyny belläp geçmeli. Bagažnikde ýerleşýän panoramlaýyn depesiniň ýöredijisi hem şol ätiýaçlandyryş agentiň gelip, arz-şikaýaty rejelemesinden birnäçe hepde öň işlemesini bes edipdi. Ol maşynymy gözden geçirip başlanda, onuň ýanynda ýatan gluşiteliň (men ony bilgeşleýin göze görner ýerde goýdum) şol awtoheläkçiligiň netijesinde bolup-bolmandygyny sorady. Men: "Hawa, jenap" diýip jogap berenimde, ynsabymyň nägileligini duýdum. Soňra ol menden maşynyň depesini ýöredýän enjamyň şol heläkçiligiň netijesinde döwlüp-döwülmändigini sorady. Men ýene-de: "Hawa" diýip jogap berdim.

Men öz ruhumda ynsabymyň: "Geri, edýäniň näme? Sen ýalan aldaýarsyň-a!" diýip gygyryşyny eşidýärdim. Indi bolsa öz-özümi nädip aldanyma gulak goýuň. Men öz içimden bu sesiň sem boljagyny aýdyp, ony äsgermezlige salşym heniz-de ýadyma düşýär. Şindi bolsa özümiň şol wagt şeýle pikir edendigime ynanyp bilemok. Onda näme, şol döwürde çopan bolmandygyma begenýäňiz gerek? Hudaýyň-a begenendigine ynanýaryn!

Her nähili bolsa-da, maşyny bejermäge äkitdiler we iki hepdeden jaň edip, ony alyp bilýändigimi habar etdiler. Men maşyny kuzow bejerilýän ussahanada görenimde, ganat bekläp uçaýjak boldun. Ol täzeje ýalydy! Men hemme zadyň bejerilendigine begenip, öýe gaýtdym. Takmynan bir hepdeden men Drenda we çagalar bilen naharlanmak üçin, günortan öýe sowlup geçmegi meýilleşdirdim. Fermer jaýymyz işleýän ofisimden takmynan iki mil aralykda ýerleşýärdi; men bu ofisi öz maliýe kompaniýam

üçin kärendä alýardym· Men maşynymy girelgäniň öňündäki ýodajykda goýdum we öýe girip, oňat naharlandym·

Men baş girelgeden çykjak bolup durkam, maşynymyň goýan ýerimde ýokdugyny gördüm. Men birhili aljyradym. Maşynym nirä ýitirim bolduka? Men daş-töweregime seredişdirip, ahyrda ony gördüm. Biziň jaýymyz baýryň depesinde durdy we men bu gezek maşynyň el tormozyny galdyryp goýmagy unudan bolmaly. Men muny ozal hiç haçan unutmasam-da, bu gezek unudan bolmaly, şonuň üçin-de maşynym uzyn ýodajykdan aşaklaýyn tigirlenip, baryp agaja urlupdyr. Men maşynyň ýanyna baranymda, depämden gaýnag suw guýlan ýaly boldum. Bagažnik döwlüpdi, zeperlenmeler bejergiden ozal, ýagny maşynyň yzyndan urulmazyndan ozal bolşy ýalydy: ramasy egrilendi, gluşiteli öňküsi ýaly döwükdi, depesini ýöredýän enjam-da öňküsi ýaly işlemeýärdi· Ähli zat maşyn ussahana düşmezinden öňküsi ýaly ýagdaýa gelipdi·

Men şol duran ýerimde birdenkä hemme zada düşünip, gülüp başladym. Hudaý maňa sapak berdi, bu ýaş wagyzçy adamlary öz yzyna düşürmezinden öň, bu sapagy ykjam öwrenmelidi. Men bu maşyny gaýdyp bejermedim. Tersine, ony ätiýaçlandyryş şaýlayryna satdym. Ynsabymyň maňa saklanmagymy aýdyp, gatydan gygyran ýene bir wakasy ýadyma düşýär. Men ony tigirli waka diýip atlandyrýaryn.

Bu wakam siziň üçin peýdaly bolar diýip umyt edýärin. Men şeýle pes işleriň derejesine düşüp bilýänligim barada asla pikir-de etmändigiňizi bilýärin, ýöne siz ýalňyşýarsyňyz. Men halas edilenime örän şat, eger şeýle bolmadyk bolsa, durmuşym bütinleý başgaça bolardy diýen duýgum bar.

Welosipedli waka ýaňy gürrüň beren wakamdan birnäçe ýyl soň bolupdy we men şol döwürde täzelikde düýbi tutulan ýygnagymyzda çopançylyk hyzmatyma başlapdym. Men şenbe güni gündiz kakamyňka myhmançylyga baryp, kümüşsow “doj-karawanymda” iki zolaklaýyn ýola yza berip çykyp barýardym. Kakamyň öýi iki sany eňňit baýryň arasynda ýerleşeni üçin, jaýyň öňündäki ýodajyk göze görünmeýärdi. Haýsydyr bir sebäbe görä, men baýyrdan inip gelýän welosipedçini görmändirin. Men usullyk bilen yzyma berip barýarkam, yz tarapda hiç kim ýokdy, ýöne ol

ýapgyt ýerde tizlenip, edil öňe sürüp, herekete başlanymda, yzymdan ýetdi.

Şol wagta çenli men welosiped sürüp gelýän adamdan hiç habarym ýokdy, ýöne mikroawtobusymyň gapdal tarapyndan birdenkä GÜMP, GÜMP, GÜMP sesi gulagyma ýetdi. Men yz tarapyň aýnalaryna seredenimde, ulagymyň yz tarapynda welosipedçini gördüm, ol ruly taşlap, iki eli bilen-de  ýaramaz yşaratlary görkezip, agzyna gelen paýyş sözleri gygyrýardy. Men aljyrap, onuň şeýle hereketlerini göwnüme aldym. Men ol baýyrdan inip gelýärkä meniň yza berip gelýänimi görende aňsat saklanyp bilerdigini bilýärdim. Şeýle-de ol, eger islese, bütin bady bilen menden sowa geçip bilerdigini-de bilýärdim. Ýöne muňa derek ol meniň çärämi göresi geldi.

Men bu adamyň maşyn bilen bäsleşjek bolşuna haýran galdym. Hä, onda bu akyllysyraýana kimdir biri temmi bermeli diýen pikire eýerip, tizligimi peseltdim-de, onuň mikroawtobusyma golaýlaryna garaşyp, maşynymy sakga sakladym. Onuň maşynymyň yz tarapyna ýelmeşmejek bolup, tormozyň ryçagyna ýapyşyşyna hezil edip synladym. Bu ony gazaplandyryp, ol ömrümde eşitmek paýyş sözleri başyma ýagdyryp başlady. Ol paýyş sögündi durdy.

Men usullyk bilen sürüp başladym-da, yza berip, jaýyň öňündäki ýodajyga girip, mikroawtobusymy köçä tarap bakdyryp goýdum. Maşyn meniň tarapyma sürüp gelýän welosipedçini nyşana alyp, keserip durdy. Ol meniň oňa garaşyp duranymy görende, birdenkä sesini kesdi. Meniň pikirimçe, ol özüniň welosipeddigine, maşynyň bolsa welosipedlerden has uludygyna ahyrda düşünip galdy. Men aýnamy aşaga düşürip, onuň ulagyma golaýlaryna garaşdym. Ol meniň deňimden geçip barýarka, ony şu köçede ýene bir gezek görsem, üstünden basyp geçjekdigimi gygyryp aýtdym-da, 15 fut aralygynda göni oňa tarap gönügip duran mikroawtobusymy herekete getirdim. Men ony tas kakyp, maşynyň welosipede şarkyldap galtaşan sesini eşitdim. Men adalatyň belli bir derejede ýeňendigini  duýdum. “Men onuň temmisini-hä berdim” diýip pikir etsem-de, bu uzaga çekmedi.

Men öz ruhumdan Mukaddes Ruhuň ýiti we ygtyýarly sesi bilen: “Geri, edýäniň näme?” diýýänini eşitdim. Şu sözlere kagyz ýüzüne geçirmek bilen, bu sözleriň şol pursatda maňa nähili ýaňlanandygyny beýan eder ýaly däl. Men birdenkä şol adamy öldürip bilerdigime düşünip galdym. Men yzky aýnama seredip, onuň başyny aşak sallap haýallyk bilen sürüp barşyny gördüm. Ol şikeslenen ýalymy, ýa diri galanyna haýran galýan ýaly bolup görünýärdi. Men ýolumy dowam etdim, ýöne ynsabym maňa rahatlyk bermedi. Men çopançylyga ýaňy başlan adam hökmünde nämeleriň bolup bilerdigine düşünýärdim. “’Iman durmuşy’ ýygnagynyň çopany ýol heläkçiliginde adamy basyp öldürdi” diýen sözbaşyly gazetler göz öňüme geldi. Mukaddes Ruh maňa bu ýygnagy täze jemagatda hut şeýle adamlar üçin esaslandyrmaga çagyrandygyny maňa ýatlatdy. Men öz edenlerime erbet bolup, Rebbiň öňünde gözýaş döküp, toba etdim.

Şunlukda, Hudaýyň sesini eýýäm eşidenligiňiz babatda ylalaşaýalyň. Ýöne Hudaýyň sesini hemişe eşidip bilmegiňiz üçin, bu ynsaby ýumşak saklap, onuň gatamagyna ýol bermeli däl. Mukaddes Kitap Ysraýylyň ogullarynyň öz ýüreklerini Hudaýa garşy gatadyp wada berlen topraga girip bilmändigini aýdýar. Ýewreýlere ýazylan hatyň awtory bizi, ýagny Täze Ähtiň okyjylaryny olaryň göreldesine eýermezligi ündeýär.

> *Şonuň üçin Mukaddes Ruhuň aýdyşy ýaly: “Bu gün siz Meniň sesimi eşitseňiz, Maňa baş galdyran atalaryňyz deý ýüregiňizi gatatmaň. Olaryň Meni çölde synaýşy ýaly doňýürek bolmaň”.*
>
> – Ýewreýler 3:7, 8

Bu duýduryş üçünji we dördünji baplarda azyndan üç gezek gaýtalanýar. Näme üçin? Sebäbi Hudaý sizi ýalkasy gelýär we Isa Mesihiň tölän zatlarynyň baryna eýe bolmagyňyzy isleýär.

Doňýüreklik maňa çagalyk döwrümdäki ponimi ýatladýar. Ol meniň öňde-soňda gören ýaramaz häsiýetli jandarymyň iň erbedidi we örän akyllydy. Oňa atlanyp, ony sürmäge milt edýän ýeke-täk adam mendim diýse-de boljak. Bir dostumyň myhmançylyga gelip, atlary söýýändigini we islendik atyň hödesinden gelip bilýändigini aýdyşy ýadyma düşýär.

Ol dikdüşdilik bilen Tonini (bu ponimiň adydy) süresi gelýändigini gaýtalady durdy. Ol birnäçe wagtdan meni yrdy, men-de toniniň eýerini dakdym. Oglanjygyň ady Jekidi we ol ponä münenden soň bolan zatlary asla unudyp bilmerin. Ol Toniniň üstüne münende, ol duran ýerinden okdurylyp gitdi. Toni jaýdan 50 ýard (45 metr) uzaklykdaky howza tarap aýagaldygyna çapyp gitdi. Jeki ponini togtatmak üçin ähli güýji bilen onuň jylawyny dartýardy, gygyrýardy, ýöne Toni oňa üns-de bermeýärdi. Muňa derek ol howza okdurylyp bardy-da, onuň edil gyrasynda başyny aşak egdi-de, sakga durdy. Jeki, elbetde, poniden üstaşary göni howza baryp düşdi. Toni yzyna öwrüldi-de, hiç zat bolmadyk ýaly otlamaga başlady.

**ŞONUŇ ÜÇIN MUKADDES RUHUŇ AÝDYŞY ÝALY: “BU GÜN MENIŇ SESIMI EŞITSEŇIZ, MAŇA BAŞ GALDYRAN ATALARYŇYZ DEÝ ÝÜREGIŇIZI GATATMAŇ. OLARYŇ MENI ÇÖLDE SYNAÝŞY ÝALY DOŇÝÜREK BOLMAŇ”.**

**– ÝEWREÝLER 3:7, 8**

Görýäňizmi, Toniniň jylawy şeýle köp çekilensoň, ol onuň üçin indi agyryly däldi. Onuň agzy gatansoň, ol muňa öwrenişip, asla üns bermeýärdi. Poni hökmünde Toni menden başga adama peýda bermeýärdi. Näme üçin? Sebäbi ozal belläp geçişim ýaly, ol akyllydy. Men ony otluk ýere otlamaga çykarýardym. Şonuň üçin-de, at ýatakdan sergin howa çykyp, halaýan gökje otuny iýmegiň ýeke-täk ýoly meni öz üstünde aýlamaga rugsat bermekden ybaratdy. Ýöne men oňa gözegçilik etmelidim. Ol meniň eýerde oturşymy görmek üçin, kellesini bir gapdala gyşardyp, usullyk bilen çapýardy. Ol kellämi beýleki tarapa öwrerime garaşýardy. Şonda ol çaltlyk bilen yzyna öwrülip, aýagymdan dişleýärdi. Bu diýseň agyryly bolansoň, men hüşgärligigi elden gideremokdym. Peýda babatda aýtsak, ol hiç bir peýda getirmeýärdi.

Eger biz ýüregimiziň gatamagyna ýol bersek, onda edil Toni ýaly, Hudaý üçin peýdasyz bolup galýarys. Günleriň birinde biz Tonini zynjyr bilen daşarda baglap goýduk. Kakam onuň bedresine içer ýaly suw guýdy. Ol dolanmak üçin yzyna öwrülende, Toni oňa tarap süýşüp, yzyndan dişläp

goýberdi. Garaz, näme diýjek, kakam gutulyşy almadyk adamdy, ol öran gyzmady. Suwly bedräniň ýanynda duz topbagy ýatyrdy, ol şony alyp, ähli güýji bilen Tönä tarap zyňdy. Ýöne Tonä hiç zat bolmady. Men Tonä bil baglaýardymmy? Asla baglamaýardym!

Adamlaryň durmuşynda hem şeýle bolýar. Olar ýöne gulak asman, şu gezeklik ynsaplaryna garşy gider öýdýärler· Ýöne olar muny her gezek edenlerinde, deri gatamasynyň emele gelýändigine düşünmeýärler· Günleriň birinde olar hem Toni ýaly bolup, Hudaýa gulak asmazlygy ýa-da Onuň aýdýanlaryny etmezligi ýüregine düwenlerinde, ne agyryny, ne-de ynsabyň berýän ezýetlerini duýarlar. Mundan goranmagyň serişdesi – ynsabyňyza garşy gidendigiňizi duýan badyňyza toba etmelikdir.

Dawut Patyşa Batşeba bilen günä edenden soň, 50-nji mezmury düzdi. Bu toba ediş mezmurydyr.

> *Eý, Hudaý, maňa rehim-şepagat eýle, Öz sadyk söýgiň hatyrasyna; Öz merhemetiň köplügine görä, Sen öçür meniň etmişlerimi. Sen meni bütinleý ýuw ýazygymdan hem-de tämizle meni günämden. Çünki günälerimi boýun alýaryn, günäm elmydama meniň öňümde. Saňa, diňe Saňa garşy men günä etdim, Seniň nazaryňda ýamanlyk etdim; şoňa görä, Seniň sözleriň dogry, çykaran hökümiňde Sen adalatly. Hakyky, men günäli dünýä inelim bäri, günäli men enem göwresinde galalym bäri. Ine, Sen hakykat isleýärsiň ýürekde, danalygy öwredýärsiň meniň içimde. Meni käkilik oty bilen arassala, bolaryn men päk, meni ýuw, bolaryn men gardan hem ap-ak. Maňa eşitdir şatlykdyr begenç sesini, meni peseltdiň, indi bolsa, men şatlanaýyn. Meniň günälerimden sow Sen ýüzüňi hem-de öçür meniň ýazyklarymy. Eý, Hudaý,* ***mende päk ýürek ýarat*** *we içimdäki hakykat ruhuny özgert. Sen Öz huzuryňdan meni taşlama, menden Mukaddes Ruhuňy alma. Öz halas edişiňiň şatlygyny Sen maňa gaýtar, yhlasly ruh berip, maňa söýget bol.*
>
> – Zebur 50:3, 14

*Sen gurbanlyk isläňok, ýogsa bererdim, ýakma gurbanlyklary bersem-de, razy bolmarsyň. Synyk ruh — Hudaýyň göwnünden turýan gurbanlyk; eý, Hudaý, synyk, ökünçli ruhy Sen kemsitmersiň.*

– Zebur 50:18, 19

Dawut Hudaýa ýalbaryp, onda päk ýürek, synyk ruh we toba bermegini soraýar. Ol aslynda duýmagy başarýan ýüregi gaýtadan bermegini soraýar. Ýöne Dawut öz ynsabyna gulak asan bolsa, betbagtçylyga asla uçramazdy. Şonuň üçin-de, ýatda saklaň: eger siz siz ýüregiňizi gatatsaňyz, muny indiki gezek, indiki gezek, indiki gezek etmek aňsatlaşyp, ahyrda Hudaýyň sesini eşitmegi bes edersiňiz..

Ynsap – bu Hudaýy eşitmegiň usullarynyň biri. Mukaddes Ruh öwütleri we görkezmeleri bermek bilen, size gönüden-göni gürleýär. Ozal belläp geçişim ýaly, Mukaddes Ruh maňa güýçli, ygtyýarly sesi bilen-de, pessaý, asuda sesi bilen-de düzediş berýär. Şeýle-de men Onuň düýşler we görnüşler arkaly gürleýşini eşitdim; men bular barada indiki bapda gürrüň bererin. Bu bapda welin biz eger Hudaýy eşitmek isleýän bolsak, öz ynsabymyzy pӓk, ýumşak we mylaýym saklap, toba tiz gelmelidigimizi bildik.

10-njy bap

# GÖRNÜŞLER WE DÜÝŞLER

Men ýatan ýerimden birden galyp oturdym-da, Drenda:

— Seniň gyzyň bolar! – diýdim.

Hudaý bäş çagymyzyň içinden diňe biriniň jynsyny öňünden aýdypdy. Bu biziň dördünji çagamyz Pollidi. Bu ony saklap bilmegimiz üçin aýdyldy diýip pikir edýärin, sebäbi Drenda alty aýlyk göwrelikä, biziň maşgalamyz ýol heläkçiligine düşdi. Iki zolaklaýyn köçeden sagatda 55 mil (90km) bilen sürüp barýan ýaş ýigit edil öňümizde birden sakga durdy. Saklanmaga wagt bolmany üçin, biz onuň maşynynyň yzyna urulduk. Hiç kime çynlakaý zeperiň ýetmändigine garamazdan, biziň barymyz hassahana ugradyk. Drendanyň dakynyp oturan howpsuzlyk kemeri garnyna batyp, ganöýme döredi. Ol Pollini gaýgy edýärdi. Ýöne Hudaý biziň bilen Polli barada gürrüň edeni üçin, özümizi rahat duýýardyk we Polliniň ýagdaýyňy gülala-güllükdigini bilýärdik; bu şeýle hem bolup çykdy.

Polli barada aýtmak bilen, onuň durmuşa çykyp, birinji çagasyndan göwreli bolan döwri ýadyma düşýär. Drenda ikimiz başga ýurda iş sapary bilen gitmelidik. Polliniň çagasynyň boljak möhleti edil şol saparyň ortarasyna düşýärdi.

Siz meniň aýalym Drendany bilýän bolsaňyz, onda onuň öz gyzjagazynyň çaga dogrumyny sypdyrmarjakdygyny, elbetde, bilýänsiňiz. Şonuň üçin-de biz şol sapary giýbolsun edip-etmezligiň pikirini edip başladyk. Men bu mesele barada birnäçe wagty dilegde geçirenimden soň, Mukaddes Ruh maňa çaganyň boljak möhletiniň ýalňyş kesgitlenendigini we onuň geljek günümiziň ertesi doguljakdygyny aýtdy. Men Rebbiň maňa senäni aýdandygyny Drenda gürrüň berdim we sapara ugradyk. Biz öýe dolanyp

gelenimizde, hut Rebbiň görkezen senesinde, Polliniň burgusy tutup başlady. Biziň agtyjyklarymyzy biri bolan Aýwori edil bellenilen möhletde dünýä indi.

Bu Mukaddes Ruhuň durmuşy meseleler barada bize aýdyşynyň mysalydyr, üstesine-de, Onuň sözleri biziň ruhumyzdan çykýar. Mukaddes Ruh biziň bilmeli zatlarymyzy başga usullar bilen hem aýdyp bilýär.

> *Şondan soň Men her bir ynsan üstüne Öz Ruhumy dökerin. Pygamberlik eder oguldyr gyzlaryňyz, düýşler görer garrylaryňyz, aýanlyk alarlar ýigitleriňiz. Şol günlerde Men hatda gullardyr gyrnaklaryň üstüne, Öz Ruhumy suw kimin dökerin.*
>
> – Ýowel 2:28, 29

Ýowel pygamber Hudaýyň Öz Ruhunyň bütin adamzadyň üstüne dökjek gününiň geljekdigini aýdypdy. Biz şindi şol günde ýaşaýarys. Ellinji gün baýramy güni Mukaddes Ruh ýokarda garaşyp oturanlaryň üstüne indi. Märeke ýokarky gatda oturanlaryň nämälim dillerde gürläp, Hudaýy şöhratlandyrýandygyny eşidenleirnde, olar serhoşmyka diýip: “Bu näme?” diýip sorady. Petrus halka ýüzlenmek üçin, ýerinden galdy.

> *Şonda Petrus Onbirler bilen bile ýerinden turup, batly ses bilen şeýle diýdi: “Eý, ýahudy doganlar we Iýerusalim ilaty! Munuň manysyny size düşündireýin, meniň sözlerime gulak asyň. Bular siziň pikir edişiňiz ýaly, serhoş däl. Sagat ýaňy irden dokuz ahyry. Ýok, bu görýänleriňiz Ýowel pygamber tarapyndan aýdylandyr: ‘Hudaý şeýle diýýär: Ahyrky günlerde şeýle bolar, Men ähli ynsanlaryň üstüne Öz Ruhumy dökerin. Pygamberlik eder oguldyr gyzlaryňyz, aýanlyk alarlar ýigitleriňiz, düýşler görer garrylaryňyz. Şol günlerde Men hatda gullardyr gyrnaklaryň üstüne, Öz Ruhumy dökerin. Olar-da pygamberlik ederler’”.*
>
> – Resullaryň işleri 2:14–18

Düýşler we görnüşler – bu Mukaddes Ruhuň bize gürleýän usullarynyň

aglaba bölegidir. Men Mukaddes Ruhuň näme üçin käwagt pessaý, asuda ses bilen, käwagt bolsa düýşde gürleýändigini bilmeýärin. Bu işe çendenaşa gümra bolýanlygymyz sebäpli şeýle bolýar öýdýän. Biz ümsüm bolanymyzda, Ol biziň ünsümizi çekip bilýär. Belki, biz başagaý bolup, bu pessaý we asuda sesi eşidip bilmeýän ýagdaýa düşýäris. Mukaddes Ruh iberilen habara düşünendigimize göz ýetiresi gelýär. Galyberse-de, ýüz gezek eşideniňden, bir gezek göreniň gowy. Sebäbiniň nämedigine garamazdan, men Hudaýa düýşleri we görnüşleri üçin şükürler edýärin. Düýşler bilen görnüşler meňzeş bolýar. Ol hem, beýlekisi hem görýän suratlarymyz, olaryň arasyndaky tapawut – görnüşleri oýa wagtymyz, düýşleri bola uklan wagtymyzda görýäris.

Görnüşler babatda aýtsam, men olaryň bary-ýogy sanlyjasyny gördüm; men olary oýa wagty huşda görüp bolýan açyk görnüşler diýip atlandyrýaryn. Men şeýle görnüşleriň iň ähmiýetlisini 19 ýaşymda, ýagny wagyz etmek hyzmatyna çagyrylan pursadymda gördüm. Şondan takmynan bir aý öň men Mukaddes Ruha çümdürilipdim. Bularyň bary meniň üçin elbetde, ozal görmedik zatlarymdy, sebäbi gatnaýan ýygnagymda Mukaddes Ruh barada o diýen köp zatlary öwretmeýärdiler.

Ýöne bu meniň doglan günümdi we meni dostlarym bilen baýramçylyk naharyna çagyrypdylar. Biz saçak başyna geçip, şükür dilegini aýdanymyzdan soň, men birdenkä Mukaddes Ruhuň üstüme örän güýçli inendigini duýdum. Ýaňy belläp geçişim ýaly, bularyň bary meniň üçin täzedi, ýöne Mukaddes Ruha çümdürilenime görä, Onuň üstüňe inende nähili bolýandygyny bilýärdim. Men şol pursatda näme etmelidigini bilmeýärdim, şonuň üçin-de saçak başyndan turmaga rugsat alyp, arka tarapymda ýerleşýän gapydan açyk howa çykdym.

Daşary çykanymda, Hudaýyň huzury has-da güýçlenip, men ap-aýdyň görnüşi gördüm; men bu zatlary edil şu wagt hakyky zatlary görşüm ýaly görüpdim. Men uly bolmadyk münberiň aňyrsyna geçip, zalda oturan adamlar bilen gürleşýändigimi gördüm. Jaýyň içinde 35-40 adam bardy, olaryň hemmesi açylyp-ýapylýan oturgyçlarda otyrdy. Men şol wagtyň agşamdygyna düşünýärdim, sebäbi penjireden daşarynyň bütinleý garaňkydygyny görýärdim. Soňra bir ses ýaňlanyp: “Men seni Meniň

Sözümi wagyz etmäge çagyrýaryn” diýdi. Bu üç gezek gaýtalandy, soňra görnüş gaýyp boldy we mesh hem ýitip gitdi. Men öýe girenimden soň dostlarym näme bolandygyny soradylar, men hem: “Men edil şu pursat wagyz etmek çakylygyny aldym öýdýän!” diýip jogap berdim.

Şol gün agşam öýe dolanyp baranymda kakama bolan zatlary gürrüň berşim ýadyma düşýär. Ol wagyzçylaryň o diýen köp gazanmaýandygyny aýtdy. Bu onuň aýdan zadydy. Şol pursat ol mesihi däldi, ýöne, Hudaýa şükür, 80 ýaşynda ýüregini Isa Mesihi tabşyrdy we şindi göklerde mesgen tapdy.

Anyk şu ýagdaýda men Mukaddes Ruhuň maňa açyk görnüşde gürländigine ynanýaryn, sebäbi men ýaşdym. Ol Oňa hyzmat etjekligim üçin öz maşgalamda yzarlanmalara duçar boljakdygymy, we gelejekdäki ýolum üçin şeýle labyryň gerek boljakdygyny bilýärdi. Dogdudan-da, bu görnüş heniz-de maňa görünmesini dowam edýär.

Görnüşleriň ýene biri maňa ýaşan köne ferma jaýymyzda görnüpdi. Biz şol ýykylyp barýan köne jaýda dokuz ýyl, onuň aglaba bölegini gedaýçylykda ýaşapdyk. Ýöne biz Hudaýyň Şalygynyň nähili hereket edýändigini bilip başlanymyzda, işimiz rowaçlanyp, bergilerimizden bütinleý dynypdyk.

Hut şol pursatda Hudaý 19 ýaşymdakam wagyz etmäge çagyran görnüşini berjaý etdi. Hut şol pursatda, wagyz etmäge çagyran wagtyndan 21 ýyl geçenden soň, Hudaý maňa ýygnagyň düýbüni tutmagy tabşyrdy. Şol wagta çenli men kolleji tamamlap, maliýe çäklerinde 21 ýyl bäri işläp gelýärdim. Şindi, 40 ýaşanymda, Hudaý maňa herekete geçip, öz ýygnagymyň düýbüni tutmalydygymy aýtdy.

Biz ýygnagymyzy mesihi radiostansiýanyň ýerzemininde açdyk. Ýygnagy geçirmek üçin şol ýere ilkinji gezek üýşenimizde, ähli zat Hudaýyň maňa 21 ýyl ozal görkezen görnüşindäkisi ýalydygyny görüp galdym. Şol birinji ýygnakda men ýygnalýan oturgyçlarda şol bir adamlary we agşamyň garaňkysyndaky şol bir penjireleri gördüm. Men şol uly bolmadyk münberi hem gördüm.

Drenda ikimiz öz ýygnagymyzyň düýbüni tutanlygymyza ruhlanyp, nirede ýaşajakdygymyza üns-de bermeýärdik. Biz ferma jaýynda ahyrda

çykyp gitmeli boljakdygymyzy bilýärdik, sebäbi biziň eýýäm bäş çagamyz bardy we ondaky ýer bize ýeterlik däldi. Biz gülleýän telekeçiligimize we ýygnagymyza başagaý bolanymyz üçin, özümizi şeýle-de bagtly duýýardyk.

Ýöne günleriň birinde ýygnakdan gelip, myhman jaýymyza geçdimde, diwana oturdym. Oturan badyma meniň töweregimdäki otag gözden gaýyp boldy we men ýaňyja oturan şol otagymy gördüm, ýöne onda indi hiç goş-golam ýokdy. Ýaňyja girip gaýdan gapym aşhana açylyp durdy, oturan diwanym bolsa şol gapynyň garşysynda durdy. Men myhman otagyndaky ýerimden aşhana otagyny görýärdim. Şunlukda diňe myhman jaýy däl, eýsem aşhana otagy-da boşdy. Bu görnüş 5 sekunt çemesi dowam etdi we men bu öýi taşlap gitmägä wagtyň gelip ýetendigine düşündim. Görnüş tamamlanan badyna men Drenda bolup geçen zatlary gürrüň berdim we göçmäge wagt bolandygyny aýtdym.

Bu ýagdaýda hem Hudaýyň meýlini ýetirmek, ony aýdyňlaşdyrmak üçin görnüşiň ulanylandygyna ýene-de ynanýaryn. Biz işimize şeýle megul bolanymyz üçin, göçmekligi gaýra çeker durardyk. Ýöne görnüşde: “Göçmäge wagt boldy!!!” diýen tutanýerli habar berilýärdi. Şeýle gyssagyň näme üçin dörändigine biz soňra düşünip galdyk. Biz ferma jaýyny dokuz ýylyň dowamynda kärendä alýardyk we şol ýerde meýilleşdirilen gurluşyk başlanda şol ýerden göçmeli boljakdygymyzy bilýärdik. Ýöne munuň haçan boljagyny hiç kim bilmeýärdi.

Umuman, Hudaý bizi täze jaýymyzy gurýan ajaýyp ýerimize gönükdirdi. Biz gurluşygy howlukman, oňa wagt tapyşymyz görä alyp barmakçydyk we munuň üçin birki ýylyň gerek boljakdygyny çaklaýardyk. Emma täze jaýymyň gurluşygyna başlanymyza ýarym ýyl bolanda, fermer jaýynyň eýesi ony bir aýdan boşatmalydygymyzy habar berdi. Biz oňa täze jaý salynýandygymyzy aýdyp, kärende möhletini iki-üç aý uzaltmagyny haýyş etdik. Ol muňa ylalaşsa-da, ondan gijä goýmaly däldigimizi aýtdy.

Biz tijenip, puryja berlen wagtyň ahyrynda täze öýümize göçüp bardyk. Eger Hudaý şonda bize göçmelidigimizi aýtmadyk bolsa, biz şol wagt aralygynda birnäçe gezek göçüp-gonmaly bolardyk; bu bolsa iş rejämiziň meşgullygy sebäpli bize kynçylyk dörederdi.

Şu kitabyň başynda gürrüň beren mawy öwüşgin baradaky wakam hem açyk görnüş bolandygy gürrüňsizdir; ol meniň durmuşymy üýtgeden waka boldy. Ol biraz başgarakdy – men gelejegimiň suratyny görmeýärdim, ýöne mawy öwüşginiň içinde oturan ýerimden Mukaddes Ruhuň meni halklara çagyrýan sözlerini aýdyň eşidýärdim.

Men açyk görnüşleriň ýene birnäçesiniň görendigime ynanýaryn, ýöne düýşler olardan kän boldy diýsem-de boljak. Men Albaniýa gitmekçi bolanymda, şondan takmynan bir hepde öň boljak saparym barada düýş gördüm. Durmuşymyň şol tapgyrynda häzirki ýaly saparlara asla gitmeýärdim we tä Hudaýyň meniň bilen gürleşen şol gününe çenli saparlara o diýen gyzykmaýardym.

Ýöne gitmezimden bir hepde öň men düýş gördüm. Düýşümde men lukmanyň otagynda gözden geçiriş stolunda ýatyrdym; otaga giren şepagat uýasy gan barlagyny almalydygyny aýtdy. Soňra ol elimi alyp, meniň orta barmagymy tutdy, bu maňa geň göründi. Ýöne siz düýşde nähili bolýandygyny bilýänsiňiz; siziň ýöne bilýän zatlaryňyz bar.

Şu düýşümde hem men planetany taşlap gitmezimden öň her bir barmagymyň gan alynmak üçin deşiljekdigini bilýärdim. Bu meniň kalbymda seslendi, sebäbi Mukaddes Kitaby öwrenmek mekdebinde ýygnagyň bäş hyzmatyny ýatlatmak üçin eliňi ulanyp bolýandygyny maňa öwredipdiler: başam barmak – resul, süýem barmak – pygamber, orta barmak – Hoş habarçy, ogulhajat barmak – çopan, külembike barmak – çopan bilen işleşýän mugallym.

Şonuň üçin-de men şepagat uýanyň näme diýýänine düşünýärdim. Men ömrümiň dowamynda, hiç bolmanda onuň bir döwründe, hyzmatlaryň her birinde işlejekdigimi bilýärdim. Elbetde, men çopan we mugallym, ýöne Hudaýyň Şalygy we maliýe babatda ýygnaga pygamberlik sözüni ýetirýändigimi hem bilýärin. Albaniýada bolan wagtym Isa Mesih meni hut şuňa çagyrypdy. Düýşümde şepagat uýasy meniň orta barmagymy deşdi we men özümiň Albaniýanyň halkyna Hoş habary ýetirmeli wagyzçy hökmünde iberilýändigime düşündim. Men durmuşymyň resullyk tapgyryna diňe indi girişip başlaýaryn.

Garaz, her nähili bolsa-da, şu düýşümde orta barmagym deşilenden soň şepagat uýasy iki elini çaga dileg edendäkisi ýaly goýdy-da, maňa garap “dileg et” sözüni aýtdy. Ol muny sesli aýtman, gürlemek bolmaýan ýerlerde edilişi ýaly, diňe dodaklaryny gymyldadyp aýtdy. Men şu düýşümden Albaniýa Hoş habarçy hökmünde iberilýändigime we bu saparym barada dileg etmelidigime düşündim.

Meniň gören düýşlerim kän, sanardan ýa-da olary bärde beýan ederden juda kän boldy, ýöne düýşler – Mukaddes Ruhuň sesidir. Men her agşam diýen ýaly düýş görýän adamlara duşýaryn, özi-de hemmesi şeýle “ruhy”. Men düýşleriň arasynda tapawut bar diýip hasaplaýaryn we käbir ruhysyraýan adamlar özlerini ruhy tekepbirliklerinde çişip, Hudaýdan bolmadyk zatlary görýärler. Ýöne men düýşleri ýygy-ýygydan görmeýärin. Men ýylyň dowamynda dörtden on ikä çenli düýşi görýärin we olaryň Hudaýdan bolup, maňa haýsydyr bir wajyp zady habar berýändigini bilýärin. Bu san, elbetde, ýa ulalyp, ýa kiçelip bilýär. Meniň pikirimçe düýşleriň mukdary wajyp däl. Şol düýşlerden bilýän zadyňyz wajyp bolup durýar.

Meniň durmuşymy düýpgöter özgerden düýşümde Hudaý maňa sekiz ýyl işlän maliýe kompaniýamdan çykyp, adamlara bergilerinden çykmaga kömek etjek hususy kompaniýamy esaslandyrmalydygymy aýtdy. Bu düýş dogrudan-da wajypdy.

Şeýle-de duýduryjy düýşler bolýar. Duýduryş bolan örän geň bir düýşüm ýadyma düşýär. Men bu düýşi hyzmatymyzda pul meselesiniň erbetleşip, maliýe basyşa sezewar bolan döwrümizde görüpdim. Düýşümde men düşegimde uklamaga synanyşýardym. Ýatak jaýyň gapysy açykdy we men koridorda şybyrdyny eşidip (düýşümde), gapy tarapa seretdim. Şol ýerde men boýy üç ýarym fut bolan bir jyny gördüm, ol puldan doly haltany süýräp barýardy. Ol maňa Santa-Klausy ýadyma saldy. Halta jynyň yzyndan süýrenip, puldan hyryn-dykyndy. Jyn öýden çykalga tarap ýönelmeýärdi. Men onuň burçdan aýlanyp, biziň üçünji gatymyza çykyşyny eşitdim. Men oýanyp bu düýşüm barada pikir edip başlanymda, Rebbiň maňa puluň ogurlanandygyny ýa-da ýitirilendigini görkezýändigine düşündim.

Geň zat, ýöne men düýşümde bu haltanyň içindäki puluň mukdaryny bilýärdim. Meniň göwnüme onuň içinde 25 000 dollar bar ýaly görnüpdi. Şeýle-de men jyn öýden çykman, puly ýokarky gata äkideni üçin, puly ogurlan ýa-da ony maksadalaýyk ulanmaýan adamyň ýa-da adamlaryň öýüň agzalary bolup durýandygyny duýdum; men öýi hyzmatym diýip hasaplaýardym. Ertesi gün ilki bilen eden işim – baş hyzmatçymyza jaň edip, maliýe bölümindäki hasap kitaplarymyzy barlamagy tabşyrdym. Barlagyň netijesinde biz hasaba alynmadyk biderek çykdajylaryň ençemesini ýüze çykardyk. Biz her aýda edilen artykmaç çykdajylary hasaplanymyzda, olaryň mukdary 25 000 dollar boldy. Biz aslynda hiç kimiň ogurlyk etmändigini, ýöne geleňsizlik zerarly puluň boş sowlandygyny ýa-da puly boşatmak üçin ony tygşytlap bolýan ýerlerde munuň edilmändigini kesgitledik. Şol döwürde biz şol pula mätäçdik, sebäbi ýagdaý diýsep dartgynlydy.

**HUDAÝ DÜÝŞLERI STRATEGIÝA BERMEK ÜÇIN HEM ULANYP BILÝÄR.**

Hudaý düýşleri strategiýa bermek üçin hem ulanyp bilýär. Geçen 2018-nji ýylda men ýönekeý bir düýş gördüm, onda men diňe: “Gämileri çagyryň” diýen sözleri eşitdim. Men muny ýazyp aldym, ýöne onuň näme aňladýandygyna hiç düşünip bilmeýärdim. Men bu barada Rebden soramagy dowam etdim we bu düýşümi Drendadan başga hiç kime gürrüň bermedim. Ýanwar aýynda geçirýän erkekler ýygnagymyzda men öňde goýýan ýyllyk wezipelerimizi mälim edýärdim. Olaryň biri milli derejede kiçi toparlary döretmek meýilnamasy bolup, men birnäçe ýyl bäri onuň pikirini edip gelýärdim, ýöne edil şu ýylda ony durmuşa geçirip bolýandygyny duýýardym. Ýygnagyň ahyrynda ýigitleriň biri ýanyma gelip, öz aýtjak bolýan zatlary üçin özüni oňaýsyz duýýandygyny aýtdy, ýöne ahyrda: “Reb siziň troýaly Ýelena ýalydygyňyzy aýtdy” diýip goýberdi. Men onuň aýdýan zatlaryna düşünmedim, şonuň üiçn-de ol nämäni göz öňüne tutýandygyny maňa düşündirmäge durdy. Men onuň aýdan zatlaryny hata ýazyp, ony maňa ibermegi haýyş etdim. Ine, onuň ýazan haty.

*Spartanyň patyşasy Menelaý öz aýay Ýelenany troýalylardan halas etmek üçin 1000 gämini ibermegi buýurdy. "Müň gämini iberen adam" – bu meşhur jümle bolmak bilen, troýaly Ýelena degişlidir. 2019-njy ýylyň ýanwar aýynyň 30-na, çarşenbe güni, çopan Apeksde erkekleriň ýygnagynda çykyş edip durka, Reb maňa onuň troýaly Ýelena ýalydygyny aýtdy. Şonda patyşa azaşanlary, imandan düşenleri, maşgalasyny, puluny ýitirenleri halas etmek üçin 1000 gämini iberýär.*

*Onuň hyzmatyndaky,*

*Aaron*

Bir günden ol maňa ýene bir hat iberdi.

*Çopan!*

*Men size troýaly Ýelena babatdaky harby nukdaýnazary beresim gelýär. Adamlaryň köpüsi üçin bu öz ýitiren aýalyny troýalylardan halas etmek üçin 1000 gämini iberen patyşa baradaky waka. Ýöne harby nukdaýnazarly adam üçin söweş ýaýbaňlanmasy bolup, ol "'Troýaly Ýelena' atly operasiýasy" adyny aldy. Söweş ýaýbaňlanmalaryň hersine operatiw at berilýär. Mysal üçin, "Deňiz pişikleri-6" bölüminiň Usama ben Ladeniň düşelgesini ele salmak üçin geçiren operasiýasy "Neptunyň naýzasy" diýip atlandyrylypdy. Men "Öňe, Maýk", "Elwis Marşall" we "Santa Klaus" ýaly çeper atlary bolan operasiýalara gatnaşypdym.*

*Harby operasiýalara harby operatiw atlar berilýär. Bu olary saýgarmagy aňsatlaşdyrmak ýa-da operasiýanyň görnüşini, ony gurnalyşyna ýa-da geçirilmegine jogap berýänleri aýdyňlaşdyrmak maksady bilen edilýär. Reb maňa siziň troýaly Ýelena ýalydygyňyzy aýdanda, meni harby aňym muny şeýle teswirledi: Geri çopan "Troýaly Ýelena" operasiýasyny, ýagny azaşanlary, imandan düşenleri, maşgalasyny, puluny ýitirenleri halas etmek üçin 1000 gämini ibermek missiýasyny ýaýbaňlandyrýar.*

*Mundan başga-da, men 1000 gämini ibermeklik barada eşidenimde, men her biri üçin gerek bolan söweşijileriň, kömekçi işgärleriň sany, okuw, logistika we ýolbaşçylyk prosesleri barada pikir edýärin. Bu güýçlere ýolbaşçylyk etmäge we Hudaýyň Şalygynyň bu goşunyny ýaýbaňladyrmaga sizden ukyply adam ýok. Siz bizi şu pursata taýynlamak üçin ençeme ýyllary sarp etdiňiz. Men we meniň maşgalam Bedeniň beýleki agzalarynyň hem şu ýaýbaňlanma sabyrsyzlyk bilen garaşýandygyna ynanýarys.*

*Onuň hyzmatyndaky,*

*Aaron.*

Aaron “deňiz pişigi” bolmak bilen, harby goşunda 21 ýyl gulluk eden döwründe 9 söweş operasiýalaryna gatnaşypdyr. Onuň Haçyň düýpgöter özgerdiji güýji baradaky ajaýyp wakasy bar. Ol Rebbi maňa gämileri çagyrmaly diýip düýşümde aýdanlary barada hiç zat bilmeýärdi. Ýöne “bilim sözi” arkaly men dogry eşidendigime göz ýetirdim we bu maňa Hudaýyň maňa niýetlän ýoluna gadam basmagyma ýardam berdi. Biziň maksadymyz – Hudaýyň Şalygynyň Hoş habaryny paýlaşmak üçin bütin ýurt boýunça 1000 sany kiçi toparlary döretmek. Eger siz bu goşunyň bir bölegi bolmak isleýän bolsaňyz, meniň bilen Garykeesee.com. diýen saýtym arkaly habarlaşyp bilersiňiz.

Men siz asyl manysyna düşünensiňiz diýip pikir edýärin. Düýşler – bu Hudaýyň Öz halky bilen gürleşmek üçin ulanýan güýçli usuly; Ol olar arkaly gidilmeli ugry, strategiýany, duýduryşlary we tesellini aňladýar.

Şu baby tamamlamazymdan ozal, strategiýanyň ugruny kesgitlemek üçin Hudaýyň ulanýan ýene bir usulyny agzap geçesim gelýär· Bu usul – pygamberlik peşgeşi· Aaron meniň täze başlangyjym boýunça meýilleşdirenlerim babatda bilim sözüni aldy· Bilim sözi eşdilişi ýaly manyny – bilim sözüni aňladýar· Bu Hudaýyň Ruhunyň size berýän bilimi, siz ony öz-özüňizden bilip bilmeýärsiňiz. Bilim sözi Korintoslylara ýazylan hatyň 12-nji babynda Mukaddes Ruhuň dokuz peşgeşiniň biri hökmünde agzalýar. Men bu kitabymda size bu ruhy peşgeşler barada taglym

bermekçi däl, ýöne olaryň biri – pygamberlik sözi barada gürrüň beresim gelýär.

Şu peşgeşe nädogry düşünendikleri sebäpli köp adamlaryň öz durmuşlaryny zaýalany üçin, men bu peşgeşi agzap geçmegi wajyp hasaplaýaryn. Adamlar pygamberlik barada pikir edenlerinde, barmagyny olaryň ýüzüne çommaldyp: "Sen Afrika gitmeli" ýa-da "Sen çopan bolmaga çagyrlan" diýen ýaly zatlary aýdýan pygamberi göz öňüne getirýärler. Bu iki jümle-de hakyky pygamberligiň anyk beýany bolup bilýär, ýöne bütinleý nädogry-da bolup bilýär. Ähli zat siziň olary nähili okaýanlygyňyza bagly. Eger bu jümleler anyk gönükdirilen hökmünde teswirlense, olaryň ikisi-de nädogry bolar, ýöne eger tassyklama hökmünde teswirlense, dogry bolup bilýär. Pawlus pygamberligiň maksadyny şeýle düşündirýär:

> *"Pygamberlik edýän bolsa adamlara ýüzlenip, olara öwüt-nesihat berýär, goldaýar, teselli berýär" (1 Kor. 14:3).*

Bolany. Bu ýerde siziň pygamberlik arkaly ugry tapmalydygyňyz barada hiç zat aýdylmaýar. Ýöne adamlaryň aglaba bölegi pygamberlige hut şeýle düşünip, ol gidilmeli ugry aňladýar diýip hasaplaýarlar. Ýöne Pawlusyň aýdýanlaryna laýyklykda, pygamberlik ugry bermeýär, ol ony ýöne tassyklaýar. Düşünýäňizmi, siz göklerden doglan badyňyza, içiňizdäki Mukaddes Ruh size näme etmelidgiňizi aýdar. Isa Mesih üçin näme etmelidgiňizi size aýtmaga erkek ýa aýal gerek däl. Ýöne pygamberlik sözi siziň eýýäm bilýäniňizi tassyklap bilýär.

**PYGAMBERLIK EDÝÄN BOLSA ADAMLARA ÝÜZLENIP, OLARA ÖWÜT-NESIHAT BERÝÄR, GOLDAÝAR, TESELLI BERÝÄR.**

**– 1 KORINTOSLYLAR 14:3**

Mysal hökmünde ulanyp, "Siz Afrika gitmeli" diýen jümlämi alyp göreli. Eger Mukaddes Ruh size bu barada aýdyp, muny şeýle söz arkaly tassyklaýan bolsa, onuň munuň pygamberlik sözüniň hakyky mysaly bolup bilýändigini aýdypdym. Ýöne siz Afrika gitmegiň pikirini-de etmän, muny ilkinji gezek eşidýän bolsaňyz, bu täze äht ýygnagyndaky pygamberlik sözüniň hakyky mysaly bolup bilmez.

Käwagt adamlar akyla sygmajak zatlary aýdýarlar. Mesihiler ýanyma gelip: “Ýygnak wagty Hudaý maňa pajarlamalydygymy aýtdy” diýýärler. Gepiň tümmek ýeri – kimdir biriniň gelip, siziň pajarlajakdygyňyzy aýtmagy size gerek däl; muny bize Mukaddes Kitap aýdýar. Men mesihileriň ondan-oňa aýlanyp, adamlardan özleri üçin sözüň bolup-bolmazlygyny soraýyşlaryny görýärin. Siz kimdir biriniň söz aýtmagyna mätäç däl. Sizdäki Mukaddes Ruh siziň bilen gürleşer we, hawa, Hudaý size äkitmek üçin däl-de, ruhlandyrmak üçin pygamberlik sözüni berip bilýär.

Meniň durmuşymda munuň örän aýdyň mysaly Drenda bilen duşuşýan döwrümde bolupdy. Men Jorjiýa gidip, onuň maşgalasyndan oňa öýlenmäge rugsat soramagy niýetleýärdim. Şol ýerde men onuň ýygnagyna baryp görmegi hem meýilleşdirýärdim. Şol döwürde maňa maliýe hyzmatlary çäklerinde bir işi teklip edipdiler, men bolsa ony kabul edesim gelmeýärdi. Men 19 ýaşymda wagyz etmäge çagyrylypdym we Köne Äht ugrundan kolleji ýaňy-ýakynda tamamlapdym. Ýöne her nähili bolsa-da, men maliýe çäklerindäki işe razy bolmalydygymy duýýardym. Men näme etjegimi bilmän, aljyraýardym.

Ýekşenbe güni Drendanyň ýygnagynda bir nätanyş aýal (ýöne Drendanyň tanşy bolmaly) meniň ýanyma gelip, meniň üçin sözüň bardygyny mälim etdi. Ol şeýle diýdi: “Siz iş teklibine garaýarsyňyz. Bu işiň indiki 10 aspekti bar”. Şeýle diýdi-de, ol bu täze işimde nämä meşgullanjykdygymy anyk sanap çykdy. Ol: “Siz bu iş teklibini kabul etmeli, onda Reb bar” diýdi. Şol pursatda men muňa özüm ýykgyn bolýardym, ýöne munuň näme üçin şeýle bolýandygyna düşünmeýärdim. Bu aýalyň pygamberlik sözi maňa teselli we ruhlandyrma getirip, haýsy ugurdan gitmelidigimi tassyklady. Ýene gaýtalap aýdaýyn: sizdäki Mukaddes Ruh sizi äkider we siziň Maslahatçyňyz bolar.

## 11-nji bap

# MUKADDES RUH MENIŇ BAŞLYGYM KIMIN GÜRLEÝÄR

Meniň ýygnagym kiçikä, onda işe mätäç bir maşgala bardy. Olar ajaýyp maşgala bolmak bilen, elmydama ýygnaga kömek etmek isleýärdiler. Ýöne käwagt olaryň pul kynçylyklary bar ýaly bolup görünýärdi. Günleriň birinde maşgalabaşy ýene-de işsiz galansoň, men olara kömek edesim geldi. Şol döwürde men jaýymy gurýardym we tok işleriniň ählisini özüm edýärdim. Men maşgalabaşynyň tokdan başynyň çykýandygyny bilenimden soň, oňa biraz gazanç eder ýaly iş teklip etdim, sebäbi onuň maşgalasynyň azygy gutaryp barýardy. Ol gelip, özüne tabşyrylan elektromontaž işlerini diýseň oňat edip berdi.

Men muny ýatlamaýardym, ýöne takmynan bir aýdan şol ýigit maňa jaň etdi. Ol meniň üçin dileg etmäge birnäçe adam bolup ýygnanandygyny habar berdi. Men: “Näme barada?” diýip soradym. Ol ýygnakda käbir zatlary üýtgetmelidigini we olaryň özara maslahat eden sanawlarynda 10 punktuň bardygy aýtdy. Sanawda duran birinji sorag meniň öýüm baradady. Ol şeýle jaýy gurnup bilmegim üçin ýygnagyň maňa näçe töleýändigini gönüläp sorady. Men ýygnagyň ýeke köpük-de tölemäýändigini we ýygnakdan aýlyk almaýandygymy aýtdym. Şeýle sözlerden soň ara dymyşlyk düşdi. Soňra ol: “Ýygnak size aýlyk tölemeýärmi?” diýip sorady. “Hut şeýle”, — diýip jogap berdim. Ýene-de dymyşlyk boldy, soňra ol: “Tölese-hä gowy bolardy” diýdi. Şunlukda gürrüňimiz tamamlandy.

Men takmynan bir hepdeden kompaniýada boş iş ýeriň bardygyny

bildim we bu işiň ony gyzyklandyrmagy ahmal diýen pikire eýerip, muny oňa habar berdim. Ol baryp arzasyny berip, işe durupdyr. Şol döwürde onuň maşgalasyny öýden çykarjak bolýardylar. Şonuň üçin-de ol birinji iş hepdesinden soň ýygnaga gelip, işden çykýandygyny aýdan-da, üstüme sowuk suw guýlan ýaly boldum. “Sen işden çykýarmy? Näme üçin?” Ol anna güni her hepde geçirilýän ýygnakdan soň poly süpürmegi haýyş edendiklerini gürrüň berdi. Ol özüniň şobada işden çykyp, olara pol süpürmek üçin işe durmandygyny aýdyp, çykyp gaýdypdyr. Men gulagymyň eşidýänlerine ynanmajak boldum. Eger bu ýigit üstünlik gazanmakçy bolsa, oňa agyr synaglaryň garaşýandygyny bilýärdim. Bu ýigidiň aýalyna hemişe ýüregim awaýardy. Şol wakadan soň köp wagt geçmänkä, olar ýygnakdan çykyp gitdiler we men olara näme bolandygyny bilmeýärin. Emma men öz çaklamalarymda o diýen erbet-de däl. Onuň tekepbir garaýyşlaryna we işýakmazlygyna esaslanyp, onuň rezýumesinde işlän ýerleri barada köp ýazgylaryň boljakdygyny, köpüsiniň-de gysgawagtlaýyn boljakdygyny çaklap bilýärin. Onuň maddy hal-ýagdaýy öz güzeranyny zordan görmek derejesinde bolar. Maňa nädogry düşünmäň. Adamlar özgerýärler we onuň-da öz bähbidiniň hatyrasyna özgerendigine umyt edýärin. Ýöne onuň bilen iş salşan döwrümde-hä onuň nädogry ugra ýönelendigini anyk bilýärin. Ol Hudaýyň sesini inkär edýärdi.

“Hudaýyň sesi diýýäniňiz näme? “— diýip sorarsyňyz.

Eger siz ondan soran bolsaňyz, onuň-de şeýle jogap bererdigine ynanýaryn, sebäbi şol döwürde onuň bu barada hiç bir düşünjesi ýokdy. Ýöne ol Hudaýyň öwretmek we adamlary ykballaryna taýynlamak esasy usullarynyň birine – tabynlygy öwrenmeklige äsgermezçilik edýärdi. Men şu babyň adynyň size birhili görünýändigini bilýärin. Mukaddes Ruhuň meniň başlygyma nähili dahyly bar? Siz şu bapdan öz başlygyňyzyň siziň Mukaddes Ruhy eşitmek ukybyňyz bilen köp umumylygynyň bardygyny öwrenersiňiz!

Men şu wajyp mowzugy Mattanyň hoş habary bilen bilelikde derňäp başlaşym gelýär.

*Isa Kapernauma girende, bir ýüzbaşy Onuň ýanyna gelip: „Agam,*

*meniň hyzmatkärim öýde agyr ýatyr. Çekýän jebrinden ýaňa gozganyp-da bilenok“ diýip ýalbardy. Isa oňa: „Men baryp, ony sagaldaryn“ diýdi. Ýüzbaşy Isa şeýle jogap berdi: „Agam, Seniň öýüme gelmegiňe men mynasyp däl. Diňe birje söz aýtsaň bes, meniň hyzmatkärim sagalar.* ***Men hem buýruk astyndaky adamdyryn, ygtyýarymda esgerlerim bar. Birisine „Git“ diýsem gidýär, başgasyna „Gel“ diýsem gelýär. Hyzmatkärime „Şuny et!“ diýsem edýär“****. Isa bu sözleri eşidip haýran galdy. Ol yzyna düşüp gelýänlere: „Size dogrusyny aýdýaryn, Men hatda Ysraýylda hem şeýle imany bar adamy tapmadym“ diýdi.*

– Matta 8:5–10

Bu adam Isa Mesihiň onuň hyzmatkärini sagaldyp bilýändigine nädip şeýle aňsat ynandyka? Bu soraga onuň özi jogap berýär. “Men hem buýruk astyndaky adamdyryn, ygtyýarymda esgerlerim bar. Birisine „Git“ diýsem gidýär, başgasyna „Gel“ diýsem gelýär. Hyzmatkärime „Şuny et!“ diýsem edýär“. Sebäbi ol ygtyýarlygyň nähili işleýändigini bilýärdi. Ol özüniň buýruk astynda bolşy ýaly, adamlary-da onuň buýrugynyň astyndadylar. Ol öz başlygynyň sesiniň-de edil Sezaryň sesi ýaly ýaňlanýandygyny bilýärdi. Eger hakykaty aýtsak, onuň başlygynyň sesi aslynda Sezaryň sesi bolup durýardy. Şeýle-de ol öz sesiniň golastyndaky adamlary üçin Sezaryň sesi ýaly ýaňlanýandygyna düşünýärdi. Ygtyýarlyk hut şeýle işleýär. Ol buýruk astynda bolmagyň nämedigine düşünensoň, Isa Mesihiň bu ýagdaýy diňe sözi bilen gözegçilik astyna alyp bilýändigine düşündi. Bu Onuň bar etmeli zadydy. Eger Ol hyzmatkärine “et” diýse, ol şony-da edýärdi. Hemme zat şeýle aňsat. Siziň öwrenmeli hakykatyňyz, ine, şeýle:

**SIZ DIŇE YGTYÝARLYGA TABYN BOLANYŇYZDAN SOŇ, YGTYÝARLYGA BESLENIP BILÝÄNSIŇIZ!**

Eger iblis ygtyýarly adamlara bolan sylag-hormaty aradan aýryp, hemmeleri öz islän zadyny islän wagtynda edip bilýändiklerine ynandyryp bilse, dünýä bulam-bujarlyga we heläkçilige gaplanar. Ol: “Hudaý dogrudan-da şeýle diýdimi?” diýip, Erem bagynda How enäni hut şeýdip

azdyrypdy. Gulak goýuň: şu planetadaky her bir adam kimdir birine ýa-da birnäçe adama tabyndyr. Özüňiziň kime tabyndygyňyza aň ýetireniňizde, kime gulak asyp, kime gulak asmaly däldiginine düşünersiňiz. Ýöne häzirki wagtda hemmeler hiç kime tabyn bolmazdan ygtyýarly bolasy gelýär, bu bolsa mümkin däl.

**ÖZÜŇIZIŇ KIME TABYNDYGYŇYZA AŇ ÝETIRENIŇIZDE, KIME GULAK ASYP, KIME GULAK ASMALY DÄLDIGINE DÜŞÜNERSIŇIZ.**

Men ýaňy-ýakynda potratçylaryň biri bilen gürleşdim. Ol işgärleri üçin tölemeli salgydyny we ätiýaçlandyryş töleglerini tölemejek bolup, adamlary bilen nagt hasaplaşýandygyny gürrüň berdi. Ýöne men munuň nähili tamamlanjakdygyny eýýäm bilýärin. Günleriň birinde işgäri şikes alar, işe ýarawsyzlygy boýunça hemaýat puluna arza berer, soňra bolsa başlygynyň işgärlere öwez töleglerini tölemek baradaky hökmany meýilnamasyna laýyklykda oňa degişli tölegleri geçirmändigini biler we potratçysynyň üstünden kazyýete şikaýat eder, sebäbi kanun boýunça oňa zähmete ýarawsyzlyk tölegleri tölenilmelidir. Meniň ýygnagymdaky käbir potratçylar bilen hem edil şeýle ýagdaýlar boldy.

Men geçen hepde özüne çopanyň gerekmejekdigini aýdýan aýal bilen söhbetdeş boldum; ol Mukaddes Ruh bilen özüniň arasyndaky gatnaşyklaryň-da ýeterlikdigini aýtdy. Dogrudan-da? Onda näme, ol gowusy gidip, Isa Mesih bilen gürleşäýsin, sebäbi Efeslilere ýazylan hatyň 4-nji babynda Onuň hut Özi çopanlary belläp, ýerli ýygnaklary gurnady. Eger ol Isa Mesihe gulak asýan bolsa, onda Onuň bellän ygtyýaryna tabyn bolar. Ýöne mesele onuň Isa Mesihe gulak asman, özüçe hereket edesi gelýänliginde. Has dogrusy, ol şu sebäpli aldawyň duzagyna düşüp, kynçylyklara duçar bolar.

Men ýaňy-ýakynda bir satyjy bilen söhbetdeş boldum. Ol satuwlar boýunça öz kompaniýasyny açýar we bäsdeşlik etmezlik barada şertnama gol çekendigine garamazdan, ozalky kompaniýasyndan ähli müşderilerini özi bilen äkidýär. Bu adamlar şeýle hereketleri edip-de, işlerinde üstünlik gazanar öýdýärmikä? Bu barypýatan ogurlyk ahyryn!

Mukaddes Ruhuň edýän adatdan daşary, ajaýyp işlerini beýan eden beýleki baplarym bilen deňeşdirilende, siziň bu baby halamajakdygyňyzy bilýärin. Ýöne bu baba dogry düşünmeseňiz, beýleki zatlaryň baryny unudyp bilersiňiz, sebäbi Hudaý hut şeýle zatlary sylaglaýar.

Bir waka ýadyma düşýär, dileg ýygnagynda bir aýal ýanyma geldi we gözlerine ýaş aýlap , dileg wagty oňa näme üçin söz bermändigimi sorady. Men dilim tutulan ýaly boldy! Dilegi alyp barmaga hökman seni çagyrar ýaly näme uly iş edipmişiň? Diňe köpçüligiň ünsüni özüne çekmegi üçinmi?

Eger ol kimdir birine gulak asyp bilýän bolsa, men, elbetde, bir salymyň içinde oňa näme üçin söz bermänligimi aýdyp bilerdim. Bu aýal öz ýanýoldaşyny sylamaýardy we tükeniksiz oturylyşyklarda onuň ruhy ýetmezçiliklerini nygtaýardy. Şonuň üçin-de men ony çagyrmadym. Özüni takwa aýal saýýandygyna garamazdan, onuň şeýle kabul edilmeýänligi üçin gözüne ýaş aýlap gelmeginiň özi-de, tutuş topar bilen deňeşdirilende, onuň hiç kimi sylamaýandygyny görkezip, onuň howpludygyny aňladýardy.

Sizden şuny soramaga ygtyýar ediň: siz isleýän ýeriňize, arzuwlaryňyzyň ymtylýan ýerine gider ýaly gerek häsiýetlere eýemi? Eger men siziň çopanyňyzdan ýa-da başlygyňyzdan onuň siz baradaky pikirini sorasam, ol näme diýerdi? Görýäňizmi, tabynlyk synagyndan geçmezden, ygtyýarlygy alyp bolmaýar. Muny men däl-de, Isa Mesih aýdypdy.

> *Az zatda ynamdar bolan köp zatda hem ynamdardyr, az zatda ynamdar bolmadyk köp zatda-da ynamdar bolup bilmez. Şeýlelikde, dünýäniň baýlygynda ynamdar bolmasaňyz, size çyn baýlygy kim ynanar? Başga biriniň emlägi babatda ynamdar bolmasaňyz, öz emlägiňizi size kim berer?*
>
> – Luka 16:10–12

**Size ygtyýarlygy ynanyp bolarmy? Munuň jogaby – siziň tabynlygyňyzda.**

Geliň, Mukaddes Kitapda beýan edilýän wakalaryň birine garap geçeliň. Ol siziň durmuşdaky üstünligiňize düýpli täsir edip bilýär.

*Üç müň söweş arabaly, alty müň söweş arabaly esgerleri we sansyz-sajaksyz goşun bolup, Ysraýyl bilen uruşmak üçin, piliştliler başlaryny jemlediler. Beýtaweniň gündogaryndaky Mikmaşa baryp, olar ol ýerde özlerine harby düşelge gurdular. Ysraýyllar çykgynsyz ýagdaýa düşendiklerini görenlerinde (çünki olaryň goşunlary gowy gysaja salnypdy), olaryň käsi gowaklarda, çukurlarda, gaýalarda, mazarlarda we gurruk guýularda gizlendiler. Birnäçe ýewreý bolsa Iordan derýasyndan geçip, Gat hem-de Gilgat topragyna aralaşdy.*

*Şawul heniz Gilgaldady we onuň ýanyndaky goşun gorkudan ýaňa sandyraşýardy. Şamuweliň bellän möhletine görä, Şawul ýedi gün garaşdy, emma Şamuwel Gilgala gelmedi. Şawulyň ýanyndaky halk ondan çetleşip başlady. Şonda Şawul halka: "Ýakma we salamatlyk gurbanlygy üçin mal getiriň" diýdi. Şeýdip, ol ýakma gurbanlygyny berdi.*

– 1 Şamuwel 13:5–9

*Şamuwel Şawula şeýle diýdi: "Akmaklyk etdiň, öz Hudaýyň Rebbiň emrini tutmadyň. Reb seniň Ysraýylyň üstünden edýän şalygyňy ömürlik ebedileşdirjekdi. Ýöne, ine, indi seniň şalygyň dowam etmez. **Reb Öz göwnünden turýan birini tapyp, ony Öz halkyna hökümdar bellär**. Çünki sen Rebbiň emrini tutmadyň".*

– 1 Şamuwel 13:13, 14

Şawul ýaramly bolmady, sebäbi ol ygtyýarlyga tabyn bolmady. Şunlukda, biz ýene-de şuny görýäris: eger siz ygtyýarlyga tabyn bolup bilmeýän bolsaňyz, oňa eýe-de bolup bilmeýärsiňiz. Siziň ünsüňizi örän wajyp bir ýagdaýa çekeýin. Reb Öz göwnünden turýan birini tapmakçydy. "Öz göwnüne görä" diýmeklik näme aňladýar?

*Hudaý Şawuly tagtdan düşürenden soň bolsa, olara Dawudy patyşa etdi we ol hakda şaýatlyk edip: „Göwnümden turýan bir*

*adamy, Ýyşaýyň ogly Dawudy tapdym.* ***Ol Meniň ähli islegimi berjaý eder****“ diýdi.*

– Resullaryň işleri 13:22

Hudaý “Öz göwnünden turýan adamy” nädip kesgitleýär? Aslynda, bu Hudaýyň ýigrenýän zadyny ýigrenip, Onuň halaýan zadyny halaýan adam bolýar. Ol Hudaýyň edäýjek işini etjek adam. Başga sözler bilen aýdylanda, eger Hudaý günäni ýigrenýän bolsa, olar hem günäni ýigrenýärler. Eger Hudaý haýsydyr bir zadyň edilmegini isleýän bolsa, olar hem onuň edilmegini isleýärler. Biz öz dünýämizde Hudaýyň göwnünden turýan adam diýip ruhy taýdan zehinli bolan adamy hasaplaýarys. Biz sežde wagty çalýan ýuwaş sazymyzy ruhulyk hasaplaýarys. Ýöne Hudaý welin tabynlygyň ruhy sežde bolup durýandygyny aýdyň aýdýar.

*Şamuwel şeýle diýdi: “Rebbe ýakma gurbanlyklardyr sadakalar bereniň bilen, Onuň Özüne boýun egilişindäki ýaly göwni galkynarmyka? Çünki* ***boýun egmeklik gurbanlykdan, gulak asmaklyk goçuň ýagyndan has belentdir****. Çünki topalaň palçylyga barabar günädir. Tekepbirlik şere we butparazçylyga barabardyr. Rebbiň sözüni ret edendigiň üçin Reb hem seniň patyşa bolmaklygyňy ret etdi”.*

– 1 Şamuwel 15:22, 23

Şunlukda, ýene bir gezek gaýtalaýyn: Hudaýyň sesi başlygyňyzyň sesi ýaly ýaňlanýar! Hudaý siziň adyňyzy heniz hiç kim bilmeýärkä, siziň ygtyýarlyga seslenişiňizi barlaýar. Adamlaryň köpüsi munuň nähili bolýandygyna düşünmeýärler. Olar özleriniň ýarym günlük ýönekeý işini möhüm hasaplamaýarlar; onda ähmiýetli hiç zat ýok diýip pikir edýärler. Ýöne olaryň bilmeýän zady – olar özlerini subýektiw tabynlyga öwrenişdirýärler; olar öz isleglerinden we maksatlaryndan ugur alyp, haýsydyr

**ŞUNLUKDA, ÝENE BIR GEZEK GAÝTALAÝYN: HUDAÝYŇ SESI BAŞLYGYŇYZYŇ SESI ÝALY ÝAŇLANÝAR!**

biz zadyň tabyn bolmaklyga mynasyp bolup-bolmazlygyny görmek üçin, öz şahsy standartlaryna görä netije çykarmaga öwrenişýärler. Adamlara ynamy ödemäge, goşmaça bir işi almaga ylalaşan purstalarynda, bu işe hususy işi kimin garap, halal işlemegi öwretmeýärler. Olaryň aglaba bölegi zatlara başgaça garaýarlar. Olar öz öňlerinde has gerimleýin maksatlary goýýarlar. Olar muňa goşmaça girdeji berjek goşmaça bir iş hökmünde garaýarlar. Bu nädogry!

Ähmiýetsiz iş diýlen düşünje ýok. Kiçi ýumuşlar bolmaýar. Dawudyň kiçi, ähmiýetsiz işi bardy – ol goýun bakýardy. Ýöne bu iş onuň üçin ähmiýetsiz iş däldi; ol bu goýunlary goramak üçin öz janyny azyndan iki gezek howp astyna salypdy. Başga söz bilen aýdylanda, Ol özüne bildirilen ynama örän çynlakaý garaýardy. Onuň kimdigini hiç kim bilmese-de, Hudaý bilýärdi! Hudaý wagtyň islendik pursadynda onuň nirededigini bilýärdi.

Hudaý siziň-de nirededigiňizi bilýär we Ol siziň ygtyýarlyga nähili garaýandygyňyzy hem bilýär. Eger siz görýän adamyňyza tabyn bolmagy başarmaýan bolsaňyz, onda görmeýän Hudaýyňyza-da tabyn bolmarsyňyz. Meniň görýän adamlarymyň köpüsi başga biriniň eklenjinde bolmak pikirine, pida psihologiýasyna eýerýär: hemişe kimdir başga biri günäkär. Olar hemişe başlygyny, hökümeti günäkärleýärler, diňe güzeranlaryny dolandyrar ýaly derejede işleýärler we diňe mejbury ýagdaýda işleýärler. Olaryň aňy ýerine ýetirijileriň aňydyr, olar özleri pikir etmeýärler, olara näme etmelidigini aýdyp durmaly. Ençeme ýyl dowam eden gulçulygyň zynjyrlaryny taşlan Ysraýylyň ogullary bilen-de şeýle bolupdy. Olar azat edilendigine garaman, gullar ýaly pikirlenmegi dowam edýärdiler. Olar wada berlen topragyň äpet ilatyna duşan bolsalar, olaryň gul aňy olaryň heläklärdi. Olar şol ýere ýetmänkäler, Hudaý olary üstünlige taýynlamalydy. Şonuň üiçn-de, siz şol topraga ýetmänkäňiz, Ol sizi hem taýynlamaly bolar. Meniň aýdýan topragym – bu siziň ykbalyňyz. Şunlukda, Ol olara öwretdimikä?

> *Ol sizi Özüne boýun egdirip aç goýdy we siziň hem, ata-babalaryňyzyň hem görmedik iýmiti bolan manna1 bilen sizi*

*naharlady. Ol muny ynsanyň diňe çörek bilen ýaşaman, eýsem, Rebbiň agzyndan çykýan her bir sözi bilen hem ýaşap biljekdigine düşünsin diýip etdi.*

– Kanun taglymaty 8:3

***Sizi Özüne boýun egdirmek üçin synaga salyp, iň soňunda size ýagşylyk etmek üçin,*** *çölde ata-babalaryňyzyň görmedik iýmiti bolan manna bilen sizi diňe Ol naharlady.*

– Kanun taglymaty 8:16

Hudaý olary boýun egdirdi, ýagny kemter, kömege mätäç adamlar etdi. Olar özlerine däl-de, Hudaýa bil baglamagy öwrenmelidiler. Olara öňde azyk tapmakdan has çynlakaý wakalar garaşýardy. Öňde äpet adamlar we galalar bardy; eger olar Hudaýyň öz meslelerinden has uludygyny görmedik bolsalar, bu adamlar we galalar olary gorkuzardylar.

Mundan başga-da, olar dogry çözgüdi özbaşdak we meýletin kabul etmegi öwrenmelidi. Men häzirki wagtda ene-atalaryň öz çagalary babatda goýberýän ýalňyşlaryny görýärin, olar çagalarynyň ýüregine däl-de, olaryň düzgün-tertibine üns berýärler. Olar çagasyna öz otagyny tertipleşdirmegi buýurýarlar, ol bolsa muňa boýun bolup, gapyny şarkyldadyp ýapýar-da, tabşyrylan zady mejbury edýär. Ene-atalar öz çagaryna dost bolasy gelýär we ýygnalan otagy görenlerinde, çagasyny öwýärler. Nädogry. Çaga ýüreginden däl-de, daşyndan tabyn boldy. Tabynlyk – bu ýüregiň funksiýasy. Günleriň birinde dogry çözgüdi saýlatmak üçin ene-ata ýanynda bolmaz. Ene-ata öz hossarlygyny bes edende, çaga öz isleýşine görä hereket etmäge erkin bolar. Şonda onuň ýüregindäki zatlaryň üsti açylar. Hut şonda ene-atalaryň köpüsi çagalarynyň ýaramaz ýagdaýlara düşýändigini görüp, aljyraýarlar we kiçijek Jonniniň hemişe oňat çaga bolandygyny aýdýarlar; olar çagalary kolleje girende ýa-da özbaşdak ýaşap başlanda edýän hereketlerini görüp, haýran galýarlar.

Mukaddes Kitap ysraýylyň ahyrda abadan ýaşamagy üçin, Hudaýyň ony synamagy meýilleşdirendigi barada aýdýar. Biz hem hut şunuň

gürrüňini edýändiris. Çagasynyň göwnüni tapmakçy bolýan ene-atadan tapawutlylykda, Hudaý çaganyň uzakwagtlaýyn abadançylygy barada alada edýär. Ol kiçiräk ýürek näsazlyklaryny düzedip, olaryň dowamly görnüşe geçmeginiň öňüni alýar. Hudaýyň ysraýyllary synamakçy bolandygy barada aýdylanda, hut şu ýagdaý göz öňüne tutulýar. Tabyn bolmaly ýagdaýlarda olaryň ýürekleriniň garaýşynyň ýüze çykyşyna görä, Hudaý olary düzedip biler.

Her bir adam tabynlyk synagyndan geçmelidir! Häzirki günde, geçilmeli çölüň bolmadyk ýagdaýynda, Hudaý bize nirede öwredýär? Tabynlygy öwreniň, indiki derejäni almaga hakly bolarymyz ýaly, Onuň sesini niderede eşidip bileris? Hudaýyň Şawula aýdanlary ýadyňyzdamy? Gulak asmaklyk gurbanlyk bermekden has gowudyr. Ýygnakda sežde etmeklik öňegidişlik üçin esas bolup bilmeýär. Hudaý bize ygtyýarlygy ynanyp bilermi? Bu nireden başlanýar? Öýden.

> *Eý, çagalar, Rebbiň hatyrasy üçin ene-ataňyzyň sözüne gulak asyň, sebäbi bu dogrudyr. “Ene-ataňa hormat goý, şonda ýagşylyk görüp, ýer ýüzünde ömrüň uzak bolar” — bu Hudaýyň wada bilen beren ilkinji buýrugydyr.*
>
> – Efesliler 6:1–3

Ene-ata gulak asmaklyk näme üçin uzak ömre we üstünlige ýetirýär? Hudaý eýsem size gulak asýanlygyňyz üçin utuklar berýärmi? Ýok, ýöne siziň durmuşyňyza ygtyýara bolan ene-ataýňyzy sylap-hormatlamagy öwrenseňiz, Hudaýy hem sylap-hormatlarsyňyz. Eger siz durmuşyňyzda Hudaýyň ygtyýarlygyn sylasaňyz, ahli zadyňyz gülala-güllük bolar. Şonuň üçin-de, siz ýaş we ene-ataňyzyňyň hossarlygynda bolan wagtyňyz olaryň sesi Hudaýyňky ýaly ýaňlanýandygyny aýdýaryn.

Hudaýyň ygtyýarlygy öwredýän ikinji ýeri – jemgyýetde ygtyýarlyga tabyn bolmak. Siziň başlygyňyz, çopanyňyz, polisiýa işgäri we hökümet – bularyň bary ygtyýarlygyň mysaly bolup, Hudaý bizi olara tabyn bolmagy öwredýär.

Biziň ýygnagymyza gatnaşan bir maşgala ýadyma düşýär. Olar öz

ýagdaýlary barada hemişe zeýrenýärdiler. Olar öýlerinden mahrum bolmagyň bäri ýanyndady we ony bolmalysy ýaly derejä ýetirip, bergileri zerarly batmazlygy üçin 10 000 dollara mätäçdi. Olar ýygnakda öz wakalaryny, belki, onlarça adamlara gürrüň berdiler. Ahyrda bir maşgala olara kömek edip, 10 000 dollary berdi.  Ýöne birnäçe aý geçenden soň olar ilkibaşdaky ýagdaýa gelip, öýlerini barybir ýitirdiler. Men dörän ýagdaý barada bu jübüt bilen gürleşdim, olaryň ikisi-de işsizdi. Men oňat bir iş tapylýança, islendik işe girmegi teklip etdim. Olar şäherdäki restoranlaryň birinde işläp bilýärdiler, ýöne olar beýle işiň olara bolmaýandygyny aýtdylar. Meniň pikirimçe, olaryň kynçylyklary  maliýe meselesi sebäpli däl-de, ygtyýarlyga we jogapkärçilige bolan garaýyşlary sebäpli döreýärdi. Olar haýsydyr bir sebäbe görä öz durmuşlary üçin jogapkärçilik çekýändigini we bu meseleleri çözmek üçin elinden geleni etmelidigine düşünmeýärdiler.

Meniň dostum Rik Renner kimdir birini işe almazdan ozal ondan öz ulagyny görkezmegi soraýandygyny, käwagt bolsa onuň öýüne duýdansyz barýandygyny aýdýar . Ol eger kimdir biri öz ulagyna seretmeýän bolsa, onuň öz zatlaryny-da tertipli saklamajakdygyny bilýär. Şonuň üçin-de, bu adamyň iş ýeriniň onuň ulagyna meňzäp başlamagy wagt meselesi bolup durýar.

Men öz synag döwrümi çola ýerde geçipdim. Hudaýyň mende ygtyýarlyga geleňsiz garaýşyň döremegine ýol bermändigine diýseň begenýärin. Ol meni ýerine ýetirmeli tabşyrygyma taýynlamak üçin, meni tabyn edýärdi we synaýardy.

Fermer jaýjagazynda ýaşan döwrümizde mätäçlik çekişim ýadyma düşýär. Meniň bagtyma, men iri maýa goýumy barada şertleşik baglaşdym. Bu şertleşigiň esasynda men hemişe gijikdirip tölemeli bolýan töleglerimi töläp biljekdim. Ýöne çek wagtynda gelmänsoň, meniň esasy bolmadyk bankymda hasap açyp, esasy hasabymy basyrmazdan ondan çek ýazyp almak baradaky pikir kelläme geldi. Men çek ertesi gün gelende täze bankda üpjün edilmedik çegiň tölegini ýapmak üçin depozite pul goýup ýetişerin diýip umyt edýäridm. Ýöne çek tutuş iki hepde gelmedi! Men her gün üpjün edilmedik çekleriň ýene biri gelmezinden öň öz banklarymyzyň

birinde üsti basyrylmaýan çegi ýazyp alýardym. Bu iki hepdäniň dowamynda işledi we çeksiz puluň mukdary eýýäm 2000 dollardan geçdi, sebäbi men azyk önümlerini satyn almaly bolýardym. Şol wagtyň dowamynda bergimiň mukdary gitdigiçe artýardy.

Hemme zat bankyň dolandyryjysynyň jaň eden güni tamamlandy. Onuň ilkinji sözleri şeýle boldy: “Jenap Kisi, men siziň edýänleriňizi bilýärin we men hasabyňyzy ýapýaryn. Siz bu hasabyň öwezini dolmak üçin pul getirmeli we biziň bankymyzda gaýdyp hasap açyp bilmersiňiz”. Men tutuldym! Şu ýagdaýda iň erbedi – Mukaddes Ýazgynyň aýatlary ýazylan çekleri ulanýardym we bankyň dolandyryjysyna Hudaýyň nähili beýikdigine şaýatlyk edýärdim· Hudaýa şükür, çek hut şol günüň özünde geldi we men ony banka äkidip, bergilerimi töledim· Ýöne men bankyň dolandyryjysynyň iş otagyna girip, öňünde ötünç soramaly boldum we bolan zatlaryň günäsini Hudaýa ýüklemezligini haýyş etdim, sebäbi bularyň bary meniň elimiň işidi we akmaklykdy.

Telekeçiligimiň ilkinji ýyllarynda men tälimi sebitimiziň wise-prezidentinden alýardym. Ol meniň satuw kagyzlarymy gözden geçirende, blanklaryň birine gol çekilmän galandygyny ýüze çykardy. Ol şeýle diýdi: “Mesele däl, ýöne muny günüň ýagtysyna çykar-da, goluň çekilmedik ýerine nusga görä goluň üstünden aýlap goýber. Olar barybir bu harydy almakçy we beýleki blanklaryň ählisine eýýäm gol çekdiler”. Men onuň aýdyşy ýaly etdim. Ýöne takmynan bir aýdan müşderimiň aklawçysy jaň edip, meniň üstümden kazyýete arz-şikaýat edendigini we nagt puly almak üçin onuň bank kagyzyna goluny galplaşdyryp çekendigim üçin 10 000 dollar öwez tölegini talap edýändini habar berdi. Soňra puluň mukdary 5000 dollara çenli kemeldildi, sebäbi sebitimiziň wise-prezidenti munuň üçin belli bir derejede jogapkärdi we işden çykaryldy.

Ýöne ýeke gezek edilen iş bütin ömrüme sapak boldy! Meniň täze wekillerimiň biri ätiýaçlandyryş boýunça synag tabşyrmalydy, ýöne onuň okuw materiallaryny satyn almaga puly ýokdy· Şonuň üçin-de men onuň üçin şolaryň nusgasyny göçürip berdim· Ol synag tabşyran ýerinde şol kagyzlary goýup gaýdypdyr we maňa aklawçy jaň edip, awtorlyk hukugyny bozanlygym üçin meniň üstümden arz-şikýat etdi. Şol döwürde men

salgyt gullugynyň jaýyna barýan ýoly elimiň bäş barmagy ýaly bilýärdim. Men hemişe gijikdirilen salgyt tölegleri we jerimeleri bilen iş salyşmaly bolýardym. Şindi men bularyň baryny garyşyk duýgulary bilen ýatlaýaryn. Hudaý meni jogapkärçilikli bolmaga çagyrýardy, tälim berýärdi. Ol meniň günleriň birinde millionlarça dollar bilen iş salyşjakdygymy bilýärdi we Ol jezasyz galdyrylmagyma ýol bermez. Munuň üçin Hudaýa şükürler bolsun!

Men Hudaýyň men öňe sürýändigini bilmeli boldum we Ol diňe netijelilik çäklerindäki öňegidişlige meşgul däl. Şeýle-de meniň näderejede tutanýerlidigimi barlamaly bolupdy. Hut şu sebäpdenem, men Hudaýyň siziň başlygyňyza meňzeýändigini aýdýaryn. Siziň başlygyňyz – bu sizi indiki ýumşa taýynlamak we tabyn bolmaga mejbur etmek üçin Hudaýyň ulanýan guralydyr. Siz bu synagdan geçip bilersiňizmi?

> *Çünki ýeňiş ne gündogardan, ne günbatardan, ne-de çöldendir. Kazylyk edýän diňe Hudaýdyr, birini peseldip, birini beýgeldýän Oldur.*
>
> – Zebur 74:6, 7

> *Adam terbiýe alanda şatlanmaýar, gaýtam, agyry çekýär. Emma şeýle terbiýe alandan soňra, ol dogrulykda we parahatlykda ýaşaýandyr.*
>
> – Ýewreýler 12:11

> *Eý, gullar, ýerdäki hojaýynyňyzyň sözüne edil Mesihiň sözüne gulak asýan ýaly,* ***gorky we titreme bilen çyn ýürekden gulak asyň.*** *Muny diňe olaryň öňünde merhemet gazanmak üçin däl-de, eýsem Mesihiň guly hökmünde Hudaýyň yradasyny ak ýürekden ýerine ýetirmek üçin ediň. Adamlara däl-de, Rebbe hyzmat edýän kimin* ***tüýs ýürekden hyzmat ediň.*** *Çünki isle gul bolsun, isle azat, her kimiň öz eden ýagşylygynyň öwezini Rebden aljakdygyny siz bilýänsiňiz. Eý, hojaýynlar, siz hem gullaryňyza edil şu tärde*

*serediň, olary gorka salmaň, sebäbi olaryň hem, siziň hem gökde Hojaýynyňyzyň birdigini bilýänsiňiz. Ol hiç kime tarapgöýlik etmeýär.*

– Efesliler 6:5–9

Sylag-hormat we galpyldy bilen gulak asmak! Siz öz başlygyňyza hut şeýle garamalysyňyz. Pawlus siziň öz başlygyňyza gulak asyşyňyzy Hudaýyň yradasyny berjaý edeniňize deňeýär. Geň galýaňyzmy? Men-de geň galypdym!

Şunlukda, Hudaýyň sesi nämä meňzeýär? Siziň başlygyňyzyň sesine!

## BU SYNAG!

Şu derňewi tamamlamak bilen, siziň ylhamlanyp, ruhlanandygyňyza ynanýaryn· Mukaddes Ruh – durmuşdaky ajaýyp Hyzmatdyşymyzdyr, Ol bizi asla ýeke goýmajakdygyny we taşlamajakdygyny wada etdi· Şu bahasyna ýetip bolmajak hakykaty siziň bilen paýlaşmak meniň üçin uly mertebedir.

– Geri Kisi

Bergilerden çykmak we howpsuz maýa goýumlaryny etmek meseleleri boýunça goşmaça maglumatlary almak üçin, meniň Forward Financial Group kompaniýam bilen 1-(800)-815–0818 telefon belgisi boýunça habarlaşyp bilersiňiz.

Hudaýyň Şalygy barada goşmaça maglumatlary almak üiçn, FaithLifeNow.com. saýtymyza girip bilersiňiz.

“Iman durmuşy” ýygnagy barada maglumatlary FaithLifeChurch. org. saýtyndan alyp bilersiňiz.

12-nji bap

# DILEGI NÄDIP ETMELI WE MUKADDES RUHA NÄDIP ÇÜMDÜRILMELI

Biziň Hudaýdan alýan zatlarymyzyň baryny biz Onuň bize aýdýanlaryna ynanyp alýarys we bu peşgeşi Hudaýdan almaklyk hiç tapawutlanmaýar. Almak üçin dileg etmezden ozal, şu Mukaddes Ýazgydan şu kitapda mysal getirilen parçalary öwreniň we munuň Hudaýyň siz babatdaky yradasydygyna göz ýetiriň. Bu parçalary tä öz soraglaryňyza jogap alýançaňyz öwreniň. Mukaddes Ruha çümdürilmäniň siziň üçin niýetlenendigine göz ýetiren badyňyza, şu dilegi okaň:

> **“Eý, Atam, men** *şu* **gün Seniň gudratly Ruhuňa** *çümdürilmäni* **dileýärin. Men muny ŞU WAGT, Seniň Sözüňe laýyklykda Ruhda dileg etmek etmek ukyby bilen kabul edýärin. Men muny Isa Mesihiň ady bilen Seniň** *şöhratyňyň* **hatyrasyna dileýärin! Omyn”.**

Dileg wagty haýsydyr bir duýgulary agtarmak gerek däl, siz ýöne dileg edeniňizde aljakdygyňyza ynanyp, Hudaýyň Sözünde berk duruň. Dileg edip kabul edeniňizden soň Hudaýa öwgüler aýdyp başlaň we wada berşi ýaly, sizi Öz Ruhy bilen mesh edendigi üçin Oňa şükürler aýdyň.

Dileg edeniňizde, alandygyňyzy subut edýän hereketleri görkezeniňizde däl-de, dileg eden wagtyňyz alýandygyňyza düşünýändigiňize göz ýetiriň. Siziň subutnamaňyz – Hudaýyň Sözi.

> *Hudaýdan soran her bir zadyňyzy eýýäm alandygyňyza ynanyň, ol size berler.* (Mark 11:24b).

Hudaýyň Ruhunyň siziň dileg diliňizde Özüni erkin aýan edip bileri ýaly, dileg edip bolanyňyzdan soň Rebbe sežde eder ýaly hökman wagt belläň. Hudaý siziň dodaklyryňyzy gymaldamaga mejbur etmez! Siz nämälim dillerde dileg etmeklige açyk bolmalysyňyz. Adamlara dileg edenlerinde ýa-da Hudaýyň ruhuny duýanlarynda adatça gymyldyny ýa-da içinden gysylmany duýýarlar.

Seždäňizi dowam edip, özüňizi Hudaýyň Ruhuna tabşyryň· Siz ruhuňyzdan çykýan dürli sesleri we bogunlary duýup başlarsyňyz· Siz bu seslere iman bilen berilmelisiňiz· Şeýle etdigiňiz saýy, Hudaýyň Ruhunyň akymy we boşanmasy barha artar.

Eger siz hasydyr bir sebäbe görä nämälim dillerde bada-bat dileg edip başlamasaňyz, muny gaýgy etmäň. Siz imana görä aldyňyz, şonuň üçin-de Hudaýa Onuň mesh etmesi üçin şükürler ediberiň. Men ýygnakda Mukaddes Ruha çümdürilme dilegini edip, öýlerine gaýdan wagty ýolda, ertesi gün suwa düşünip durkalar, birnäçe gün geçenden soň gazonlaryndaky oty orup ýörkäler Ruhda dileg edip başlan adamlary gördüm· Esasy zat – duýgulara görä däl-de, imana görä kabul etmeli.

Ruhda dileg etmekligi gündeki durmuşyňyzyň bir bölegi ediň we güýçli dileg etmek endigini ösdüriň. Hudaý siziň bilen gürleşer we ähli soraglaryňyza jogap berer! Men Ruhda dileg etmäge wagt tapyp, Hudaýyň Şalygynyň berýän aýratynlyklaryndan (siz olara eýýäm eýe) lezzet aljakdygyňyza ynanýaryn!

# BELLIKLER


1. Jared Dublin “Tussagda oturan muşdak ‘Pekers’ toparyna garşy oýunda Dez Braýtyň tutan topuny hasaba almakdan boýun gaçyrandygy üçin MFL-den 88 milliardlyk öwez puluny talap edip, oňa garşy kazyýete arz-şikaýatyny berdi. 2015-nji ýylyň 23-nji ýanwar aýy., https://www.cbssports.com/nfl/news/jailed-fansuing-nfl-for-88-billion-over-dez-bryant-non-catch-vs-packers/.

2. http://www.dictionary.reference.com/browse/Edified?s=t.

3. Lin Edwards, “Psihologlar bäbekleriň hatda altyk aýlyk döwründe hem ýagşyny ýamandan saýgaryp bilýändigini ykrar edýärler” 10-njy maý 2010ý., https://medicalxpress.com/news/2010-05-psychologists-babieswrong-months.html.

## Geri Kisiniň “Seniň maliýe rewolýusiýaň” atly toplumyndaky beýleki kitaplary

Ylalaşygyň güýji

Rahatlygyň güýji

Üpjünçiligiň güýji

Jomartlygyň güýji

Ene diliňdäki okuw toplumlaryny has
köp we mugt indirmek üçin
**FLNFree.com** saýtyna giriň!

Öz ene diliňizdäki okuw toplumlaryny has köp we MUGT
indiresiňiz gelýärmi? **FLNFree.com** saýtyna giriň.

# SENIŇ MALIÝE REWOLÝUSIÝAŇ

## Strategiýanyň güýji

Durmuş wajyp çözgütlerden doly.

*Haýsy jaýy satyn almalydygyny, kime durmuşa çykmalydygyny ýa-da nähili işe durmalydygyny nädip bilmeli?*

Eger siz üstünlik gazanmak isleýän bolsaňyz, size strategiýa gerek. Ýöne ähli soraglara jogabyňyz bolmasa, strategiýany nädip işläp düzmeli?

Hudaýyň syrlary sizden däl-de, siziň üçin gizlenendir.

**Hudaý size gerek jogaplaryň sizde bolmagyny isleýär; hut şu sebäpdenem Ol size gizlin ýaragy berdi!**

"Seniň maliýe rewolýusiýaň" atly toplumynyň üçünji kitabynda Geri Kisi öz üstünliginiň iň wajyp bölegininiň birini we Hudaýyň Şalygynyň IŇ WAJYP syryny – strategiýanyň güýjini açýar! Tory haýsy ýere oklamalydygyny bilýän islendik adam balygy tutup bilýär. Size gerek jogaplar Hudaýda bar, ýöne siz bu jogaplary nädip eşitmelidigine we olary öz durmuşyňyzda nädip ulanmalydygyna düşünmelisiňiz. Şu kitap hut şol barada.

Şu gyzykly syýahata Geri bilen ugraň-da, *strategiýanyň güýjüni* öz durmuşyňyza nädip ornaşdyrmalydygyny biliň!



GERI KISI – awtor, spiker, telekeçi, maliýe hünärmeni we çopan. Ol adamlara durmuşda, aýratyn-da iman, maşgala we maliýe çäklerinde ýeňmäge kömek edýär. Geri we onuň aýaly Drenda üstünlikli kompaniýalaryň birnäçesini döretdiler we "Iman durmuşy şindi" atly hyzmatyň düýbüni tutdular. Bu hyzmat "Pul meselesiniň çözgüdi" we "Drenda" atly iki telegepleşigi ýaýlyma çykarýar, bütin dünýä boýunça konferensiýalary geçirýär we amaly resurslary teklip edýär. Geri bilen Drenda – Ogaýo ştatyndaky Kolumbus şäheriniň golaýynda ýerleşýän "Iman durmuşy" atly ýygnagyň çopanlary.

GKM GARY KEESEE MINISTRIES

garykeesee.com